**A. Gulbaýew, G. Gulbaýew**

# ÖZÜŇI ALYP BARMAGYŇ MEDENIÝETI

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň XI synpy
üçin synag okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2014

UOK
G

**Gulbaýew A., Gulbaýew G.**
G **Özüňi alyp barmagyň medeniýeti.** Umumy orta bilim berýän mekdepleriň XI synpy üçin synag okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.

TDKP № , 2014 KBK

© A. Gulbaýew, G. Gulbaýew, 2014.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*– Täze eýýamda bize iň zehinli, örän ýiti, ahlak taýdan arassa hem sagdyn nesil gerek. Olar garaşsyz Diýarymyzyň geljegidir, ertir berkarar Türkmenistany dolandyrmaly we has-da ösdürmeli adamlardyr.*

# GIRIŞ

Biz ene-atalarymyzyň, ýaşulularyň, mugallymlaryň, ýazyjy-şahyrlaryň dilinden häli-şindi **edep** sözüni köp eşidýäris. Eýsem, edep näme? Edep araplaryň «*adab*» diýen sözünden bolup, ol *tertip-düzgün, utanç-haýa, ahlak* diýmekdir. Adamlar edebe daşymyzy gurşap alan tebigata, jemgyýete we birek-birege bolan gatnaşyklaryň kadalary hökmünde garaýarlar. Adamyň şahsyýetine baha berlende, ilkinji nobatda, onuň edebi, tertibi, görüm-göreldesi nazara alynýar. Edep sözi bilen birlikde **etiket** sözi hem ugurdaş ulanylýar. Ol fransuz sözi bolup, jemgyýetde, durmuşda özüňi alyp barmagyň edep-kadalaryny aňladýar. Fransuz koroly Lýudowik XIV-iň köşgünde geçirilýän kabul edişliklerde myhmanlara «Etiketka» ýazgyly kartoçka gowşurylýan eken. Ol kartoçkada kabul edişlikde özüňi alyp barmagyň tertip-düzgüni görkezilipdir. Şol sözden hem «etiket» sözi gelip çykypdyr.

Beýik şahyr Magtymguly Pyragy «Edebiň ýagşysy ulyny syla» diýmek bilen, nesil terbiýesinde ulyny hormatlamagy edep-ekramyň başlangyjy hasaplaýar. Sebäbi köpügören ýaşulyny sylamak, olaryň öz durmuş tejribesi esasynda

berýän öwüt-ündewlerini diňlemek ýaşlar üçin durmuş mekdebi, görelde nusgasydyr.

Häzirki zaman etiketine bütin dünýäniň köp halklarynyň gadymyýetden şu güne çenli durmuş synagynda geçen iň oňat adatlary, däpleri we dessurlary siňdirilipdir. Döwletmämmet Azadynyň, Magtymguly Pyragynyň, Keminäniň, Seýdiniň, Zeliliniň, Mollanepesiň öňe süren gylyk-häsiýetleri bütin adamzat üçin deň derejede kabul edilen edep gymmatlyklarydyr. Bu däp-dessurlar jemgyýetiň haýsydyr bir gatlagynyň bähbidini araman, eýsem hemmeler üçin kabul ederlikdir. Dünýä halklary özlerine lider, baştutan saýlanlarynda hem ilki bilen şol oňat gylyk-häsiýetleri özünde jemlän şahsyýetleri saýlapdyrlar.

Türkmenistan Garaşsyzlygyna eýe bolanyndan soň, ýaş nesli ata-babalarymyzyň akyl-paýhasyna ýugrulan milli däplerimiziň mysalynda terbiýelemek meselesine döwlet tarapyndan aýratyn üns berlip başlandy.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüni esaslandyran hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyzyň geljegi bolan ýaşlara ýüzlenip: «Gadyrly ýaşlar! Bagtyýar zamanamyzda gülläp ösüşiň aýdyň ýoluna düşen ata Watanymyzyň geljegi size baglydyr. Siziň baş maksadyňyz pederlerimiziň ruhy siňen mukaddes ene topragymyzy, ata Watanymyzy jandan söýmekden, ony gözüniň göreji deýin goramakdan, döwrebap bilim-terbiýe almakdan, ylym we hünär öwrenmekden ybaratdyr. Alan bilimiňizi, ylmyňyzy, hünäriňizi halkymyza bagyş etmekden, häzirki zaman enjamlaryna, kompýuter tilsimatlaryna ökdelik bilen erk etmek, adamzat ösüşine uly goşant goşup, dünýäniň genji-hazynasyna öwrülen şöhratly taryhymyzy, edebi-medeni mirasymyzy öwrenmek, Watanymyzyň şan-şöhratyny, türkmen ylmyny äleme ýaýmak, ulyny sylamak, kiçä hormat goýmak, ahlak arassalygyny saklamak, halal zähmet çekmek siziň belent borjuňyzdyr» diýmek bilen, olara uly ynam bildirdi.

Halkymyzyň adam häsiýetine baha bermekde ýörite ölçeg «terezisi» bolupdyr, ýagny adamyň öýde, köpçülikde özüni alyp barşyna, edebine, tertibine garap, onuň derejesi kesgitlenipdir. Halk döredijiligi eserlerinde, nusgawy edebiýatymyzda öz görüm-göreldesi bilen özüni tanadan adamlar wasp edilipdir. Halkymyzyň guwanjy, beýik akyldar Magtymguly Pyragynyň şahsyýete baha bermekde, özüňe dost, jora saýlamakda özboluşly ölçeg terezisi bolupdyr:

Her ýigidiň aslyn bileý diýseňiz,
Märekede otur-turuşyn görüň.
Birew bilen aşna bolaý diýseňiz,
Owal ykraryında duruşyn görüň.

Ýa-da:

«Hyrydar bolsaňyz gyza, geline,
Edebin, ekramyn, oturşyn görüň».

Taryha nazar salsaň, edepli, medeniýetli, sowatly adamlara aýratyn sarpa, sylag-hormat goýlupdyr, mertebelenipdir. Olaryň atlary ebedileşdirilipdir. Häzir hem märekede agzy salamly, gepi-gürrüňi salyhatly ýaşlar barada ýakymly sözler aýdýarlar. Şonuň üçin özüň barada ýakymly sözler eşitmek üçin, ilkinji nobatda edepli bolmak – özüňden ulyny sylamak, kiçä hormat goýmak, saýhally sözlemek, halal ýaşamak ýaly il-gün tarapyndan oňlanylýan häsiýetleri özüňe ýol-ýörelge edinmek gerek. Ynsan öz medeni aýratynlygy, aň-düşünjesi bilen haýwandan tapawutlanýar. Elbetde, hemmeleriň özlerine medeniýetli adam diýdiresi gelýär. Arassa, döwrebap geýinmek bilen medeniýetli adam diýdirip bolarmy? Elbetde, muňa bir söz bilen jogap bermek kyn. Medeniýetli adam bolmak üçin diňe salyhatly, sypaýy geýinmek ýeterlik däl. Ol ownujak hereketleriňden başlap, akylly-başly içki pikirlenişiňi, şol pikiriňi ýazuw ýa-da dil üsti bilen sowatly beýan edişiňi, özüňden ulular, kiçiler bilen gatnaşygyňy, mahlasy, daş-töweregiňde özüň barada

ýakymly duýgy döretmekden, sagdyn durmuş ýörelgesi bilen zamanabap ýaşamagy, özüňi göreldeli alyp barmagy içine alýan bolsa gerek. Mysal üçin, okuwa gelýärkäňiz birki sany oglanjyk ýolboýuna ekilen agajyň şahalaryny omrup-jomrup, tudana iýip dur. Siz bu ýagdaýy görüp, nähili hereket etjek!? Olaryň deňinden biparh geçiberjekmi ýa-da olaryň gulaklaryndan towlap, temmi berjekmi!? Elbetde, medeniýetli adam biparhlygy-da, temmi bermegi-de oňlamaz. Ol çagalara sowukganlylyk bilen olaryň hereketiniň nädogrudygyny düşündirer. Olaryň öz ýalňyş hereketlerine düşünmeklerini gazanmaga çalşar.

Tomaşa edilen filmden, sahna oýnundan, synlanan suratdan, heýkelden, arhitektura ýadygärliginden, okalan çeper eserden, diňlenen aýdym-sazdan lezzet alyp, oňa dogry baha berip bilmek hem medeniýetlilikden nyşandyr.

Medeniýet näme? «Türkmen diliniň sözlüginde» oňa şeýle kesgitleme berilýär: «**Medeniýet** – bu adamzadyň önümçilik, jemgyýetçilik we aň-düşünjelilik bilen gazanan üstünlikleriniň jemi».

Sowatly, medeniýetli adam jemgyýetiň baýlygy hasaplanýar. Döwletimiz her bir raýatyň medeniýetli adamy bolup ýetişmegine uly üns berýär. Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan 2010-njy ýylyň 12-nji martynda «Medeniýet hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Bu Kanunda türkmen halkynyň özboluşly milli medeniýetini gaýtadan dikeltmek, ösdürmek, durmuşa ornaşdyrmak, medeni gymmatlyklar, umuman, medeniýet babatda döwlet syýasatynyň hukuk esaslary kesgitlenildi. Ýurdumyzda her ýylyň 27-nji iýunynda Medeniýet we sungat işgärleriniň gününiň bellenilmegi hem-de daşary ýurtlarda Türkmenistanyň medeniýet günleriniň, ýurdumyzda bolsa daşary ýurtlaryň medeniýet günleriniň bellenilmegi bu ulgama döwlet derejesinde aýratyn üns berilýändigine şaýatlyk edýär.

Medeniýet barada söz açylanda sungat barada hem agzalýar. Eýsem, sungat näme? «Türkmen diliniň sözlüginde» sungata şeýle düşündiriş berilýär: «Hakykatyň çeper keşpde döredijilikli şöhlelendirilişine **sungat** diýilýär». Mysal üçin, türkmen heýkeltaraşlyk sungatynda beýik şahyr Magtymguly Pyragynyň keşbi döredildi. Elbetde, şahyryň hakyky suraty bize gelip ýetmändir. Ony ussat heýkeltaraş W. Popow şahyryň A. Hajyýew tarapyndan çekilen suratyny, şahyryň ýaşan döwrüni, ýazan goşgularyny öwrenip, çeper heýkel döredipdir. Şahyryň heýkeline siňe syn etseň, XVIII asyr türkmen durmuşy, döwrüniň galagoply ýagdaýy, şahyryň bütin döredijiligi göz öňünde janlanýar.

Sungat eseriniň döredilişini şahyr G. Ezizow örän ussatlyk bilen beýan etmegi başarypdyr:

Sungat diýmek näme?
Bilýärmisiňiz?
Ele alýarlar-da ýiti keseri,
Lokga daşyň ähli artyk bölegin
Ýonup döredýärler ajap eseri.

Türkmen sungaty özüniň goýazylygy, salyhatlylygy, ahlaklylygy bilen tapawutlanýar. Onda halkymyzyň geçmiş taryhy, ruhubelentligi, merdanalygy, özboluşly tebigaty öz beýanyny tapandyr. Käbir ýaşlar ogry-jümrüleri mahabatlandyrýan, zuluma, wejaralyga, pyssy-pyjurlyga, ganhorluga ýugrulan filmlere aşa ýykgyn edýärler. Emma ol filmlere näçe tomaşa etseň-de, ondan görelde, nusga alarlyk zat tapmarsyň. Kitap okalanda hem, filme tomaşa edilende hem ony wagt geçirmegiň hasabyna däl-de, nähili-de bolsa öz durmuşyňda peýdasy degjek edep-ekramy öwrenmäge çalyşmaly.

Bagşylar Sahy Jepbarowyň, Magtymguly Garlyýewiň, Nurberdi Gulowyň, Mustak Aýmedowyň, Gurt Ýakubowyň aýdan aýdymlarydyr dessanlary, sazandalar Mylly Täç-

myradowyň, Pürli Saryýewiň çalan sazlary, suratkeşler Aýhan Hajyýewiň, Yzzat Gylyjowyň çeken suratlary, heýkeltaraşlaryň «Ylham» seýilgähindäki döreden heýkelleri, kino sungatyndaky «Şükür bagşy», «Gelin» filmleri hakyky sungat eserleridir. Olaryň diňe birini diňlän, tomaşa eden ýa synlan adam türkmen sungatynyň ýeten derejesine aýdyň göz ýetirse gerek. Olara dogry düşünip, ondan lezzet almagy başarýan adamy medeniýetsiz adam hasap edip bolmaz.

Adamzat jemgyýeti tarapyndan kabul edilen umumy kada-kanunlar bilen bir hatarda her halkyň öz däp-dessurlary bilen baglanyşykly özüne mahsus milli edim-gylymlary-da bardyr, ýagny dogruçyl bolmak, halal ýaşamak, jenaýat etmezlik we ş.m. ýaly kabul edilen dessurlar bilen birlikde durmuş ýol-ýörelgelerinde biri-birinden parhlanýan kadalar-da bar. Mysal üçin, bizde jemgyýetçilik ulaglarynda barylýarka özüňden ula orun bermek edeplilikden nyşan hasaplansa, käbir milletiň ýaşuly wekiline orun berilse, ol ony özüni kemsitme hökmünde kabul edýär. Şonuň üçin daşary ýurtlara iş saparyna, gezelenje-syýahata gidilende ýerli ýagdaýlar barada habarly bolmaly. Olaryň milli aýratynlyklaryny içgin öwrenip, ony berjaý etmeli we şol edep kadalara hormat goýmalydyr.

Türkmen halkynyň edep kadalarynyň görnüşleri örän köpdürlüdir, hemmesi-de adamkärçiligiň belent nusgasyna ýugrulandyr. Orta mekdebi tamamlaýançaňyz, siz olaryň köpüsi bilen tanyş bolarsyňyz. Bu okuw kitabynyň üsti bilen bolsa salamlaşmagyň, ata-enäni, ussadyňy hormatlamagyň, iýgi-içgilerden peýdalanmagyň, goňşara gatnaşyklarynyň, maşgala durmuşyny gurmagyň, Watany goramagyň milli edep kadalaryny öwrenersiňiz.

Öz perzendiniň ylymly-bilimli, edep-ekramly, il arasynda hormat-sylagdan peýdalanýan adamlar bolup ýetişmegini arzuw etmeýän ene-ata ýokdur. Çagasynyň ilhalar bolup ýetişenini gören ene-ata dünýäde iň bagtly ynsanlardyr. Siz

hem her bir hereketiňizde ene-atalaryňyza: «Men dünýäde iň bagtly adam» diýdirmäge çalşyň. Munuň bolsa siziň ýanyňyzda hiç bir kynçylygy ýok. Her bir hereketiňizde oýlanyşykly ädim ätmek, hormatly Prezidentimiziň, ene-atalaryňyzyň, mugallymlaryňyzyň öwüt-nesihatlaryny berjaý etmek, okan çeper eserleriňizdäki, tomaşa eden filmleriňizdäki ýagşy adamlara meňzemek, ýagşyny söýüp, ýamany ýigrenmek bilen beýik Ynsan diýen ady arşa galdyryp bilersiňiz.

1. Magtymguly Pyragynyň «Edebiň ýagşysy ulyny syla» diýen setirlerine nähili düşünýärsiň?
2. Medeniýetli adamda nähili sypatlar bolmaly. Siz özüňizi medeniýetli adam hasap edýärmisiňiz?
3. Özüňize dost ýa-da jora saýlamakda nämä esaslanýarsyňyz?

*Hormatly Prezidentimiziň ýaşlaryň terbiýesi, edep-ekram barada aýdan pähimlerini depderiňize ýazyň we olary öz durmuşyňyzda ýol-ýörelge edinmäge çalşyň.*

# ŞAHSYÝET

## Edep başy – salam

Döwür ösýär, özgerýär. Şonuň bilen birlikde dowam edip gelen edim-gylymlarda hem özgerişler bolup geçýär. Olaryň käbiriniň ulanylyş gerimi has giňese, käbiri durmuş ýörelgelerinden düşüp galýar, unudylýar. Emma gadymy döwürlerden bäri ulanyp gelinýän salamlaşmak dessury öz meşhurlygyny şu wagta çenli ýitirmän gelýär.

– *Essalawmaleýkim*!

– *Waleýkimessalam*!

– *Saglyk-gurgunçylykmydyr*?

– *Hudaýa şükür*!

Bu sözler adamlaryň arasynda her günde näçe gezek gaýtalanýarka!? Ol näçe gezek gaýtalansa-da, hiç kimi irizmeýär. Milletine, ýaşyna, jynsyna garamazdan, her günde dünýäniň dürli künjünde müňlerçe gezek gaýtalanýan bu keramatly söz näme many aňladýarka? Eýsem, bu sözüň keramatly güýji nämedekä!?

Salam adamlaryň birek-birege sataşanda, duşuşanda ilkinji aýdýan hoşamaý sözüdir. Ynsan gatnaşyklary şol sözden başlanýar.

*Essalawmaleýkim* arap sözi bolup, ol dilimize terjime edilende «*Size parahatlyk isleýärin*» diýen manyny berýär.

Türkmen halkynyň arasynda «Edep başy salamdan başlanýar» diýlen aýtgy bar. Salamlaşmagyň hem zerur hasaplanýan käbir edep-kadalary bar. Dünýäniň hemme ýurtlarynda diýen ýaly salamlaşmak elleşmekden (görüşmek) ýa-da baş atyşmakdan başlanýar.

Adamlar gadymy wagtlardan bäri dogan-garyndaşlary, tanyş-bilişleri, goňşulary bilen gadyrly gatnaşykda bolupdyrlar, biri-birleri bilen baryş-geliş edipdirler. Olara birek-biregiň hal-ahwalyny soraşmak, gulaga ýakymly, hoşamaý, mähirli söz aýtmak zerur bolupdyr. Şonda her millet öz dilinde iň hoşamaý sözi – salamy saýlap alypdyr. Bu söz adamlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň ýürekdeşlik, hoşniýetli, asuda ýagdaýda başlanýandygyny aňladypdyr. Salam – birek-birege iň gowy zatlary – parahatlygy, asudalygy, saglygy arzuw etmek adamlaryň göwünlerini galkyndyrypdyr, olaryň göwünlerini ruhlandyrypdyr.

Dürli dowürlerde salamlaşmak däbinde bolup geçen özgerişlikleriň örän gyzykly we özüne çekiji taryhy bar. Taryhy maglumatlara görä, ir döwürlerde adamlar dürli hereketleriň, yşaratlaryň üsti bilen-de birek-birege hoşamaýlyk bildiripdirler, ýagny duşuşanlarynda salamlaşmak hökmünde ellerindäki taýaklaryny, ýaraglaryny ýokary galdyryp gygyryşypdyrlar. Afrikanyň ýurtlarynyň birinde adamlar ellerini döşüne gysyp, ýuwaşjadan baş egip salamlaşypdyrlar. Gadymy Tibetde çagalar kellelerini ýalanaçlap, dillerini görkezip, hormat bilen baş egmek arkaly uly ýaşly adamlara salam beripdirler. Salamlaşmagyň bu görnüşiniň Mongoliýada saklanyp galan ýerleri häzirem gabat gelýär. Olarda orta ýaşan adamlar bir-birleri bilen duşuşanlarynda, olaryň birisi elleriniň aýasyny ýokary edip, tirseginden epilen görnüşde iki goşaryny göwresinden öňe uzadýar. Garşydaşy hem edil şol usulda onuň elleriniň üstünde ellerini goýýar. Ýewropanyň enşeme halklarynda bolsa salamlaşylanda kelläni ýalaňaçlaýarlar.

Daşary ýurt filmlerinde görnüşi ýaly, Ýaponiýada we başga käbir ýurtlarda çagalar ata-enesiniň, halypasynyň, mugallymynyň öňünde çöke düşüp, tagzym etmek bilen, öz hoşamaýlygyny bildirýärler. Hindileriň eglip, elleriniň iki aýasyny biri-birine goýup, maňlaýynyň deňine ýetirmekle-

ri salamlaşmagyň gadymdan gelýän nusgasydyr. Hindileriň käbir taýpalarynda duşuşan adamlaryň biri dodagyny we burnuny beýlekisiniň ýaňagyna degrip, uludan dem almak bilen, birek-birege gadyr-gymmat bildirýärler. Türklerde gadyrly salamlaşylanda, kellelerini biri-birine çala degrip görüşýärler.

Salamlaşmagyň däp-dessurynda hem döwrüň ösmegi, özgermegi ýa-da başga milletleriň täsiri bilen käbir görnüşleri ýüze çykýar. Häzir türkmen gyz-gelinleri biri-biri bilen görşenlerinde, birek-biregiň ýaňagyna dodaklaryny çalaja degirmek bilen, öz hormat-sylaglaryny bildirýärler.

Salamlaşmak däbiniň taryhy gaty uzaklardan başlanýar. Ol öz üstünden dürli taryhy döwürleri geçiripdir. Käbir döwürlerde bu dessura biparh, sowuk-sala, ýüzleý çemeleşilen wagtlary-da bolupdyr. Salam ýaly mukaddes sözüň ähmiýetiniň käbir adamlar tarapyndan äsgermezlik edilmegi ýaşulular tarapyndan ýazgarylypdyr. Bu ýagdaýy öz döwründe şahyr K. Gurbannepesow şygryýetiň ýiti dili bilen ýaňsylaýar:

«Salam hem modadan çykýar» diýdiňmi?
Hawa, köpelipdir ses-üýnsüz salam.
Eliňi ýetir-de gulagyň ýanna,
Arkaýyn geçiber, tamam, wessalam.

Tanşyňmy, dostuňmy, goňşyňmy, kimmi?
Hökmanmyşmy ýanna dykylyp barmak.
Biperwaý kelläňi çalaja silk-de,
Geçiber, gepleşmek nämäňe gerek.
Ýaşaýarkak tygşytlylyk döwründe
Her tygşytlan sözüň bir döwüm çörek.

«Salam» diýmek parahatlyk dilemek,
Şol mukaddes sözden güýç alýar zaman.
Arada Pöwrize daglarna çykyp,

Üç gezek gygyrdym:
«Salam!
Salam!
Salam!»
Näçe salam bersem, şonça-da gezek
«Salam» diýip, jogap gaýtardy daşlar.
Görýän weli, biziň käbirimizden
Şol daşlaram asyllyrak, ýoldaşlar.

Hiç wagt salamlaşmak däbine biperwaý, kembaha garamaly däldir. Ata-babalarymyz bu däp-dessury örän ýerlikli berjaý edip, şu günlere çenli ýetiripdirler. Salamlaşmak däbine halk döredijiliginde-de aýratyn orun berlipdir. Ertekileriň gahrymanlary, isle ol ynsan bolsun, isle haýwan bolsun, öz gatnaşyklaryny, tanyşlyklaryny salamdan başlapdyrlar. Türkmen ertekileriniň käbirinde adamzat bilen döwüň duşuşygynda şeýleräk mazmunly gürrüň bolýar: «*Ol şol gezip ýörşüne bir döwe duşýar. Aldarköse oňa salam beripdir. Onda döw*:

– *Şunça salam bermedik bolsaň, iki üzüp, bir ýalmardym*» diýip, onuň salamyny alýar (*«Türkmen halk ertekileri». Aşgabat, 2007, 368-nji sah.*). Ine, şu ýerde bu söz döw ýaly zalym, rehimsiz jandaryň-da ýüregine rehimlilik, mähir çaýýar.

Şonuň ýaly-da geçmişde ata-babalarymyz dogup gelýän Aýa, Güne, hatda suwa-da salam beripdirler. Bu adamlaryň ýaşaýşyň gözbaşy bolan Aýa, Güne, suwa uly hormat-sylagyny aňladypdyr.

Salam berlende we alnanda ol mähir bilen ýürekden aýdylyp, iki tarapyň-da mertebesi deň-derejede hormatlanmalydyr. Salamdan hiç hili şahsy bähbit aramak, nähilidir bir hantamaçylyk etmek bolmaz. Salam hemmeler üçin deň bolmalydyr.

Bu mukaddes borjy hemmeleriň, ylaýta-da mekdep okuwçylarynyň berjaý etmekleri zerurdyr. Uly ýaşly adamlar, mugallymlar okuwçylaryň agzynyň salamlylygyna ga-

2. Sargyt № 1875

rap, olara maşgalada berilýän terbiýäniň derejesine baha berýärler. Irden turan çagalarynyň özlerine salam bermekleri, saglyklaryny, hal-ýagdaýlaryny soramaklary ene-atalar üçin, gör, nähili ýakymly ýa-da işden surnugyp öýe barýan mugallymyň öňünden çykan okuwçynyň: «Salam, gadyrly mugallym!» diýip ýüzlenmegi mugallymyň ähli ýadawlygyny, argynlygyny duw-dagyn edýän bolsa gerek.

Ynsan gatnaşyklarynyň esasy aýratynlyklarynyň biri-de birek-birege gabat gelenlerinde tanyş-nätanyşlygyna, uly-kişiligine, jynsyna, milletine garamazdan salam bermekdir. Salamlaşmagyň-da özüne mahsus edep kadasy bardyr. Salam berlende başga ýere seretmän, mähir, güler ýüz bilen garşydaşyň ýüzüne seretmeli. Salam alýan adam hem şol görnüşde salama jogap gaýtarýar. Elleşilip salamlaşylanda görüşýänleriň elleriniň aýalary biri-birininkä ykjam degmelidir. Şonda gereginden artyk el gysmak, silkmek ýa-da barmaklaryň ujy bilen sowuk-sala görüşmek edepsizlik hasaplanýar. Elleşilip görşülende iki el bilen görüşmegi endik edinmelidir. Gözüňde Günden goraýan äýnegiň bar bolsa, ony aýryp salamlaşmalydyr.

Märekä ýa-da bir üýşmeleňe barlanda, köplenç, aýratyn bir adama däl-de, bütin märekä ýüzlenip salam bermeli. Sebäbi märekede, üýşmeleňde aýratyn bir adama salam beril-



**1-nji surat.**
Başam barmak ýokaryk, galan barmaklar biri-birine gysylan.



**2-nji surat.**
Elleşilende barmaklar biri-birini mäkäm gysýar.



**3-nji surat.**
Elleşilende diňe barmaklar bilen däl-de, tutuş penjäň bilen görüşmeli.

se, galan adamlaryň göwnüne kine getirmegi ýa-da närazy bolmagy mümkin.

Umuman, edep başy bolan salamy hiç kimden gysganmaň. Açyk göwün bilen beren salamyňyz adamlarda siz barada örän ýakymly duýgy döreder.

1. Şu gün näçe adam bilen salamlaşdyňyz? Olaryň içinde siziň tanamaýanlaryňyz barmy?
2. Eger siziň beren salamyňyzy eşitmeseler ýa-da jogapsyz galdyrsalar, siz nähili hereket ederdiňiz?
3. Siz gündelik durmuşyňyzda salamlaşmagyň haýsy görnüşlerini has köp ulanýarsyňyz?

*1. Erkek adamlar bilen zenanlaryň salamlaşmaklaryndaky tapawutlar barada gürrüň beriň.*
*2. Goşgudaky «Görýän weli, biziň käbirimizden şol daşlaram asyllyrak, ýoldaşlar» diýen setirleriň manysyny aýdyň.*

## Şahsyýetiň kemala gelmegi

Ýurdumyzyň her bir ýaş ýigidi we gyzy yhlas bilen bilim alsa, ata Watany, ene topragy jandan söýse, adamkärçilige mahsus bolan arassa ahlagyň talaplaryny berjaý etse, Türkmenistanyň ösen ykdysadyýetli ýurda öwrüljegine hiç hili şübhe bolup bilmez. Bu günki özüne, ata-enesine, il-gününe hormat goýýan ýaşlarda öz Watanyna, döwletine, onuň Baýdagyna-da, Tugrasyna-da, Senasyna-da söýgüsi ýürekden bolmalydyr. Sebäbi döwlet nyşanlary – Baýdagy, Tugrasy, Senasy bütin halkyň guwanjy bolup durýandygy Türkmenistanyň Konstitusiýasynda kanun esasynda berkidilendir we onuň 15-nji maddasynda «Türkmenistanyň özygtyýarly döwlet hökmündäki nyşanlary – Döwlet baýdagy, Döwlet tugrasy, Döwlet senasy bardyr.

Baýdak, Tugra, Sena kanun esasynda kabul edilýär we goralýar» diýilýär.

Döwlet nyşanlarynyň hemmesinde halkymyzyň geçmişi, şu güni, milli baýlyklary, ruhy dünýäsi, tebigaty, Watany bina etmek üçin gijesini gündiz edip çeken ýadawsyz zähmeti, ruhubelentligi, umuman, bäş müň ýyllyk taryhy jemlenendir. Biziň ähli döwlet derejesindäki il bähbitli, tutumly işlerimiziň başlangyjy şu nyşanlar bilen başlanýar we üstünlikli amala aşyrylýar. Mekdeplerimizde okaýan okuwçylar Döwlet senamyzy ýatdan bilýärler. Garaşsyzlyk taglymatymyz bilen dörän şanly senelerimiz, baýramçylyklar, okuw ýylynyň başlanmagy, tamamlanmagy, harplyk baýramçylygy we ş.m. mynasybetli guralýan dabaralar Döwlet senasyny ýerine ýetirmek bilen başlamak we tamamlamak indi asylly däpleriň birine öwrüldi. Baýdak galdyrylanda, Sena ýerine ýetirilende, oňa tagzym edip, hormat goýýan ýaşlarymyzyň her biri ertirki ýurdumyzy gülletjek, onuň halkara abraý-mertebesini arşa galdyrjak şahsyýetlerdir.

Şahsyýetiň at-abraýly bolmagynyň zerur şertleriniň biri-de onuň ýokary derejede we hemmetaraplaýyn medeni-

ýetli we salyhatly bolmaklygydyr. Ýokary medeniýetlilik adamyň her bir hereketinde, gündelik işinde, maşgala durmuşynda aýdyň görünmelidir. Ýaşlaryň ýoldaşlarynyň öňünde özüni medeniýetli alyp barmagy, okuwlaryna oňat ýetişmegi, geýýän geýimi, sözleýiş dili özünden kiçiler üçin nusga bolmalydyr.

Depesi al-asmanda hellewläp duran kaşaň jaýlary, gök otlar, bag-bakjalar bilen gurşalan seýilgähleri, oklaw ýaly göni, arassa, gül-gülälek bilen bezelen köçelerdir ýanýodalary göreniňde, ony mundan 30–40 ýyl ozalky şäher bilen deňeşdir ýaly däl. Mekdebe barýan ýa-da gezim edip ýören arassa, geýnüwli okuwçylaryň medeni derejesiniň hem döwür bilen deň, sazlaşykly ösýändigi her ädimde duýulýar. Bir söz bilen aýdylanda, ýurdumyzda adamlaryň medeni derejesi barha gülläp ösýär.

Häzirki zaman ýaşlarynyň öňünde has jogapkärli wezipeler durýar. Häzir obalarymyzyň, şäherlerimiziň keşbi bütinleý özgerdi. Şonuň bilen birlikde ýaşaýyş-durmuş gatnaşyklarynda hem gaty kän özgermeler bolup geçýär. Ol bolsa öz gezeginde adamlaryň birek-birek bilen bolýan gatnaşyklarynda-da ýokary medeniýetliligi, aň-düşünjeliligi talap edýär.

Ýaşlar hem öz döwürdeşleri ýaly ýurdumyzyň medeni derejesini ýokary götermek işine işjeň gatnaşyjy hökmünde daş-töweregine görelde bolmalydyr. Ata-ene hemme döwürlerde hem göreldeli, bilimli-terbiýeli perzentleri ýetişdirmek ugrunda jan edipdirler. Halkymyz beýik akyldar Magtymgulynyň wasp eden garaşsyz, berkarar döwletini, Görogly beg ýaly serkerdeleri, Leýli, Şasenem, Zöhre, Mejnun, Garyp, Tahyr ýaly söýgüsine wepaly şahsyýetleri ömür boýy arzuw edipdi.

Adamlar öz göz öňüne getirýän şahsyýetlerinden her bir meseläni akylly-başly çözmegini, dostluga-doganlyga sarpa goýmagyny, kynçylyklardan Oguz handyr Gorkut ata,

Görogludyr Keýmir kör ýaly pähim-paýhas bilen baş alyp çykmagyny, Şükür bagşy ýaly parahat çözmegini, halal zähmeti bilen güzeranyny dolamagyny, sagdyn bedenliligi isläpdirler. Her kim öz ýetişdirýän perzentlerinde şu sypatlary görmek isläpdir:

Epilýänçä bil, balam,
Bir dilegim, bil, balam,
Maňa köp zat gerek däl,
Köpüň ogly bol, balam.

Kim serer kak-gurduny,
Kim söýer halk merdini,
Derdiňi men göterýän,
Sen göter il derdini.

*(G. Ezizow)*

Çaga dünýä inensoň, kem-kemdem daş-töweregini tanap başlaýar. Ýuwaş-ýuwaşdan dil çykarýar. Ol daşky gurşawyň täsiri bilen bolup geçýär. Çaga 8–9 ýaşaýança, onda kabul edijilik gaty güýçli ösýär. Bu döwürde ol hökman adamlaryň arasynda bolup, olardan öwrenmeli.

Şahsyýetiň häsiýeti, esasan, nesle geçijiligiň, daşky gurşawyň, bilim-terbiýäniň täsiri bilen kemala gelýär. Çaganyň daş keşbinde ýa-da içki häsiýetinde eje ýa-da kaka tarapyndan geçen meňzeşlige halk arasynda *nesil yzarlama*, ylymda bolsa *nesle geçijilik* diýilýär. Nesle geçijilikde çagalara ene-atasynyň daşky keşbiniň-de, ýagny ýüzüniň, gepleýşiniň, ýöreýşiniň we ş.m.-leriň hem-de içki häsiýetiň-de – dogumlylygy, gaharjaňlygy, dymmalygy ... geçmegi mümkin.

Çeper eserleriň käbirinde adamyň daş keşbini onuň içki häsiýeti bilen baglanyşdyrýarlar, ýagny gözleriň uly bolmagy sadalygy, maňlaýyň giňligi pähimliligi, sakgalyň köseligi aldawçylygy, gözleriň kiçi bolmagy mekirligi we ş.m. aňladýar. Emma durmuşda, öz bilşimiz ýaly, beýle

däl. Adamyň ýüz keşbine, göwresine garap, onuň häsiýetine baha berip bolmaýandygy hemmelere aýan bolsa gerek. Şonuň üçin durmuşda adamyň daş keşbine seredip, onuň içki häsiýetine baha bermekden saklanyň. Aýratynda, adamyň tebigy kemçiligi esasynda oňa lakam dakmak gelşiksizdir. Bu mesele beýik söz ussady Magtymgululuda şeýle ýazgarylýar:

Akmaýyn galmazdyr bir akan aryk,
Bir tende adam ki, semizdir aryk,
Bar ýüzi barukdyr, ýok ýüzi çirik,
Çirik diýip, gaty söz aýdyjy bolma!

Döwletimiz ösüp gelýän ýaşlaryň diňe bir ruhy taýdan däl, beden taýdan-da sagdyn bolmagy ugrunda alada edýär. Ýurdumyzyň bütin obalarynda, şäherlerinde, okuw mekdepleriniň ýanynda bedenterbiýe, sport meýdançalarynyň gurulmagy, olaryň häzirki zaman sport enjamlary bilen üpjün edilmegi ýaşlaryň sporta bolan höwesini has-da artdyrýar. Çagalykdan sport bilen meşgul bolup, ruhy taýdan sagdyn, berk bedenli ýaşlar Watan goragyna gidenlerinde hem eýýäm taýýarlykly esger bolup gulluga barýarlar.

Ýurdumyzyň her bir 18 ýaşa ýeten ýigidi Watan goragyna gitmäge borçludyr. Ol Türkmenistanyň Konstitusiýasynda kanunlaşdyrylýar. «Türkmenistany goramak her bir raýatyň mukaddes borjudyr. Türkmenistanyň raýaty bolan her bir erkek adam üçin ählumumy harby borçlulyk bellenendir». Şonuň üçin her bir ýigit gulluk borjuna gitmäge özüni ruhy hem-de fiziki taýdan taýýarlamalydyr. Ol Görogly, onuň 40 ýigidi, Alp Arslan, Jelaleddin, Seýitnazar Seýdi, Nurberdi han, Aýdogdy Tahyr ýaly öz Watanyny goran gerçekleriň edermenliklerini, söweş tilsimlerini, ugurtapyjylyklaryny öwrenmeli hem-de ýurdy goramaga ruhy taýdan özüni taýýarlamaly. Fiziki taýdan bolsa saglygyny, bedenini bedenterbiýe maşklarynyň, dürli sport oýunlarynyň



**4-nji surat.**

Harby kasam kabul edýän esgerler.

üsti bilen türgenleşdirmeli. Ruhy hem-de fiziki owadanlyk (adamyň içki aň-düşünjesi we daşky fiziki synasy) adama diňe bir esgerlikde däl, ol bütin ömrüňde gerek. Içki we daşky gözellik birleşende, ol ynsany has-da gözelleşdirýär. Agyr türgenleşigi başdan geçiren adam her bir işe fiziki taýdan taýýarlykly bolup, soň durmuşda hiç bir kynçylyk çekmeýär. Meşhur rus serkerdesi A. W. Suworow hem esgerlere hemişe «Türgenleşikde kyn bolsa, soň söweşde aňsat bolar» diýip, nesihat eder eken.

Kämillik ýaşyna ýetip, goşun gullugyna baran her bir ýigit dabaraly ýagdaýda harby kasamy kabul edýär. Ýaş esger bu mukaddes kasamy kabul etmek bilen, öz halkyna, Watanyna wepaly boljakdygyna, ýurdumyzyň Baş kanunyny, Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlaryny berjaý etjekdigine, şeýle-de ýurdumyzyň garaşsyzlygyny, azatlygyny mertlerçe gorajakdygyna dabaraly söz berýär.

1. A. Durdyýewiň «Bagtly ýigit» powestindäki Annaguly goşun gullugyna baranda nähili kynçylyklary başdan geçirýär?
2. Sportuň haýsy görnüşi seni gyzyklandyrýar?
3. Harby gulluga özüňi nähili taýýarlaýarsyň (oglanlar üçin)?

*1. Döwlet senasyny ýatdan aýdyp beriň.*
*2. «Harby kasamyň» kabul edilişi barada öz pikiriňizi aýdyň.*

## Ynsan häsiýetleri

Adam ýerde, suwda ýaşaýan janly-jandarlaryň hemmesinden aňly-düşünjeli hem gözel edip ýaradylypdyr. Ynsan şol jandarlaryň hemmesinden özüniň hökmürowanlygy hem-de parasatlylygy bilen tapawutlanýar. Adamdan başga-da üşükli, zähmetsöýer jandarlar bar, emma olaryň hiç biri-de iň ýönekeýje çemçedir oklawyny-da ýasamaga ukyply däldir. Biz pil haýwany ýatlanymyzda, güýjüne baýrynýan äpet jandary, ýolbarsda gaýduwsyzlygy, batyrlygy, möjekde açgözlüligi, towşanda gorkaklygy, tilkide mekirligi, şagalda kümsükliligi, itdir atda wepalylygy göz öňüne getirýäris. Adamda hem, haýwanda hem biri-birine meňzeş eşidiş, görüş, ys alyş ýaly umumylyklar bar-da bolsa, pikirleniş ukybynda, häsiýetinde örän çylşyrymly aýratynlyklaryň bardygyny görýäris.

Dünýäde näçe adam bar bolsa, şonça-da keşp, häsiýet bar. Adamlaryň ýüz keşbiniň biri-birine meňzemeýşi ýaly, häsiýetleri-de birmeňzeş däldir. Olaryň her biri özbaşdak şahsyýetlerdir. Bu barada beýik söz ussady Alyşir Nowaýy:

Adamyň asly birdir,
Bir-birinden parhyýa.
Biri başga agyrykdyr,
Biri gözge totuýa –

diýmek bilen, her bir adamyň özbaşdak şahsyýetdigi, olaryň daş sypaty, häsiýeti bilen birek-birekden tapawutlanýandygyny nygtaýar.

Her bir şahsyýetiň özboluşly häsiýeti bolup, ol onuň özüni alyp barşynda, sözleýşinde, hatda geýnişinde-de ýüze çykýar.

Gadymy wagtlardan başlap, alymlar adamlaryň özlerini alyp baryş aýratynlyklaryna üns beripdirler. Adamlary biri-biri bilen deňeşdiripdirler. Olaryň tapawutly taraplaryny ýüze çykarypdyrlar, ýagny ol adam akyllymy ýa-da dar gözýetimlimi, zähmetsöýermi ýa-da ýalta, batyrmy ýa-da gorkak, dogruçylmy ýa-da ýalançy, ol näme bilen meşgullanýar, onuň gyzyklanýan zatlary näme we şuňa meňzeş aýratynlyklara üns beripdirler.

Mysal üçin, iki sany adam şol bir işi ýerine ýetirýärler we ikisi hem tabşyrylan işi oňat başarýarlar, ýöne biri joşgunly, höwesli, sabyrly, nähili iş bolsa-da çekinmän, özbaşdak işläp bilýän adam; beýleki biri haýal, biparh, berlen nusga-görkezme esasynda işleýär. Ýa-da ýene biri örän dogumly, gujurly, çakgan, işeňňir. Beýlekileri, ýuwaş, asuda, lellim. Ýene birleri alçak, töweregindäkiler bilen gatnaşyga ýeňil girýärler, şadyýan, başga biri ile goşulmaýan, tukat.

Her bir adamyň alyp barýan işinde, başgalar bilen gatnaşygynda ýüze çykýan hususy psihiki aýratynlyklaryna **temperament** diýilýär.

Adamyň temperament aýratynlygy onuň çagalyk döwründen ýüze çykyp başlaýar.

Temperament, esasan, dört görnüşe bölünýär: **sangwinik** (çalt hereketli, şadyýan, wäşi, dogumly), **flegmatik** (haýal, arkaýyn, asuda), **holerik** (gujurly, galjaň, joşgunly), **melanholik** (dymma, gowşak, ýygra, çekinjeň, çuňňur aladaçyl). Bu sözleriň gelip çykyşy, esasan, gadymy grek lukmany Gippokrat (biziň eýýamymyzdan ozal bäşinji-dördünji asyrlar) bilen baglydyr. Ol adam temperamenti onuň bedenindäki suwuklyklaryň (gan, nem) reňki bilen bagly ýüze çykýar diýip düşündiripdir hem-de reňklere görä, temperamenti 4 topara bölüpdir. Ony lukman şol suwuklygyň – gan (latynça «sangwis»), nem (grekçe «flegma»), gyzyl-sary suwuklyk (grekçe «hole») ýa-da gara suwuklyk (grekçe «melaýn hole») – haýsysy bedende agdyklyk etse, onuň adam häsiýetine täsir edýändigi bilen düşündirýär. Soň ylmyň ösmegi bilen alymlar tarapyndan temperamentiň bedendäki suwuklyklar bilen bagly bolman, ol ýokary nerw işiniň kanunalaýyklyklary bilen baglydygy subut edildi.

Türkmen dilinde «ganygyzgyn» diýen söz bar. Ol, esasan, gaharjaň, gyzma adama aýdylýar. Mysal üçin, «Aýgytly ädim» romanyndaky Artyga holerik diýmek bolar ýa-da onuň dosty Aşyry alyp görsek, ol çalt hereketli, şadyýan, wäşi, dogumly adam. Ol – sangwinik.

Siz öz synpdaşlaryňyza syn etseňiz, olaryň arasynda dogumly, şadyýan, alçak, biperwaý, degişgen, mähirli, tutuk, öýkelek, çekinjeň, utanjaň, dymma, köpçülige goşulmaýan, garasöýmez we ş.m. häsiýetli okuwçylary görersiňiz.

Ata-babalarymyz adam häsiýetlerini iki topara bölüpdirler:

1. Gowy häsiýet, ýagny hemmelere ýaraýan: ruhubelentlik, öz-özüňe erk etmek, wepalylyk, mylaýymlyk, geçirimlilik, dogruçyllyk, zähmetsöýerlik, mertlik, salyhatlylyk, jomartlyk, ynsanperwerlik ýaly häsiýetler.

2. Ýaramaz häsiýet, ýagny köpçülik tarapyndan halanmaýan, ýazgarylýan: garasöýmezlik, gopbamsylyk, özüňe aşa ýokary baha bermek (egoizm), ýaltalyk, biperwaýlyk, ulumsylyk, tekepbirlik, nadanlyk, rehimsizlik, nebsewürlik, husytlyk, gorkaklyk, açgözlük, gödeklik, ýaranjaňlyk, nalajedeýinlik ýaly häsiýetler.

Rus ýazyjysy M. Gorkiý ýazyjylara «adam ruhunyň inženerleri» diýen kesgitleme berýär. Ýazyjy-şahyrlar eserlerinde isle ol haýwanlar hakynda bolsun, isle ösümlikler hakynda bolsun, olar adam häsiýetlerini açyp görkezmäge çalyşýarlar. Eserlerindäki gahrymanlary, esasan, iki topara bölýärler: ýagşy adamlar we ýaman adamlar. Ýazyjy ýagşyny wasp edýär, ýamany näletleýär, ýazgarýar. Şonuň üsti bilen hem okyjyny terbiýelemegi maksat edinýär. Ýagşy adamlara meňzemegi ündeýär. Gadymy edebiýat-da, häzirki zaman edebiýaty-da öz öňünde, esasan, adamlary terbiýelemegi wezipe edip goýýar.

Emma durmuşda adamlary çeper edebiýatdaky ýaly, ýagşy adamlar ýa-da ýaman adamlar diýen iki topara bölüp bolarmy?! Elbetde, bölüp bolmasa gerek. Köpçülik tarapyndan halanmaýan adamdan hem birden oslanmaýan gowulygyň çykaýmagy mümkin. Ýa-da sypaýy, mylaýym adamdan hem garaşylmaýan gödekligiň çykmagy mümkin.

Käbir gödek, yzgytsyz adam özündäki şol häsiýetleri duýanok. Şonuň üçin-de ol şol ýaramaz gylygyny boýun alasy gelenok. Adam mahal-mahal edil aýna sereden ýaly, diňşirgenip, öz häsiýetindäki, gylygyndaky kemçilikleri duýmagy başarmaly. Her gün ýatmak üçin düşegiňe gireniňde «Men şu gün näme iş etdim? Kime ýagşylyk etdim, kimiň göwnüne degdim?» diýen soraglar esasynda öz-özüňden hasabat soramaly. Eger-de göwnüne degen adamlaryň bar bolsa, ol babatda kimiň mamladygyny anyklamaly. Özüň

günäkär bolsaň, haýal etmän, olardan ötünç soramagy endik edinmeli.

Ýetginjegiň ýaşlykda edýän her bir hereketi onuň özi üçin geň däl. Dogry bolsun, nädogry bolsun, ol öz hereketini dogrudyr öýdýär. Emma wagt geçýär, soň şol hereketler üçin, beýik Magtymgulynyň «Oglanlykda edilen işler geň görler, kyrkdan aşyp, aýyl bolsa adamzat» diýen setirleri hakydaňa gelip, ýüzüň gyzarmaly bolýar.

Umuman, rus ýazyjysy A. P. Çehowyň aýdyşy ýaly, «Adamyň hemme zady gözel bolmalydyr». Maşgalada-da, jemgyýetçilik ýerlerinde-de diňe gözel görünmäge çalyşmalydyr.

1. Ata-babalarymyzyň iki topara bölen häsiýetlerinden özüňizde haýsylary bardyr öýdýärsiňiz?
2. Türkmen nusgawy edebiýatynda Hatam Taý hem-de Karun atlary köp agzalýar. Olaryň haýsysy husytlygyň, haýsysy sahylygyň alamaty hasaplanylýar?
3. Tekepbirlik diýip nähili häsiýete aýdylýar?
4. Magtymguly Pyragynyň:

«Hiç köňül şatlygy çykmaz,
Bir köňül ýykmaýan ärden.
Ýagşylyk tamasyn etmäň,
Ýamanlyk çykmaýan ärden»

diýen bendine nähili düşünýärsiňiz?

*«Awçy hem bedene» atly aşakdaky hekaýatda bedenäniň hereketini nähili häsiýet hasaplamak bolar? Näme üçin awçynyň bedenä gaharlanandygy barada çekişme guraň: «Bir awçy bedene awlapdyr. Ol bedenäni öldürmekçi bolupdyr, emma guş azat edilmegini towakga edip: «Eger-de sen meni boşatsaň, men seniň toruňa birnäçe bedene düşüreýin» diýip ýalbarypdyr. Awçy bedenäni goýbermegiň küýüne-de düşüpdir, ýöne onuň bolşuna gahary gelipdir we ony öldüripdir».*

## Dosta wepalylyk

Dost, dostluk, jora düşünjesi hemme halklarda bar. Sebäbi bu söz adamzat arasyndaky iň belent gatnaşygy aňladýar. «Dost, ýar» sözi bütin türki halklarda, hatda türki däl halklarda – parslarda, hindilerde, täjiklerde hem şol sözler bilen aňladylýar.

Dostluk gatnaşygynda iň zerur edep dosta wepaly bolmakdyr. Wepalylyk nämede jemlenýär!? Ilki bilen-ä dostuň bilen hüý-häsiýetiň deň gelmeli. Eger häsiýetiň çapraz gelse, onda ol dostluk uzak gitmeýär.

Adam başynyň gamly güni dosty küýseýär. Onuň göwünlik beriji hoşamaý sözüne garaşýar. Şol pursat hakyky dostlugy aýyl-saýyl edýän döwürdir. «Dost agyr günüňde gerek» diýip, ýöne ýere aýdylýan däldir. Hakyky dost adama gamly günde ýardam berip, eseldip biler, ýasama dost hyýanat edip, peseldip biler. Ýakyn adamyň her bir ýerlikli sözi melhem bolup, gamly ýüregi köşeşdirýär.

Beýik şahyr Magtymguly öz döredijiliginiň belli bir bölegini ynsan gatnaşygy baradaky tema bagyşlapdyr.

Hoş günüňde hoşlaşyban gezmäge,
Baryşmaga, gelişmäge ýat ýagşy.
Gamly günüň, galmagalyň üstünde
Gardaş ýagşy, dogan ýagşy, zat ýagşy.

Dostluk diňe kyn günde däl, ol adaty günlerde hem halypa hökmünde seni terbiýeleýär. Adam öz häsiýetindäki, aň-düşünjesindäki ýetmez ýerlerini dostundan alan görüm-göreldesi bilen doldurýar. «Gawun gawundan reňk alar» diýlişi ýaly, dost dostuň häsiýetiniň üstüni ýetirýär.

Çeper edebiýatda, kino sungatynda dostluk meselesi eseriň esasy özenini düzýär. Türkmen nusgawy edebiýatynda-da, häzirki zaman edebiýatynda-da söýgi bilen dostluk temasyna aýratyn ähmiýet berilýär. Hiç wagt könelmejek dostluk temasy bütin şygryýetimiziň, kyssa eserlerimiziň

bezegi bolup, ol okyjyda ýoldaşyňa wepaly bolmak, onuň gadyryny bilmek ýaly oňat häsiýetleri oýarýar. Gurbannazar Ezizow goşgularynda dostlugyň belent nusgasyny wasp edýär.

Dosta näçe serpaý etseň az ýaly,
Näçe söýseň,
Şonça söýüp ýörmeli.
Ýokdur dostuň gymmady ýa arzany,
Dost dost bolar
Şoňa janyň bermeli.

Türkmen tomaşaçylarynyň söýgüsini gazanan hindi kinolarynda dostluk bilen söýgi temasy utgaşykly, ugurdaş beýan edilýär. Şol filmleriň käbirinde dostluk söýgüden hem ileri tutulýar. 1970-nji ýyllarda ekrana çykan «Sangam» filminde dostunyň hatyrasy üçin söýgüsinden ýüz dönderip, özüni pida eden ýigidiň ykbaly tomaşaçylaryň ýadynda bolsa gerek.

Adam durmuşda bilip ýa-da bilmän ýalňyşlyk goýberýär. Şonda ýalňyşyňy, aýbyňy ýüzüňe aýdyp bilen dostuňdan gaty görmän, gaýtam, ony hakyky dost hasaplamaly. Il arasynda «Dost dostuň aýbyny ýüzüne aýdar» diýen pähimiň bardygyny ýatlap durmaly. Ol seniň göwnüňe degmezlik üçin, ýalňyşyňy aýtmanam biler, emma wagtynda biri duýdurmasa, onda-da janköýer dostuň bu barada dymsa, ol ýalňyşy seniň ýene-de gaýtalamagyň mümkin. Soň ol ýalňyşlyklar endige öwrülip, uzagyndan hukuk jenaýatlaryna ýazmagy-da daş däldir.

Ynha, synpda algebra dersinden barlag işi geçirilýär. Sen meseläni derrew işläp bolýarsyň, emma dostuň bolup oturyşyny göreniňde, onuň kynçylyk çekýändigini görýärsiň. Ol senden goldaw isleýär. Bu ýagdaýda sen nähili hereket etmeli. Dostuňa «kömek» edip, oňa meseläni işläp bermelimi ýa-da öz güýjüňe daýan diýmelimi? Kömek etmeseň, dostuň gaty görjek, göçürtseň, dostuň galp baha aljak. Geljekde-de

taýýar aşyň eýesi bolup, elmydama süýrege mätäç bolup galmagy mümkin.

Diýmek, iki çykgyt hem oňlanylýan netije däl. Bu ýerde üçünji ýol gerek. Ol bolsa, dostlugyň hakyky bolsa, oňa öz wagtynda meseläni işlemegiň düzgünlerini öwrenmäge kömek etmeli. Şu soňky ýoly saýlan dostlar hakyky dostlardyr.

Dost umumy tanyşlaryň içinden saýlanyp tutulýar. Käwagt adam töweregindäki özi bilen oňat gatnaşyk edýän adamlaryň hemmesini dostudyr öýdýär. Emma tanyşlyk bilen dostluk diýen düşünjeler bir zat däldir.

Bir baý adamyň ýekeje ogly bar eken. Ol oglanyň töweregini mydama ýoldaşlary gurşap alypdyr. Muňa eselen oglan dostlarynyň köpdügi bilen mydama magtanyp öwnüpdir. Hatda kakasyna-da: «Kaka, sen abraýly adam, üstesinede baý, emma seniň ýekeje dostuň bar. Emma men entek ýaşam bolsam dostlaryma seret. Olary sanap, aňyrsyna çykar ýaly däl» diýýär. Akylly baý ogluna hakyky dostluk barada her hili rowaýatlar, tymsallar aýdyp, ony akylyna aýlamakçy bolýar. Emma oglan kakasyny diňlemän, şol dostlary bilen keýpi-sapada boluberýär. Ogluny aňyna aýlamak üçin kakasy mekirlige ýüz urmaly bolýar. Ol oglunam ýanyna alyp, onuň dostlarynyň üstüne ýeke-ýekeden aýlanyp başlaýar. Baran ýerinde hem «Oglum atanlykda birini öldürdi, indi muny gandarlary gözleýärler. Oglumy duşmanlary köşeşýänçä, siz gizläp saklasaňyz» diýip haýyş edýär. Emma dostlary patyşanyň gazabyndan gorkup, oglany gizläp saklamagy boýun alyp bilmeýärler. Soň kakasy: «Meniň ýekeje dostum bar, ýör şony synap göreli» diýip, ogly bilen dostunyňka barýar. Baý ýagdaýy düşündirýär. Dosty: «Bä, ýaramaz iş bolupdyr. Ýöne seniň hatyraň üçin, men seniň ogluňy gizläp saklamaga taýýar» diýýär. Şu ýerde oglan hakyky dostlugyň nämedigine düşünýär. Kakasyndan ötünç soraýar we ýalýagysy «dostlaryndan» arany açýar.

Kähalatda öz süýtdeş agaňa ýa-da iniňe aýdyp bilmeýän syryňy dostuňa aýdýaň, derdinişýäň. Dostuň seniň syryňy öz syry ýaly gizlin saklaýar. Öz gezeginde sen hem onuň syryny saklamagy başarmaly. Şony başarmasaň, töweregiňde syrdaş dost tapmarsyň. Şolar ýaly adamlar «Diýme syryňy dostuňa, dostuňam dosty bar» diýen nakylyň döremegine sebäp bolupdyrlar.

Ynsançylykda dosta biwepalyk etmek duşmançylykdan hem erbet görülýär. Eýsem, dostlugyň arasyndaky biwepalyk näme bolup biler? Dostuň syryny paş etmek, ony ýerliksiz deliller bilen ýamanlamak ýa-da töhmet atmak, zadyny ogurlamak, göripçilik etmek we ş.m. diňe bir türkmen halkynda däl, ol hemme milletde hem ýek görülýän häsiýetdir.

Elbetde, dostluk gyz bilen oglanyň arasynda hem bolup biler. Ol dostluk soňy bilen söýgä ýazyp, kanun tarapyndan resmileşdirilip bilner. Emma oglan bilen oglanyň arasyndaky dostluk, gyz bilen gyzyň arasyndaky joralyk hiç bir kanun tarapyndan resmileşdirilmeýär, bellige-de alynmaýar. Ol diňe durmuşyň örän berk, ýowuz synaglaryndan geçip, iki tarapyň meýletin islegi bilen berkidilýär. Dost, jora tutunmakda biparhlyk, biperwaýlyk etmäň. Halkymyzyň «Ýedi ölçäp, bir kes» diýen nakylyna eýerseňiz, ýalňyşmarsyňyz.

?

1. Dostuň (joraň) haýsy häsiýetlerini halaýarsyň?
2. Dostluk barada nähili rowaýat, erteki bilýärsiň?
3. Dostuňa (joraňa) hemme syryňy ynanýarmyň?
4. «Dostsuz başym – duzsuz aşym» diýen nakyla nähili düşünýärsiň?

*Öýde «Dost dostuň aýbyn ýüzüne aýdar» diýen temada kiçiräk pikirýöretme ýazyň.*

3. Sargyt № 1875

## «Özüňi süýt bilgil, dostuňy – gaýmak»

Elbetde, hemmeleriň özüne akylly, asylly, medeniýetli adam diýdiresi gelýär, emma ol hemmelere başartmaýar. Nädip töweregiňdäkilerde özüň barada ýakymly garaýşy döredip bolar?! Muňa bir söz bilen jogap berip bolmasa gerek. Ol irden turup, tä ýatmak üçin düşegiňe girýänçäň (hatda ýatanňda-da) öz her bir hereketiňe buýrup bilmek, her bir ätjek ädimiňi «Ýedi ölçäp, bir kesip» bilmekdir. Adamlar bilen salamlaşanyňdan başlap, tä hoşlaşýançaň her bir aýtjak gepiň, her bir hereketiň oýlanyşykly bolmaly. Göräýmäge bulary gündelik durmuşyňda her gün berjaý edip ýörmek gaty kyn ýaly-da bolsa, ynsana berlen mümkinçiligiň çägi ýokdur. Diňe tutanýerlilik, höwes, yhlas, öz häsiýetiňe buýrup bilmek gerek.

«Salamlaşylanda eşigiňe garap, hoşlaşylanda akylyňa garap hoşlaşýandyklary» üçin, öz egin-eşikleriňe-de, diliňe-de örän esewan bolmagy adat edinmeli. «Aý, bu ýerde meni tanaýan ýok» diýip bir ýerliksiz, biedep hereket etseň, derrew il içine ýaýranyny duýman galarsyň. Dünýäde adam häsiýeti ýaly çylşyrymly zat ýokdur. Şeýle-de bolsa il örän synçydyr. Göräýmäge saňa üns bermeýän, seni tanamaýan ýaly-da bolsa, olarda sen hakda garaýyş, onda-da örän takyk garaýyş bardyr. Seni diňe bir öz edep-ekramyňa garap däl, geýýän egin-eşigiňe, okaýan kitaplaryňa, hatda tirkeşýän ýoldaşlaryňa garap-da, saňa baha berýändirler. «Ýigidi dostundan tana» diýlişi ýaly, özüňe mynasyp, saňa düşünýän adamy dost tutunmagy başarmasaň, onda häli-şindi dostuňy çalyşmaly bolarsyň ýa-da dostsuz galarsyň. Odunçy tokaýa baryp, özüniň göterip biljek agajyny kesýär. Edil şonuň ýaly her kim dost tutunýar, ýöne özüniň düşünişip biljek, öz agyrysyny-ynjysyny çekişip biljek dosty gözleýär. Adamyň tanşy köpdür, emma olaryň hemmesi dostuň däldir. Halk arasynda «Seni öwýänleriň hemmesi dostuň däldir, seni ýamanlanyň hemmesi duşmanyň däldir» diýen aýtgy bar.

Keý-Kowus («Kowusnamada») ogluna şeýle nesihat berýär: «Oglum, bilip goýgun, diri kişiler dostsuz oňup bilýän däldirler, çünki dostsuz bolandan dogansyz bolan ýagşydyr. Bir danadan: «Dost gowumy, dogan?» diýip sorapdyrlar. Olam: «Dost bolan dogan ýagşydyr» diýip jogap beripdir. Şonuň üçin dostlaryň barada alada edeniňde, olara sowgat-peşgeş göndergin, olar bilen mylakatly bolgun, çünki dosty barada alada etmeýän adam hakynda dosty hem alada edýän däldir, şeýlelikde, ol hemişe dostsuz galýandyr. ...Tiz-tizden dost tutunmagy adat edinmegin. Emma täze dost tutundym diýip, köne dostuňa ýeňsäňi öwürmegin, şeýtseň, dostlaryň köp bolar. Köneler aýtmyşlaýyn: «Gowy dost uly hazynadyr». Şonuň üçin saňa dostlukly garaýan adamlaryň, dostlaryň gadyryny bilgin, olara ýagşylyk etgin, sarpalaryny saklagyn, her bir haýyr-şerde olara kömek etgin, seniň mürewwetiňi gördükleri olar saňa öňküdenem mährem bolarlar. Aş dostlaryňy dost hasap etmegin, olar seniň däl-de, aşyň dostlarydyr. Hiç wagt akmak adamy dost tutunmagyn, çünki akmak dost öz dostlugynyň arkasyndan ýüz akyllynyň öz duşmanlygynyň arkasyndan edip bilmejek işini eder. Betnebis dostdan hem gaça durgun, sebäbi onuň dostlugy ýürekden däl-de, gara nebsi üçindir. Bahyl adamlar bilen-ä hiç haçan dostlaşmagyn, çünki göripler dostluga ýaraýan däldir, onsoň, ýüreginde göriplik bolan dost hem hemişe yzgytsyzdyr we jany ýangyndyr».

Bu meselede meşhur şahyr K. Gurbannepesow ýaşlara şeýle maslahat berýär:

Dost paýlansa, äber diýip gyssanma,
Alaňdan soň gysgaltma hem gysgalma.
Dileg etse, gözleriňem gysganma,
Birin ber-de, biri bilen oňup git.

Türkmen halkynda «Sen dostuň kimdigini aýt, men seniň nähili adamdygyňy aýdaýyn» diýen aýtgy bar. Her kim öz häsiýetine, duýgy-düşünjesine kybapdaş dost, jora tutunýar. Özüňe dost ýa-da jora saýlamakda hiç bir kabul edilen kada-ka-

nun ýok ýa-da gazete bildiriş berip, dost tutunyp bolmaýar. Her kim özi bilen pikirdeş, gylyk-häsiýetine laýyk adam bilen ysnyşýar. Synpda 15 oglan ýa-da 15 gyz okaýan bolsa, şolaryň hemmesiniň birek-birek bilen gatnaşygy deň däl. Olaryň pikirdeşleri, häsiýetdeşleri ikibir-üçbir özara ysnyşýarlar.

Eger özüňe ýüregi arassa, niýeti düzüw, köpçülikde özüni alyp barşy medeniýetli, edepli, üstesine-de ene-atasy-da abraýly-mertebeli adamlardan hakyky dost ýa-da jora saýlap bilen bolsaň, ol mekdep ýyllaryndan soň hem dowam eder, sebäbi adama dost mydama gerek. Adama ukynyň, suwuň, iýmitiň gerek bolşy ýaly, oňa ýürekdeş dost hem gerekdir. Onda-da diňe bir çagalyk ýa-da ýigitlik wagty däl-de, ömürlik dost gerek. Esasan-da, iki taraplaýyn deňhukukly dost seniň ömrüň bezegidir. Birek-birekden bähbit araýan, hantamalyk bilen tutulan dostluk däl-de, «gara başyň» dostlugy gerek. Şahyr K. Gurbannepesow dostlugy 3 topara bölýär:

Bir dost bardyr supraňdaky
Nanyň, aşyň dosty bolar.
Bir dost bardyr duluňdaky
Galam-gaşyň dosty bolar.
Süňk dostudyr üçünjisi –
Gara başyň dosty bolar.

Şahyryň birinji topardaky «aş dosty», ýagny jübiňdäki pul üçin, wezipäň üçin bolunýan «dostluk», ikinji topardaky «galam-gaş dosty», maşgalaňdaky aýal maşgalalara göz gyzdyryp bolunýan dostluk bähbit aralyp tutulýan dostluga girýär. Ol dostluk hiç wagt uzak dowam etmeýär. Derrew üsti açylyp, paş bolýar hem-de ol duşmançylyga öwrülýär.

Dostlaryň bilen mylakatly we hoşgylaw bolmaly, oňa eliňden gelen kömegi gaýgyrmaly däl. Dostuň ýaş toýunda, durmuş toýunda ony ilden öň gutlamagy, başardygyňdan sowgat etmegi endik etmeli. Dostuň şat gününi-de, hesretli gününi-de deň paýlaşmaly. Aýratyn-da, gussaly wagty onuň gynanjyna duýgudaşlyk etmegi ýatdan çykarmaly däldir. Bi-

rek-biregi ynjytmaly däl, onuň ene-atasyna-da özi bilen deň hormat goýmaly. Bardy-geldi, bir sebäp bilen dostuň göwnüne degen bolsaň, ondan ötünç soramagy özüňe kiçilik bilmeli däl.

Hemme halkyň durmuşynda hem dostluk meselesi uly orun tutýar. Ruslarda «Ýüz manadyň bolandan ýüz dostuň bolsun», «Köne dost täze dostuň ikisinden gowy», türkmenlerde «Dost – dostuň aýnasy», «Dost gamly günde belli», «Özüňi süýt bilgin, dostuňy – gaýmak», «Donuň täzesi ýagşy, dostuň – könesi» diýen ýaly nakyllar döräpdir. Sen özüňi tanajak bolsaň, dostlaryň barada oýlangyn. Şolaryň artykmaç ýa-da kemçilikleri saňa-da degişlidir. Iň gowy dostuň çagalykdan bäri tirkeşip, synagdan geçen dostuňdyr. Nusgawy edebiýatyň wekilleri Seýitnazar Seýdi bilen Gurbandurdy Zeliliniň dostlugy, B. Kerbabaýewiň meşhur «Aýgytly ädim» romanyndaky Artyk bilen Aşyryň, H. Derýaýewiň «Ykbal» romanyndaky Berdidir Allagyň dostlugy nusga alarlyk hakyky dostluklardyr.

Dostluk göräýmäge ýeňil zat ýaly. Birek-birege düşünişseň, agyryp-ynjaşmasaň bolany, emma halk arasynda «Dostluga-da gaýrat gerek» diýlişi ýaly, ilki dost tutunma kyn, soňam ony saklama. Çagalyk döwrüňde daşyň dostdan doly. Sebäbi seni gyzyklandyrýan jäjekler, oýnawaçlar köp çagany gyzyklandyrýar. Oýnawajyňy paýlaşyp oýnasaň, dostlaryň senden hoşal. Emma ýaş goýaldygyça pikirler, höwesler, dünýägaraýyşlar çylşyrymlaşýar. Indi köneje oýnawajyňy berip, dostuňy imrindirip bilmersiň. Esasan-da, maşgala gurup, iş-aladalar basmarlansoň, köne dostlaryň köpüsini durmuş, maşgala heseri öz ugruna sürüp äkidýär. Indi töwewregiňde iň wepaly, hakyky dostlaryň saýlanyp galyberýär. Ynha, şu dostlaryň gadyryny bilmek, olar bilen gatnaşygyň uzak bolmagyny gazanmak bolsa, seniň başarnygyňa, dosta wepalylygyňa bagly. Dostuňyza, joraňyza bigadyr bolmaň. Olardan bir zady gaty gören-de bolsaňyz, siz olaryň göwnüne degmäň, ownuk-uşak öýke-kinäni wagt öz ugruna sürüp alyp gider. Dostuň, joraň bolsa gadyry barha artar.

**Dostluk barada nakyllar:**
Dost başyňa garar, duşman – aýagyňa;
Dost dostdan dönmez;
Dost dostuň aýbyn ýüzüne aýdar;
Dost dostuň arkasy;
Dostlaşmak aňsat, saklamak kyn;
Dostsuz adam – ganatsyz guş;
Dostsuz başym – duzsuz aşym;
Dosty synap-synap tut;
Dostsuza dünýä garaňky;
Dostuň göwni galandan, şeýtanyň boýny synsyn.

1. «Özüňi süýt bil, dostuňy – gaýmak» dýen nakyla nähili düşünýärsiň?
2. Adam dostsuz (jorasyz) ýaşap bilermi?
3. Sen öz dostuňda (joraňda) haýsy häsiýetleri görmek isleýäň?
4. Synpdaşlaryň hemmesi bilen dost bolup bilermiň?
5. Dostluk barada nähili rowaýatlar bilýärsiňiz?

*1. Tomaşa eden çeper filmiňdäki ýa-da okan çeper eseriňdäki dostlugyň sende galdyran täsiri barada gürrüň ber.*
*2. «Ýigidi dostundan tana» diýen nakylyň manysyny düşündir.*

## SÖÝGI AHLAGY

Söýgüdir, dostlarym, durmuşyň täji,
Tapyşmak süýjüdir, aýralyk ajy.
Ajysyz süýjy ýok, tikensiz gül ýok,
Gül yşgynda saýramadyk bilbil ýok.

*(Aman Kekilow)*

Söýgi hemmeleriň başyna irde-giçde gelip geçýän duýgudyr. Söýgi duýgusynyň her adamda dürli bolup geçişi ýaly, onuň häsiýeti hem dürli-dürlüdir. Watana, ata-enä, aýal

dogana, ýanýoldaşa bolan söýgüdäki duýgular birmeňzeş däldir.

Ynsany dälilik hetdine ýetirýän bu näzik duýgy nämekän!? Elbetde, oňa bir söz bilen jogap bermek mümkin däl.

Bu beýik duýgy barada eser ýazmadyk ýazyjy-şahyr ýok diýsek, ýalňyş bolmasa gerek. Şeýle-de bolsa beýik şahyr Magtymgulynyň beýan edişi ýaly, bu duýgyny beýan etmäge çuňňur aralaşyp bilen bolmandyr. Söýginiň lezzetini, jebir-jepasyny ussatlyk bilen açyp görkezmegi başaran şahyr «Bu derdi» diýen goşgusyny halk arasynda bar bolan rowaýatlar esasynda ýazypdyr diýen çaklama bar.

Söýgi barada halk arasynda dürli rowaýatlar döräpdir. Şol rowaýatlaryň birinde Ýer ýüzüniň ähli janly-jandarlarynyň üstüne göze görünmeýän bir dert inýär. Bu dert örän ýakymly hem şeýle lezzetli duýgy bolsa-da, onuň ýüküni hiç bir janly-jandar öz üstüne alyp bilmändir. Olar bu ýüki çekerden ejiz gelipdirler. Dagam, daşam, asmanam, deňiz-derýa-da çekip bilmändir, hatda asmanam bu ýüki göterip bilmändir. Ol derde uçran her bir janly-jandarlar janyna jaý tapman, bagyryp çöle çykýarlar. Bu ýüki hatda Ýerem göterip bilmän, lerzan bolupdyr.

Keşt eýleýip gezdim yşkyň dagynda,
Ne beladyr kimse çeker bu derdi.
Yşk dagyn assalar gögüň boýnundan,
Gök titreýip, çeke bilmez bu derdi.

Iň soňunda tebigatyň iň merdana ynsany bu derdi öz üstüne alýar. Muny beýik şahyr şeýle jemleýär:

Gaçdy derýa adam almyş boýnuna,
Dört müň ýyllap çekip gelmiş bu derdi.

Türkmen halk döredijiliginiň esasy görnüşleriniň biri bolan «Leýli-Mejnun», «Şasenem-Garyp», «Zöhre-Tahyr», «Gül-Bilbil», «Hüýrlukga-Hemra», «Saýatly-Hemra» ýaly dessanlarda arassa, päk söýginiň belent ahlak nusgalary

beýan edilipdir. Bu dessanlaryň hemmesinde diýen ýaly baş gahrymanlaryň – aşyk-magşuklaryň biri-birine gowuşmak üçin çeken jebir-jepalary netijesinde maksat-myratlaryna ýetýärler ýa-da şol ýolda özlerini pida edýärler. Dessanlardaky beýan edilýän pajygalar ýa-da aşyk-magşuklaryň çekýän jebir-jepalary okyjyda yşk ýolunyň howp-hatary, hesreti barada çynlakaý oýlanmak, bu ýola düşeňsoň, öz söýgiň ugrunda ýan bermän göreşmek ýaly häsiýetleri terbiýeleýär.

Söýginiň nämedigini öwrenmek üçin käbir filosoflar, lukmanlar bütin ömürlerini sarp edipdirler. Şeýle-de bolsa şu wagta çenli onuň doly kesgitlemesi tapylanok. Ýöne welin, bir zat hemmelere aýan, ýagny juwanlaryň biri-birlerini sulhlary almagy söýginiň başlangyjy hasaplamak bolar. Sulhlaryň alşyp bilmeýän ýerinde söýgi ody alawlap bilmez. Şahyryň «Perizat hatyny pis görner, bir sylhy almaýan ýigide» diýmegi söýginiň döremegi üçin, ilkinji şertleriň biriniň iki tarapyň-da häsiýetleriniň kybapdaş gelmegi bolup durýandygyny aňladýar.

Söýgi her kimde bir hili döreýär. Birinde ir ýüze çykýar, birinde giç. Ony her adam özüçe kabul edýär. Käbir adam onuň hupbatyny saýhally, durnukly halda başdan geçirýär, käbir adamy dälilik derejesine ýetirýär.

Häzirki döwürde söýgi sözüň doly manysynda azat boldy. Indi gadymy dessanlardaky ýaly söýginiň öňüne böwet basjak bolýan gara güýçler ýok. Ýaşlaryň birek-birek bilen tanyşmagyna, duşuşmagyna doly şertler bar. Medeni-seýil baglary, kinoteatrlar ýaşlaryň hyzmatynda. Ýöne azat söýgi diýen düşünjä käbir ýaşlar dogry düşünmeýärler. Seýil baglarda, köçelerde öz duýgusyna buýrup bilmän, dälilik derejesine ýeten ýaşlaryň hiç kimden utanman, wejera bolup oturyşlary ötegçilerde ýakymsyz duýgy döredýär. Şahyr K. Gurbannepesow bu «söýgini» teýeneli ýazgarýar, tankyt astyna alýar:

Söýgi hem modadan gaçýar diýýärmiň?
Hak aýdýaň, söýgä-de ýetipdir moda.
Kä gyz şu gün irden birini söýse,
Ertir irden düşýär başga bir oda.

Ýaşlar gazetinde okadym bir gün
Gurban diýen ýigdi söýüpdir bir gyz,
Onsoň Şamyrady, onsoň Igdiri.
Häzirem söýýärmiş gazak ýigidin,
Ertir kimi söýjek belli däl heniz.

Her bir zadyň öz ebeteýi, edebi bolşy ýaly, söýginiň hem öz ahlak kadalary, edebi bar. Ony ýaşlygyň ýelginine öwürmän, mukaddeslik hasaplamalydyr. Mukaddes söýginiň bezegi bolsa ilki bilen juwanlaryň utanç-haýasydyr.

Seýil bagynda oturan iki juwany göreninde şahyryň ýan depderçesinde şeýle setirler peýda bolýar:

Posa diýilýän zada
Pynhanlyk ýaraşýandyr.
Söýgiň mukaddesligin
Gorap saklaň, ýigitler.
Diňe «aşyk» şiňekler
Bihaýa ogşaşýandyr.
Ýalňyz bir posa üçin
Dagdan aşar bürgütler.

*(K. Gurbannepesow)*

Söýgi adamda bir gezek bolýar diýýärler. Ony duşuňdan geçirseň, geleňsizlik etseň, bütin ömrüňi ahmyr bilen ýaşamagyň mümkin.

Käbir halaşýan ýaşlar öz ata-eneleri tarapyndan çala garşylyk görseler, gaçyp durmuş gurýarlar. Elbetde, bu gaçyp barmak, gyz alyp gaçmak ata-baba dowam edip gelýän däpleriň biri. Bu däp türkmen edebiýatynda hem öz beýanyny tapypdyr. B. Seýtäkowyň «Doganlar», H. Derýaýewiň

«Ykbal», B. Kerbabaýewiň «Aýgytly ädim» ýaly romanlarynda gyzlaryň ýigitler bilen şowly ýa-da şowsuz gaçmaklary bu däbiň gadymy türkmen durmuşyna häsiýetli bolandygyna şaýatlyk edýär. Ol döwürlerde gyzyň halaşýan ýigidi bilen gaçyp durmuş gurmasa, başga alaç tapylmadyk bolmagy mümkin. Häzir halaşýan ýaşlara durmuş gurmak üçin ata-ene tarapyndan hiç hili garşylyk ýok. Bolaýanda-da XXI asyryň sowatly, aň-düşünjeli ýaşlary ata-enelerine öz geplerini düşündirip bilýärler. Şonda-da näme üçindir gaçyp gidýän gyzlar iki-ýeke tapylyp dur.

Elbetde, bu däp gadymdan bäri bar hem bolsa, ol halk köpçüligi tarapyndan doly oňlanylmandyr. Aýratyn-da, gaçyp giden gyzyň hossarlaryna ýokuş degipdir. Olar gyzyň özlerini namys astynda goýmagyny bagyşlap bolmajak etmiş hasaplapdyrlar. Kähalatda ata-eneler ömürleriniň ahyryna çenli gaçyp giden gyzlary bilen gatnaşmaýarlar. Olardan bolan çagalar-da baba, mama mährine zar bolýar. Galyberse-de, gyzyň bütin ömrüne «gaçyp gelen» diýen tagma ýaran bolup galýar.

Ata-enäniň başgalaryňky ýaly gyzlaryny deňli-derejeli durmuşa ataraslary gelýär. Olar gyzyny gelnalyjylap, şowhun, dabara bilen ugratmagy, gör, niçe ýyl bäri arzuw edip gelýärler. Gyzyň ýaşlyk ýelgini bilen eden hereketi ene-atany bu süýji umyt-arzuwdan mahrum edýär. Şonuň üçin gyzlar-da, oglanlar-da bu mesele barada çynlakaý oýlanmalydyrlar. Pähimli-paýhasly adamlar «Dünýede hiç bir alajy tapylmaýan, çözüp bolmaýan mesele ýok» diýýärler. Iki sany ýaş juwanyň tutýan durmuş toýlary hemmelere, ilki bilen-de ata-enä şatlyk getirmelidir. Diňe ata-enäniň razyçylygy bilen gurlan durmuş sözüň doly manysyndaky bagtly durmuş bolup biler.

?

1. Näme üçin gülleriň köpüsiniň şahalary tikenli bolýar? Şeýle hoşboý ysly, şeýle owadan ösümligiň tikenli bol-

magyny tebigatyň ýalňyşy hasaplamak bolarmy? Ýa-da başga sebäbi bolup bilermi?

2. Dostuň öz söýgülisini alyp gaçmakçy bolýar. Sen oňa näme maslahat berip bilersiň (sorag oglanlar üçin)?

3. Gyzlaryň gaçyp, durmuş gurmaklaryna nähili garaýarsyňyz?

4. Eger joraň hossarlary ony halaşýan ýigidine bermeseler, sen gyza näme maslahat bererdiň (sorag gyzlar üçin)?

*Azat söýgi diýen düşünje barada pikiriňi aýt.*

## Zähmete höwes we hünär saýlamak

Ynsany bezeýän zatlaryň biri-de, onuň zähmetidir. Ýaşaýan obaňyzda, şäheriňizde öz zähmeti bilen uly abraýa, bagta ýeten adamlar, hojalyklar näçe diýseň bardyr. Olar bilen gürrüňdeş bolsaňyz ýa-da iş salyşsaňyz, olaryň özlerini alyp baryşlary, gepi-sözi ýerindedir. Ýöne ýere «Halal zähmet adamy terbiýeleýär» diýilýän däldir.

«Zähmet soňy – rehnet», «Işleseň, il tanar» diýlişi ýaly, işleýän adamlaryň sarpasy, mertebesi belent, orny törde. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow halk hojalygy, oba hojalygy we beýleki pudaklar boýunça zähmetde tapawutlanan adamlary orden-medallar, gymmat bahaly sowgatlar bilen sylaglaýar, olara hormatly atlar dakýar.

Adam zähmete ýaşlykdan werziş bolmaly. Çagalykda öz güýjüniň ýetýän işi bilen meşgullanyp, zähmete uýgunlaşmasa, soň ulalansoň, oňa iş öwretmek, işletmek kyn bolýar. Beýik Magtymguly Pyragynyň «Ulalanda iş hoş ýakmaz, ýaşlykdan köýmän ýigide» diýen setirleri diňe bir oglanlara degişli däl. Durmuşa çykyp gelen gyzlaryň iňňä sapak dakyp bilmeýänleri-de bar ýa-da ýönekeýje heýgenegi bişirip bilmän, gaýynenesini azara goýup ýören gelinleriň ýüzleri gyzarmaly bolýar. Meşhur şahyr K. Gurbannepesowyň

«tarypyny» ýetirýän, uzyn güni aýnanyň öňünde geçýän Ogulsenemlere meňzemejek bolmaly:

Aýna bakyp bezenip dur çynar boýly Ogulsenem.
– Hanha seret, hamyry-da ýugrup otyr syrkaw eneň.
Hany derrew eliň ýuw-da, iýjek nanyň özüň ýugur!
– Ejem jandan aýlanaýyn!
Döwür şeýle, döwür.

Ýaşlar mekdep döwründen «Men geljekde nähili adam bolup ýetişmeli? Haýsy hünäri başararyn?» diýen ýaly sowallara jogap gözlemeli. Eger mekdepde öwredilýän bilimleri, hünärleri yzygiderli özleşdiren bolsa, oňa hünär saýlamak kyn düşmez. «Ýigide müň dürli hünär hem azdyr» diýlişi ýaly, durmuşda peýdasy degäýjek hünärleri öwrenseňiz, soň durmuşda olaryň size zyýany degmez. Meselem, oglanlar elektrik enjamlaryny bejermek, gurluşyk, bejeriş işlerinden baş çykarmak, ulag sürmäni öwrenmek, kompýuterde işlemek, ekin ekmek, zergärçilik, gyzlar tikin işleri, haly, tara dokamak, saçak bezemek ýaly hünärleri mekdep ýyllaryndan öwrenmeli. «Hünärli ýigit hor bolmaz» diýlişi ýaly, nirede bolsaňyz-da, hünär sizi goldar, hor etmez.

Mekdebi tamamlan her bir oglan, gyz durmuşda özüniň ornuny tapmalydyr. Ornuňy tapmak diýmek öz başarnygyňa, zehiniňe, ukybyňa laýyk kär saýlamak, özüňe mynasyp ýanýoldaş saýlap, durmuş gurmagy aňladýar.

Ýaşlaryň birnäçesi mekdebi tamamlansoň, ýokary okuw mekdeplerinde okuwlaryny dowam etdirmegi maksat edinýärler. Elbetde, önümçilige gitmäge-de, okuwyňy dowam etdirmäge-de ýaşlaryň hukugy bar. Ýöne welin şol synanyşjak mekdebiňdäki berilýän hünäre sende ukyp, söýgi barmy?! Mysal üçin, lukmançylyk ugrundan okamakçy bolsaň, ilki bilen özüňde lukmançylyk hünärine söýgi, höwes bolmaly. Soňra özüňde ukyp, başarnyk endiklerini terbiýelemeli. Şol hünäri ylmy nukdaýnazardan öwrenmegi, soňra ony ösdür-

megi maksat edinmeli. Diňe ýokary bilim almagyň hatyrasyna okuwa girmäge synanmaly däl.

Eýsem, bu barada çynlakaý oýlanyp gördüňizmi!? Özüňizde haýsy hünäre, haýsy käre höwes bardygyny anyklap bildiňizmi? Belki, ýokary okuw mekdeplerinde okuwyňyzy dowam etdirjeksiňiz!? Ýa-da halk hojalygynyň haýsy-da bolsa bir pudagyndaky hünär sizi özüne çekýändir. Aslynda, dünýäde näçe kär, hünär, wezipe bardygy barada gyzyklanýarsyňyzmy? Belki, oýlanansyňyz, ýöne olary sanap aňyrsyna çykyp bilen däl bolsaňyz gerek. Ony sanap çykmak mümkin hem däl. Olaryň adamzat döräli bäri bolup, şu gün hem dowam edýän toparlary bar. Ylmyň, sungatyň, medeniýetiň ösmegi bilen soňky döwürlerde doränleri-de köp. Hatda şu gün, düýn döräp başlanlary-da bar. Döreýşi ýaly ýitip gidýänleri-de bar. Ýöne welin adamzat döräli bäri dowam edip gelýän tebipçilik, halypaçylyk (mugallymçylyk) ýaly arzysy hiç wagt gaçmaýan, geljekde hem pese gaçmajak kär barmyka?!

Adamzat nesli dowam etjek bolsa, keseliň-de, sowatsyzlygyň-da garşysyna göreşäýmeli. Tebip kömek sorap gelen hassany jynsyna, ýaşyna, milletine garamazdan bejermeli. Hatda duşmany bolsa-da, oňa em etmeli. Mugallym hem şägirdiniň kimdigine garamazdan, oňa ak ýürekden sowat, terbiýe bermeli. Dünýäde şol iki käriň eýeleri bilen iş salyşmaýan adam ýok bolsa gerek. Adam dogan gününden başlap, tä bakyýa göçýänçä, günde-günaşa olar bilen ýüzbe-ýüz bolup durýar. Olaryň maslahatyna, kömegine mätäç bolýar.

Şahyr mugallymy bagban bilen deňeşdirýär. Bagban öz eken nahalynyň kök alşyna, ösüşine, ýapraklaýşyna syn edip begenişi ýaly, mugallym-da öz okuwçysynyň her bir üstünligine, aň-düşünjesine, edep-ekramyna, durmuşda öz ornuny tapyp, ene-atasyna, obasyna, mekdebine getirýän abraýyna guwanýar, Elbetde, mugallymçylyk işi gaty kyn, jogapkärli iş, irginsiz zähmeti talap edýän iş. Şol agyr zäh-

met olaryň saglyklaryna-da, daşky görnüşlerine-de täsir edýär. Göreçleri kütelýär, saçlary wagtyndan ir agarýar. Synçy adamlar uly märekäniň arasyndan mugallymy onuň daşky keşbinden tanap bilse gerek. Emma ýolda-yzda, köpçülikde «Salam, hormatly mugallym!» diýip mähir, uly sarpa, hormat bilen ýüzlenilen söz onuň ähli çeken azabynyň, kynçylygynyň öwezini dolýar. Biz bu ýerde diňe bir mugallymçylyk käri barada söhet açdyk. Ýöne her bir hünäriň-de mugallymçylyk käri ýaly zerurlygy, ähmiýeti bardyr. Halk arasynda aýdylýan «Hünär adamy däl-de, adam hünäri bezeýär» diýen aýtga laýyklykda islendik hünärde işläniňde, edýän işiňe hormat goýmaly, ony kämilleşdirmeli, halal zähmetiň bilen abraý almaga çalyşmaly. Ana, şonda adam hünäri bezäp biler. Gazanjyň halal bolman, galplyk bilen gazanylan bolsa, irde-giçde onuň üsti açylar we paş bolar.

Bir adam bütin ömründe gazanan puljagazyny ýaglyga düwüp, ýanyna alypdyr-da, jahankeşdelige rowana bolupdyr. Ol pyýada, ulagly uzak ýoly geçipdir. Bir gün deňizde barýarka, ýaglyga dolangy puluny deňizçileriň güýmenje üçin ýanyna alan maýmyny göterip, gäminiň bogaldagynyň üstüne çykypdyr. Syýahatçy onuň yzyndan kowalapdyr, emma bogaldagyň ýokarsyna çykyp bilmändir we töweregindäkilerden kömek sorapdyr. Emma hiç kim oňa alaç tapmandyr. Şol wagt gäminiň eýesi gelipdir-de, bolýan wakany dykgat bilen synlamaga başlapdyr. Ol öz maýmynynyň häsiýetine belet bolansoň, bu ýerde bir hikmetiň bardygyny aňypdyr. Maýmyn bolsa bogaldagyň ýokarsynda ynjalykly oturypdyr-da, pully ýaglygy açyp, onuň içindäki pullaryň käbirini ýeke-ýekeden suwa taşlap başlapdyr. Puluň eýesi has-da elewräp, gäminiň eýesine ýalbarmaga başlapdyr. Maýmyn bolsa puluň galan bölegini ýaglygy bilen jahankeşdäniň öňüne taşlapdyr. Ol puly tükelläp görse, üçden biri galypdyr. Ony synlap duran gäminiň eýesi ondan näme kär edýändigini sorapdyr. Jahankeşde özüniň bir-

ki sany sygyr saklaýandygyny we şol sygyrlaryň süýdüni satyp, güzeranyny dolaýandygyny aýdypdyr. Gäminiň eýesi bu ýerde nämäniň bolýandygyna düşünipdir we şeýle diýpdir: «Satýan süýdüňe suw goşupsyň. Onuň üçden biri suw eken. Maýmynyň suwa taşlan pullary süýde goşulan suwdan gelen pullar bolmaly. Dünýede hasapsyz zat ýok, suwdan gelen gazanç suwa-da gitdi».

Ata-babalarymyz çagalaryna iş salyşýan käriniň-de, gazanjynyň-da halal bolmagyny ündäpdirler. Ýurdumyz garaşsyzlygyny alandan soň, hususyýetçilige, telekeçilige giň ýol açyldy. Indi islän adam öz başarnygyna, bilimine görä, kanuny ýol bilen özüne iş ornuny açyp bilýär. Özüňe mynasyp kesp-kär saýlamak üçin, mekdebi gutarýançaňyz garaşyp ýörmän, ata-eneňiz, mugallymlaryňyz, deň-duşlaryňyz bilen maslahatlaşyp, häzirden aladasyny etmeli.

1. Geljekde nähili hünär saýlajakdygyňyz barada oýlandyňyzmy?
2. «Hünäri öwren-de, ýigren» diýen nakyla nähili düşünýärsiňiz?
2. «Edip beren ýeňňemden – edep beren ýeňňem» diýen gyz barada siz nähili pikirde?

*1. «Gelin bardyr arpa unun aş eder, gelin bardyr bugdaý unun daş eder» diýen nakylyň manysyny düşündiriň.*
*2. Öýde meşgullanýan hünäriňiz barada gürrüň beriň.*

## USSADYŇY HORMATLAMAK

Öz işine ezber, halypalyga ýetişen adamlara **ussat** diýilýär. Olaryň elinde bilim, terbiýe alýan, hünär öwrenýänlere **şägirt** diýipdirler. Şägirtler özlerine bilim, terbiýe berýän, hünär, başarnyk öwredýän ussatlaryna **halypa** diýip ýüzlenýärler. Öňki döwürde obalarda oglan-gyz okadýanlara molla diýlipdir. Soň ol mugallym sözi bilen çalşyrylýar. Ol

iki sözüň-de asly birdir. Kähalatda halypa, mugallym diýen sözler ugurdaşrak manyny aňladýar. Halypalar, mugallymlar belli bir hünär boýunça ýörite bilimi bolan hünärli adamlardyr. Durmuşda özüniň käri boýunça tapawutlanýan adamlara ussat diýilýär. Muňa mysal edip, mugallymçylyk hünärini alyp göreliň. Orta mekdebi üstünlikli tamamlan ýaşlar ýörite orta ýa-da ýokary okuw mekdeplerinde okap, mugallymçylyk etmäge hukuk berýän diplom alýarlar. Soňra birnäçe ýyl işläninden soň, baý tejribe toplap, kem-kemden öz hünäriniň ussady bolup ýetişýärler. Uly hormat goýlandygy sebäpli, ilat arasynda hakyky ussatlar, halypalar ölmeýärler diýen gürrüň hem bar.

Hakyky ussatlar ölmeýärler diýen gürrüňiň çuň manysy bolup, ol ussatlaryň özleri bu dünýäden ötüp gitseler-de, olaryň ýasan, dokan, tiken zatlary, salan jaýlary ýadygärlik bolup soňky nesillere galýar, tälim-terbiýe beren şägirtleri olaryň işini dowam edýärler diýen manyny aňladýar. Ussadyň, halypanyň ady-da, işi-de, hünäri-de ýatdan çykmaýar. Mysal üçin, Marydaky Soltan Sanjaryň ýadygärligi, ony salan Muhammet Atsyzyň ady hiç wagt unudylmaz.

Halypalaryň asylly başlangyjyny şägirtleri dowam etdirýärler, kämilleşdirýärler. Halypaň kärini kämilleşdirmek, dowam etdirmek olaryň sarpasynyň has-da belende göterilmegine ýardam edýär. Onuň üstesine-de halk arasynda «Şägirt halypadan ozdurmasa hünär ýiter» diýen nakyl hem bar. Şägirt halypadan ozduran wagtynda hem tekepbirlikden (men-menlikden) saklanmalydyr. Tekepbirlik şahsyýetiň abraýyny gaçyrýan ýaramaz gylyklaryň biridir. Halypadan ozdursa-da, şägirt onuň hormatyny, sarpasyny saklamaga çalyşmalydyr.

Türkmeniň dünýä belli bolan halyçylyk sungatyny mysal alyp göreliň. Gadymy wagtlarda enelerimiziň zähmet, zehin siňdirip döreden ajaýyp halyçylyk sungaty gelin-gyzlarymyz tarapyndan şu günlere çenli ökdelik bilen dowam

etdirlip gelinýär. Biziň günlerimizde halyçylyk sungaty bilen meşgullanýan gelin-gyzlarymyzyň arasynda çeperçilikde, ussatlykda öz enelerinden, halypalaryndan ozduranlary sanardan köpdür. Ýöne şonda-da olar halkymyza mahsus bolan asylly, adamkärçilikli sypatlary ýatdan çykarmaýarlar, öz halypamdan ozdurdym diýip, olara göwnüýetmezçilik etmeýärler, öz ussatlaryna minnetdarlyk bildirýärler. Sebäbi olar özlerine bu ugurdan başlangyç endikleri ussadyň öwredendigine oňat düşünýärler. Şonuň üçin olar öz işleri hakynda gürrüň berenlerinde, ilki bilen halypalarynyň atlaryny agzaýarlar, olary ýagşylykda ýatlaýarlar. Bu mesele diňe bir halyçylyk sungatynda däl, islendik hünärdäki ussat – bagşy, seýis, suratkeş, tikinçi, lukman, mugallym özüne bilim, terbiýe beren, hünär öwreden ussadyna, halypasyna mynasyp hormat goýýandyr. Beýik şahyr Magtymgulynyň nygtaýşy ýaly, «Tälim beren ussadyňdan aýrylma».

Biziň ata-baba gelýän ýörelgelerimizde halypa, ussat ata-eneden soňra uly hormat goýulýan adamdyr. Eger hakyky manysynda ulansak, mekdeplerde dürli ugurlar boýunça özümize bilim-terbiýe berýän, hünär, başarnyk öwredýän mugallymlar biziň halypamyzdyr.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda umumy orta bilimiň hemmeler üçin hökmanydygy nygtalýar. Her bir ýetginjegiň ilkinji halypasy onuň mugallymydyr. Şoňa laýyklykda biziň ýurdumyzda mugallymyň tälim-terbiýesini alman ulalan adam ýokdur. Şonuň üçin mugallymlar jemgyýetiň ähli agzalarynyň hormatly halypasydyr. Ýagşyny, ýamany seljerýän her bir adam özüniň halypasy hökmünde mugallyma uly sarpa goýmalydyr, mydama ony ýagşylykda ýatlamalydyr.

Okuwçylar öz halypalary – mugallymlary bilen her günde ýüzbe-ýüz bolýarlar. Islendik jemgyýetde mugallymçylyk sylanýan we hormatlanýan kärdir. Näme üçin ony aýratyn sarpaladylarka!? Ilki dünýä ineninde adamynyň hiç hili bilimi-de, dünýägaraýşy-da, durmuş tejribesi-de bolmaýar.

4. Sargyt № 1875

Hatda geplemegi-de belli bir döwür aralygynda, daşky gurşawyň täsiri astynda öwrenýär.

Adamzat dünýä inenden soň, ilkinji görüm-göreldäni, tälim-terbiýäni, başarnygy, dünýägaraýşy maşgalada ata-eneden öwrenýär. Mekdep ýaşyna ýeteninden soň bolsa, mugallymlaryň, terbiýeçileriň ýolbaşçylygynda maşgalada öwrenen zatlaryny has çuňlaşdyrýarlar we baýlaşdyrýarlar. Mugallym haýsydyr bir gysga döwrüň içinde çagalary uly nesilleriň toplan tejribesinden ep-esli zatlar bilen tanyşdyrýar. Şonuň ýaly-da, ol okuwçylary alnan bilimlerini durmuşda ulanmagyň tärleri bilen tanyşdyrýar. Bu bolsa kämillik ýaşyna çenli wagtda okuwçylaryň hemmetaraplaýyn taýýarlykly adamlar bolup, ýetişmeklerine mümkinçilik döredýär. Ýagşylygy unutmaýan her bir adam özüni durmuşa taýýarlandygy üçin, mugallyma minnetdar bolmalydyr.

Şeýlelikde, mekdepde dürli ugurlar boýunça özümize bilim, terbiýe berýän, başarnyk, hünär öwredýän mugallymlar biziň halypamyz bolup durýarlar. Adamlaryň arasynda mugallymçylyk iň arassa, iň gowy kär diýlip hasap edilýär. Sebäbi mugallymlar jemgyýetiň iň gymmatly baýlygy bolan ýaş nesilleri hemme taraplaýyn sazlaşykly ösen adamlar edip ýetişdirmek ugrunda zähmet çekýärler. Onuň işi-de, wagty-da çagalaryň arasynda geçýär. Şonuň üçin bolsa gerek, adamlar mugallym çaganyň ikinji ata-enesidir diýip aýdýarlar. Mugallym ata-ene ýaly iýdirip-içirmese-de, çaga edep, terbiýe berýär, sowat öwredýär, çaganyň aňynda kesgitli dünýägaraýşyň kemala gelmegine kömek edýär, dürli ugurlar boýunça hünär öwredýär, başarnyk berýär. Geljekki durmuşda özüni alyp barmagyň edep kadalary bilen tanyşdyrýar, özüni alyp barmakda nämäniň oňatdygyny, nämäniň ýaramazdygyny seljermegiň tärlerini öwredýär.

Dünýä belli alym, tebip, Lukman Hekim mekdepde jan edip okapdyr. Öwredilýän bilimleri çuňňur özleşdiripdir.

Okuwy tamamlanyndan soň, özbaşdak okap, bilimini has-da çuňlaşdyrypdyr. Netijede, mekdepde okadan mollalaryndan hem köp zatlary bilipdir. Emma şonda-da ol tekepbirlik etmändir. Özüne bilim, terbiýe beren mollalaryna çäksiz uly hormat goýupdyr, mydama olary ýagşylykda ýatlapdyr. Özünden soňky nesillere «Ussadyňy atańdan hem eziz gör, ony hormatla» diýip wesýet edipdir. Sebäbi ol özüniň dünýä belli beýik alym bolup ýetişmegine sebäp bolanyň mugallymdygyna oňat düşünipdir. Türkmenleriň «Agaç näçe beýik bolsa-da, miwesi aşak» diýişleri ýaly, Lukman Hekim örän pes pälli adam bolupdyr. Şonuň üçin onuň halk arasyndaky abraýy-da örän belende göterilipdir. Adam çagalykdan şular ýaly belent mertebeli adamlardan görelde almalydyr, olaryň ajaýyp gylyk-häsiýetlerini öz şahsyýetine ornaşdyrmak barada alada etmelidir.

Köne dini mekdeplerde okuwçynyň, talybyň özüne tälim-terbiýe berýän mollasynyň, hünär, başarnyk öwredýän ussadynyň ýüzüne dikanlap seretmegini, olar bilen belent owazda gürlemegini, käýeýän wagtlarynda gaýtargy bermegini, olaryň rugsat etmedik zatlaryna baş goşmagyny, tabşyryklaryny berjaý etmezligini, halypanyň ýanynda oýun etmegini, degşip-gülüşmegini biedeplik hasaplapdyrlar. Halypa, ussada hormat goýulmagy, olaryň diňe ýagşylykda ýatlanylmagy, diýen-aýdanlarynyň, tabşyryklarynyň hoşallyk bilen berjaý edilmegi şägirdiň öz mertebesiniň-de belende göterilmegine oňaýly täsirini ýetiripdir. Sebäbi ata-babalarymyz özüni eklap-saklan, tälim-terbiýe beren, hünär öwreden ata-enäni, halypany hormatlamaýan adam hiç kimi-de hormatlamagy we olara sarpa goýmagy başarmaz diýip düşünipdirler.

Milli däplerimizde ylymly bolmak ýagşy gylyklaryň biri hasaplanypdyr. Dini yslamda ylym imanyň tohumydyr diýlip aýdylypdyr. Ylymly bolmagyň maksady haýsydyr bir wezipä eýe bolmak däl-de, öz saýlap alan hünäriňi ylmy

taýdan öwrenmekdir hem-de şol hünäri kämilleşdirmek, ösdürmekdir. Alan bilimiňi il-günüň bähbidine ulanmakdyr. Iň esasy zat-da öwredilen ylmy arassa ahlak bilen bezemek, onuň üstüni ýetirmek zerurdyr. Alnan bilimi arassa ahlak bilen bezemegiň iň esasylarynyň biri-de halypanyň sarpasyny saklamakdyr.

Andalyp, Azady, Magtymguly, Nowaýy, Kemine, Zelili, Seýdi, Mollanepes ylym babatynda özlerine bilim beren mollalaryndan has köp sowatly adamlar bolup ýetişipdirler. Şonda-da olar özlerine bilim, terbiýe beren halypalaryny hiç wagt ýatdan çykarmandyrlar. Sebäbi olar özleriniň alym bolup ýetişmeginiň düýbüni mollalarynyň tutandygyna oňat düşünipdirler.

Her bir okuwçy mugallymynyň gadyryny bilmelidir we oňa hormat goýmalydyr. Sebäbi mugallymlar hem özleriniň bilim, terbiýe berýän, hünär öwredýän şägirtlerini söýýärler, olaryň medeniýetli adamlar bolup ýetişmekleri üçin uly tagalla edýärler. Bagbanyň öz eken daragtynyň gün-günden boý alyp ösüşine guwanyşy ýaly, mugallym-da şägirdiniň edep-ekramyna, ilhalar adam bolup ýetişişine begenýändir.

Durmuş tejribesiniň çäkliligi, gözýetimininiň darlygy sebäpli käbir okuwçy mugallymyň aýdýan, düşündirýän zatlarynyň ähmiýetine kembaha garaýar. Belli bir döwürden soň, olar öz hereketleriniň nädogrudygyna düşünýärler, ýöne olaryň köpüsi eýýäm duşdan geçirilen zat bolup galýar. Şonuň üçin soňundan ökünmez ýaly, halypanyň öwredýän zatlaryny üns berip diňlemek we pugta özleşdirmek gerek. Durmuşda goýberen hataňy düzetmäge mümkinçiligiň bolmaýan halatlary-da bolýar. Her bir zadyň gadyryny öz wagtynda bilen ýagşy.

?

1. Ussat, halypa, şägirt diýip kimlere aýdylýar?
2. Näme sebäbe görä adamlar ussada, halypa uly hormat goýupdyrlar?

3. Özüň mugallymlaryňa nähili hormat goýýarsyň?
4. Eger halypalyga ýetişseň şägirdiňde nähili sypatlary görmek işleýärsiň?
5. Hemme hünärli adam halypa bolup bilermi?

## SAGDYN DURMUŞ ÝÖRELGESI

### SAGLYK – BAÝLYK

Adamlar tanyş-bilişleri bilen duşuşanlarynda ilki bilen birek-biregiň saglygyny soraşýarlar, hoşlaşanlarynda hem sag-gurgun ýaşamaklaryny arzuw edýärler. Ynsan hemişe Taňrydan dileg edende hem ilki bilen saglygy hem agzybirligi dileýär. «Il saglygy – ýurt baýlygy» diýen şygary öňe süren döwletimiz öz raýatlarynyň saglygyny döwletiň baýlygy hasaplaýar.

Halk lukmançylygynda näsagy bejermegiň esasy ugry – gül bilen bejermek, ýagny derman ot-çöplerini ulanmak bilen näsagy bejermek bütin dünýä boýunça giň ýaýran usuldyr. Halk arasynda aýdylýan rowaýatlara görä, Lukman Hekim ýaş oglanka tötänlikde bir kökäni iýipdir. Şondan soň ýöräp barýarka gögerip oturan ösümlikler onuň aýagyna ýapyşyp: «Men pylan derdiň dermany, men pylan derde em» diýip gygyryşýar ekenler. Soňra Lukman olardan geregini alyp, näsaglary bejerip başlaýar.

Derman ösümliklerini ylmy taýdan öwrenen hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly kitabyny ýazyp, halka peşgeş berdi. Bu kitapda ýurdumyzda gögerýän dermanlyk otlar, olaryň kesel bejermekde ähmiýeti, dermanlyk häsiýeti barada giňişleýin maglumatlar berilýär.

Bütin dünýäde 10–12 müň töweregi derman ösümligi bolup, olaryň 20 göterime golaýy biziň Watanymyzda gögerýär. Aslynda gögerýän ähli bag-bakjalaryň, ösümlikleriň hemmesiniň dermanlyk häsiýeti bolmaly. Tebigatda bar bolan

janly hem jansyz zatlaryň hemmesi biri-biri bilen örän jebis sazlaşykda bolup, biri-biriniň ýaşamagy, dowam etmegi üçin ýaradylan bolmaly. Ýöne entek şol ösümlikleriň hemmesiniň dermanlyk häsiýetleriniň üsti açylanok.

Döwletimiz tarapyndan «Raýatlaryň saglygyny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Raýatlaryň saglyk döwlet ätiýaçlandyrmasy esasynda ýeňillikli lukmançylyk hyzmatlary bilen birlikde derman serişdeleri berilýär. Paýtagtymyzda, welaýatdyr etrap merkezlerinde gurulýan saglyk öýleri, hassahanalar, şypahanalar ilata ýokary derejede lukmançylyk hyzmatlaryny edýärler. Ondan başga-da, her bir ilatly merkezlerde sport, bedenterbiýe meýdançalary gurlup, olar dünýäniň ösen döwletleriniň sport enjamlary bilen abzallaşdyryldy. Hormatly Prezidentimiziň Karary bilen her ýylyň tutuş bir aýy – 1–30-njy aprel aralygynda dabaraly sport çäreleriniň geçirilmegi hem ýurdumyzda adam saglygynyň döwletimiziň baş aladalarynyň biridigine şaýatlyk edýär.

Saglyk adam durmuşynda iň zerur mesele bolansoň, ol ýazyjy-şahyrlaryň döredijiliginde agramly orny eýeläpdir. Şahyrlar sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz edipdirler. Adam ömrüne, saglygyna howp berýän her hili neşelerden ägä bolmaga çagyrypdyrlar.

Beýik şahyr Magtymguly Pyragy-da öz goşgularynda adam saglygyna, onuň gadyryny bilmäge aýratyn orun beripdir. Şahyr:

> Jan saglygyň bolmaz hiç deňi-taýy,
> Agşam ýatyp, ertir şükrün kyl ýagşy.
>
> Saglygyň gadryny bilgil, hasta bolmasdan burun.
>
> Hasta bolmaýyn, saglygyň
> Ganymatyn bilen barmy? –

diýmek bilen, saglygyň gadyryny bilmegi, ony gorap saklamagy wagyz edipdir.

Eýsem, saglygy nädip gorap saklamaly!? Ilki bilen lukmanlar arasynda «Keseli bejermekden onuň öňüni almak amatly» diýen ýörelgäni berjaý etmäge çalyşmaly.

Adamyň saglygy belli bir derejede onuň özüne baglydyr. Her bir adam bedenterbiýe we fiziki maşklar bilen yzygiderli meşgul bolup, wagtly-wagtynda, kadaly iýmitlenmegi başarmalydyr. Çagalykdan öz bedeniňe, geýim-gejimiňe, ýaşaýan otagyňa esewan bolmagy endik edinmelidir. Onuň üçin ilki bilen ýuwunmagyň, diş arassalamagyň, saç daramagyň, gözüňe, gulagyňa esewan bolmagyň zerurlygy ulular tarapyndan düşündirilmelidi. Bu babatda ilki bilen ulular çagalara görelde bolup, arassaçylygyň saglygyň girewidigini hemişe ýatladyp durmalydyrlar. Göz, gulak, diş, umuman, saglygyň adama mydama gerekdigini, olara wagtynda esewan bolunsa, ideg edilse, dişleriň ir dökülmeginiň, göz-gulagyň wagtyndan öň kütelmeginiň öňüni alyp boljaklygyny aňlaryna ýetirmelidir. Umuman, ulular çagalaryň arassaçylyga, öz saglyklaryna esewan bolmagy endik edinmeklerine gözegçilik etmeli. Şonuň bilen birlikde ata-eneler, uly doganlar öz geýim geýişlerinde, gigiýena kadalarynyň berjaý edilişinde çagalara mydama görelde bolmaly.

Her bir oglan-gyzda öz saglygyny gorap saklamak barada ýeterlik düşünje bolmaly. «Kowusnama» kitabynda adamyň gündelik gün tertibi 3 topara bölünýär, ýagny gije-gündiziň 24 sagadynyň 8 sagadyny işlemek, 8 sagadyny hojalyk işlerine, dürli harajatlara, 8 sagadyny bolsa uklap, dynç almaga sarp edilmeli. Adam her günde ortaça 8 sagat ýatmalydyr. Eger sagdyn adam 3 gije-gündiz, ýagny 72 sagat uklamasa, onuň heläk bolmagy mümkindir. Wagtynda ýatyp, wagtynda turmagy endik edinmeli. Ata-babalarymyz Gün dogýança ýatmagy halamandyrlar. Häzirki giň ýaýran süýji keseli, infarkt, gan basyşynyň ýokary bolmagy, esasan, adamlaryň sagdyn durmuş ýörelgesini ýöretmeýänliginden hasap edilýär. Wagtly-wagtynda iýip-içmek, iýmitleri seljer-

mek, esasan, gök önümleri köpräk peýdalanmak bilen, biz öz saglygymyzy gorap bileris.

Bir adam içiniň towlap, erbet agyrýanlygyndan zeýrenip, lukmanyň ýanyna barypdyr. Lukman onuň iýip-içen zatlaryny anyklansoň, onuň gözüne derman damdyrmakçy bolupdyr. Näsag gatyrganyp, gözüniň däl-de, içiniň agyrýandygyny lukmana ýatladypdyr. Lukman oňa: «Ilki bilen seniň gözüňi bejermeli. Heý, akyly ýerinde bolan adam şol zatlary iýermi? Iýýän zatlaryňa siňe seredip, saýgaryp iýjek bolmaly» diýipdir.

Häzir döwletimiz adam saglygyny gorap saklamak barada yzygiderli alada edýär. Ýaşlar çap edilýän edebiýatlarda, «Saglyk», «Türkmenistanyň lukmançylygy» ýaly žurnallarda adam saglygy, ony gorap saklamak barada berilýän maslahatlary, maglumatlary gollanyp, sagdyn durmuş ýörelgesini özüňe hemra edinmeli. Her bir işde arassaçylyga, tertiplilige aýratyn üns bermeli. Ilki bilen ýatýan otagyňy tertipli, arassa saklamagy adat edinmeli. Her günde penjireleri açyp, otagyň howasyny çalşyryp durmaly. Otagdaky her bir öý goşlarynyň öz orny bolmaly. Ol seniň okamagyňa, işlemegiňe, dynç almagyňa päsgel bermeli däldir. Kitaplaryňy, depderleriňi, okuw esbaplaryňy aýawly sakla. Her bir hojalykda şahsy kitaphana bolmalydyr. Okamak üçin satyn alýan kitaplaryňy aýratyn tekjelerde aýawly saklamaly. Ol kitaplar soň gaýtadan neşir edilmezligi mümkin. Häzir obalarda, şäherlerde müňden-de geçýän şahsy kitaphanaly hojalyklar az däl. Olaryň öý kitaphanalary etrap, welaýat derejeli kitaphanalar bilen bäsleşip bilýär.

Her bir okuwçy gündeki etmeli işleriniň gün tertibini düzmelidir. Irden turup, tä agşam ýatmak üçin düşegiňe girýänçäň etmeli işleriň umumy tertibini düzmeli, ýagny irki maşklar, ýuwunmak, ertirlik edinmek, okuwa gitmek, okuwdan gelip, 2–3 sagat dynç almak, öý işleriňe taýýarlanmak, hojalyga kömek bermek, iýmek-içmek we ş.m. işleriň anyk tertibini ýöretmeli.

Häzir her bir hojalykda diýen ýaly kompýuterler, notbuklar bar. Olaryň üsti bilen sapaklara taýýarlanmak, dünýä täzelikleri bilen tanyşmak bolýar. Ýöne kompýuterde işlemegiň, olary peýdalanmagyň hem özüne ýeterlik edep-tertibi bar.

Kompýuterleriň öňünde uzak oturmak gözleriň saglygyna belli bir derejede päsgel berýär. Kompýuteriň başynda uzak oturýan adamlar her 20 minutdan göze dynç bermelidir, şeýle-de 4–5 minutlyk bedenterbiýe maşklaryny ýerine ýetirmeli. Galyberse-de, Internetde berilýän maglumatlardaky adam psihikasyna, aýratyn-da ýaşlaryň aň-düşünjesine ýaramaz täsir edýän maglumatlardan gaça durmalydyr. Ulanmaly maglumatlar barada ata-eneleriň, mugallymlaryň berýän maslahatlaryna gulak asmaly.

Umuman, öz saglygyňa ýaşlykdan esewan bolmaly. Lukmanlaryň häli-şindi tekrarlaýyşlary ýaly, keseli bejerenden onuň öňüni almak aňsat.

1. Derman ösümliklerinden haýsylaryny ulanýarsyň?
2. «Keseli bejermekden onuň öňüni almak amatly» diýen aýtga nähili düşünýärsiň?
3. Lukman Hekim barada nähili rowaýatlary bilýärsiň?

*1. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly kitabyny okaň we derman ösümlikleriniň dermanlyk häsiýetlerini öwreniň.*

## Päkize we sypaýy geýinmek

Durmuşda özüňi edep-ekramly, medeniýetli alyp barmakda ownuk mesele ýok. Adamlar birek-biregiň gylyk-häsiýetine üns berişleri ýaly, olaryň daşky sypatlaryna-da, arassa-päkizeligine-de ähmiýet berýärler. Adamyň geýim geýşi, arassaçylygy belli bir derejede onuň içki häsiýetini hem açyp

görkezýär. Egin-eşigi arassa, döwrebäp sypaýy geýnen adam özi barada töweregindäkilerde ýakymly duýgy döredýär. Halk arasynda «Eşigiňe görä kabul edilýär, akylyňa görä ugradylýar» diýen aýtgyda daşky gözellik bilen içki gözelligiň bap gelmegi nygtalýar. Şonuň üçin her bir adam geýim geýmegiň-de inçe tilsimlerini, medeniýetini içgin öwrenmelidir. Ilki bilen synaňa ýaraşykly, döwrebap, ölçegi özüňe laýyk eşikler saýlanyp alynmalydyr. Özüňe ýaraşykly eşik adama diňe bir gözellik bermän, ol keýpiňi, ruhuňy-da göterýär.

Döwrüň ösüşi adamlaryň geýim-gejimine hem ýiti täsir edýär. Mundan 40–50 ýyl ozal alnan suratlardaky adamlaryň egin-eşigi bilen häzirki geýimleri deňeşdirseň, olaryň arasyndaky tapawutlara göz ýetirmek bolar. Ol, esasan-da, gelin-gyzlaryň eşiklerinde aýdyň duýulýar.

Ýaşlaryň arasynda döwrebap geýinmek diýen düşünje bar. Elbetde, döwürden yza galyp, ilden saýlanmak bolmaz. Ýöne döwrebaplyk diýen söze her bir adam özüçe düşünýär. Döwrebap geýinýär diýdirmek üçin, hopul-sopul ýa-da syrlaşyp duran eşikleri geýmek bilen, özüňe medeniýetli diýdirip bolmaz. Döwrebap egin-eşik hem ilki bilen millilige ýugrulan bolmalydyr.

Medeniýetlilik ilki bilen adamyň akyl-huşunda, edep-ekramynda bolmalydyr. Içki medeniýet bilen daşky medeniýet sazlaşanda, esasan-da, ol millilik bilen bezelende ynsana aýratyn gözel keşp berýär.

Geýim geýmegiň hem özüne ýetik aýratynlyklary bar. Ata-babalarymyz çagalaryna geýimi sag elden, sag aýakdan geýinmegi we çykaranlarynda çepden çykarmagy öwredipdirler, şeýle-de geýen eşigiňi mazamlamak, güjeňlemek ýaly gylyklar ýazgarylypdyr. Egin-eşikler geýlende, üç gezek silkmegi, ýuwup-serlende hem çöwre tarapyna sermegi öwredipdirler.

Beýleki milletlerde bolşy ýaly, biziň halkymyzda hem aýal eşigi bilen erkek adamyň geýimi tapawutlanýar. Türk-

men gelin-gyzlarynyň milli eşiklerine-de täze mazmunly, döwrebap biçüwler öz täsirini ýetirýär.

Geýiljek eşikleriň möwsüme, wagta hem-de ýerli ýagdaýa görä degişlisini saýlap bilmegi başarmaly. Toýlara, dabaralara, teatra, seýilbaglara bezenip geýnip barmak bilen ýas ýerlerine geýilmeli geýimleriň arasynda käbir tapawutlar bardyr. Ýas ýerine ak ýa-da ýagty reňkli eşikler geýip barmak geň görülýär.

Mekdebe okamaga barlanda mekdepde kabul edilen eşikleri geýmelidir. Oglanlar üçin, gyzlar üçin möwsümlerde geýilmegi tassyklanan eşikler mekdep okuwçylaryna özboluşly bezeg berýär. Galyberse-de, ol okuwçylary birek-birekden tapawutlanjak bolmak ýaly tekepbirlikden saklaýar. Elbetde, okuwçylaryň hemmesiniň ýaşaýyş derejesi, gün-güzerany deň däl. Bu ýagdaý olaryň eşik geýnişlerine-de täsir edýär. Kaşaň geýnip gelýän okuwçylarda tekepbirlik, gopbamsylyk, ulumsylyk ýaly ýaramaz gylyklar ýüze çykyp başlaýar. Sada eşikli okuwçylarda bolsa kemsinme, hatda owadan eşik bilen üpjün edip bilmeýän ata-enesine närazylyk döremegi-de mümkin. Şonuň üçin hem okuwçylar üçin mekdepde hemmelere ortalyk, birmeňzeş görnüşli geýim kabul edilýär. Okuwçylar mekdebiň içki tertip-düzgünlerine hormat goýup, şol kabul edilen eşikleri geýmekleri hökmandyr. Arassa-päkize köçeler bilen barýan ak köýnekli, gara balakly, galstukly oglanlary, kelleleri tahýaly, saçlary örülen ýaşyl köýnekli gyzlary göreniňden, olaryň mekdep okuwçylarydygyny aňýarsyň. Olaryň tebigatyň gözelligine has-da bezeg berip baryşlaryny synlan adamda olara bolan guwanç duýgusy oýanýar.

Oglanlar dabaralarda, okuw mekdeplerinde gara reňkli kostýum geýýärler. Kostýum elmydama arassa we ütüklenen bolmalydyr. Gara kostýumyň içinden ak köýnek geýilýär we ýagty reňkli bolmadyk galstuk dakynylýar. Köýnegiň ýeňleri penjegiň ýeňinden 1 santimetr aşakda

görnüp durmalydyr. Reňkli ýa-da neýlon, trikotaž köýnekler geýilmeýär. Kostýumyň aşagyndan gara reňkli köwüş geýmek maslahat berilýär. Kostýumyň aşagyndan sandal köwüş gelişmeýär. Köwüş hökman joraply geýilmelidir. Jorap köwşüň reňkine däl-de, balagyň reňkine görä saýlanylýar. Onuň reňki gaty ýagty we göze ilginç bolmaly däldir. Ýönekeý, nah joraplaryň adamyň saglygyna peýdasy bardyr.

Erkek adamlar hökman öz dakynýan galstugyny daňmagy başarmalydyrlar. Onuň daňlyşynyň birnäçe usullary bar: ýönekeý düwün, üçburç düwün, haç görnüşli düwün, goşa düwün, «awangard», «Windzor», «nýu-klassyk» we ş.m. Erkek adamlaryň köpüsi, esasan, ýönekeý düwünli galstuk dakynýarlar. Onuň daňlyş usuly:

1. Galstugyň inli tarapyndan sagdan başlamaly (5-nji surata seret).




**5-nji surat.**

Galstugyň daňlyş yzygiderliligi.

2. Galstugyň inli tarapyny insiz tarapynyň üstünden atanaklaýyn aýlap, sag tarapyna geçirmeli.
3. Galstugyň inli tarapyny ýene bir gezek insiz tarapynyň üstünden aýlamaly.
4. Galstugyň inli tarapyny ýokaryk çekip, emele gelen boýun halkasynyň içinden geçirmeli.
5. Galstugyň inli tarapyny emele gelen düwnüň içinden geçirip, aşak çekmeli.
6. Galstugyň inli tarapyndan tutup, düwni boýun halkasyna tarap ýokaryk galdyrmaly.

Türkmen halky gelin-gyzlara aýratyn hormat goýupdyrlar. Olaryň egin-eşikleriniň, bezeg şaý-sepleriniň bezegine-de üns beripdirler. Gadymy döwürlerden başlap, gymmatbaha daşlardan, altyn-kümüşden ýasalan şaý-sepler bilen öz gelin-gyzlaryny, ene-mamalaryny bezäpdirler. Ol şaý-sepler gelin-gyzlaryň görk-görmeklerine zyba öwüşgin beripdir. Olary edepli, sypaýy görkezipdir. Ýöne soňky döwürlerde ýaşlaryň arasynda, onda-da gyzlaryň gymmatbaha altyn-kümşi dakynmakda, ulanmakda öte geçilýän ýerleri bolýar. Ata-baba gelýän däp-dessurlarda altyn-kümşi dakynmakda kabul edilen ýörelgeler bolupdyr. Olar häzir hem dowam edýär. Bezeg şaý-seplerini dakynmagyň öz ýeri bar. Käbir ýas ýerinde hem ýaş gyzlaryň altyn-kümşe beslenip oturyşlaryny görenler oňa haýran galyp seredişýärler.

Ýa-da mekdep okuwçylarynyň arasynda hem sagdyn dişlerini gyrdyryp, altyn diş saldyrýanlaryna-da duş gelmek bolýar. Bu ýaramaz nysagy meşhur şahyr K.Gurbannepesow öz wagtynda ýazgarypdy:

Gelin, näme dänjirýärsiň? Çüýredimi öňki dişiň?
Altyn seni ýigdeltmändir: kyrk bolupdyr otuz ýaşyň.
Hem pul seçdiň, hem garradyň, hem dişiňe berdiň jebir...
Iller şeýdýär, bizem şeýtdik,
Döwür şeýle, döwür.

Ata-babalarymyz adama syn edenlerinde onuň egin-eşikleri bilen birlikde synasyna, kaddy-kamatyna, beden arassalygyna üns beripdirler. Adamyň üst-başynyň tämizligi, arassalygy medeni derejesi bilen baglydyr. Saçy bejerilmedik, sakgaly, dyrnaklary ösgün, eşikleri sallam-sajak ýigit hiç kimde-de ýakymly duýgy döretmese gerek.

1. «Eşigiňe görä kabul edilýär, akylyňa görä ugradylýar» diýen nakyla nähili düşünýärsiňiz?
2. Galstugyň daňlyş tertibini bilýärmisiňiz?
3. Döwrebap geýinmek diýen söze nähili düşünýärsiňiz?

*K. Gurbannepesowyň «Altyn seni ýigdeltmändir: kyrk bolupdyr otuz ýaşyň» diýen setirleriniň aňladýan manysyny aýt.*

## Sözleýiş medeniýeti

«Sözleýiş» adalgasy giň manyly söz bolup, ol dil biliminde gürlemek ukyby, sözlemek endigi, aýratynlygy diýen ýaly manylarda ulanylýar. Ol kähalatlarda geplemek, gürlemek diýen ýaly sözler bilen ugurdaş hem ulanylýar. Türkmen dili örän baý dilleriň biri bolup, onda öz pikiriňi, duýgy-düşünjäňi beýan etmek üçin giň mümkinçilikler bar. Mysal üçin, «seretmek» diýen düşünjäni onlarça manydaş sözleriň üsti bilen aňlatmak mümkin. *Seretmek, garamak, bakmak, äňetmek, esetmek, görmek, gözlemek, çiňňermek, tiňkäňi dikmek, jikgermek* we ş.m. Ýöne şu sözleriň hemmesi seretmek düşünjesini aňladýan-da bolsa, sözlemiň stili, ulanylýan ýeri bilen bagly olaryň ýerliklisini saýlap almagy başarmaly. Sözleýiş medeniýeti her bir sözüň manysyna dogry düşünmegi we ony ýerlikli ulanmagy hem-de edebi dilde aýdylmagyny talap edýär. Öz pikirini, duýgy-düşünjesini beýan etmek üçin, her kimde başarnyk, söz baýlygy, dile-

warlyk, ukyp, şeýle-de diňleýjini özüňe çekmek üçin ses belentligi gerek. Hiç bir adamyň sesiniň başga adamyň sesine meňzemeýşi ýaly, olaryň sözleýşi, beýan edişi-de biri-birine meňzeýän däldir. Mysal üçin, «Şükür bagşy» filminiň mazmunyny on sany okuwçy gürrüň berse, olaryň hersi öz söz baýlygyna, gürrüň beriş ukybyna laýyklykda aýdyp berer.

Türkmen halky söz sungatyna, dilewar adamlara uly sarpa goýupdyr. Ependi, Myraly, Esenpolat, Babalakgy, Kemine, Ata Köpek ýaly söz ussatlarynyň atlaryny dilden-dile geçirip, biziň günlerimize çenli ýetiripdirler. Häzir olaryň ady tutulan ýerinde adamlaryň ýüzlerinde biygtyýar ýylgyrma peýda bolýar. Olar özleriniň gepe çeperligi, suhangöýlügi, dil serişdelerini örän ýerlikli peýdalanyp bilişleri bilen özlerini şöhratlandyrypdyplar. Elbetde, olaryňky ýaly dilewarlyk, gepeçeperlik her adama berilmändir, ýöne sypaýy, süýji dilli bolmak, medeniýetli sözlemek özümize bagly. Çeper eserleri köp okamak adamyň sözleýiş medeniýetine örän uly täsir edýär.

Sözleýiş medeniýetinde adamlaryň biri-birine aýdýan hoş sözlerine «jadyly sözler» hem diýilýär. Dogrudan-da, *ertiriňiz haýyrly bolsun, gijäňiz rahat bolsun, armaweriň, sag boluň, minnetdar, bagyşlaň, taňryýalkasyn, ýagşy bolýaňyzmy, hoş geldiňiz, gelip duruň, ýoluňyz ak bolsun, işdäňiz açyk bolsun, gutly bolsun* diýen sözleri köp ulanýan adamy hemmeler sylaýarlar. Olara hiç kim medeniýetsiz adam diýip bilmez. Gadymy lukmançylykda «Keseli dil bilen, bolmasa gül bilen, onda-da bolmasa, tyg bilen» diýen aýtgy bar. Bu aýtgy näsagy ýagşy söz bilen bejermeli, bolmasa dermanlyk ot-çöpler bilen, halys bolmadyk ýagdaýynda tyg (skalpeli) ulanmaly diýen many berýär. Näsaga hoşamaý söz aýtmagyň oňa nähili täsir edýändigini biz öz durmuşymyzda häli-şindi görýäris.

Öz pikiriňi sowatly, salyhatly beýan etmegi ýaşlykdan özüňe endik etmeli. Öz gepiň dogrulygyny subut etjek bolup, sesiň ýetdiginden gygyryp gürlemeli däl.

Märekä baranyňda özüňden ulular bar bolsa, bir zat soralmasa, kän gürlejek bolmaly däl. Beýik dana Magtymguly Pyragynyň:

*Aklyň bolsa, märekede az sözle,*
*Köp söz seni il içinde har eýlär –*

diýen setirleri, esasan, ýaşlara degişlidir.

Gadymy zamanlarda Babalakgy diýen dilewar, gepe çeper adam ýaşapdyr. Ol toýuň-meýlisiň bezegi hasaplanypdyr. Adamlar ony ýörite çagyryp, gürrüňini diňläpdirler. Bir jahyl dilewarsyrap: «Baba aga, ýüz geplän öler» diýipdirler welin, siz-ä her meýlisde müň gürleseňizem öleňzok» diýip, ony utandyrjak bolupdyr. Onda Babalakgy: «Inim, men märekäniň halajak gürrüňini edýän. Eger seňiň agzyň bilen gürlän bolsam, ýüz-ä däl, elli gep aýtmankam öldirdiler» diýipdir.

Ata-babalarymyz sözi keramatly zat hasaplapdyrlar. Şonuň üçin-de «*Seresap bolup sözleseň, dildir başyň galasy, biseresap gürleseň, dildir başyň belasy*», «*Ýagşy söz ýylany hinden çykar, ýaman söz pyçagy gyndan*» diýen ýaly nakyllar döräpdir. Şeýle-de öz ene diliňi içgin öwrenmäge çalyşmaly. Her bir sözüň manysyny, dogry aýdylyşyny öwrenmeli. Öz sözleýşiňizde atalar sözünden ýerlikli peýdalanmaly. Toý ýerinde, ýas ýerinde gürleşmegiň öz aýratynlygy bardyr.

Sözi öz manysynda, ýerinde dogry ulanyp bilmezlik ýa-da oňa dogry düşünmezlik medeniýetsizligiň, sowatsyzlygyň alamatydyr. Mysal üçin, aşakdaky «Wagtynda bilen ýagşy» (*B. Gulow*) atly hekaýada «*Panydan baka gitmek*», «*Ýerine gelmek*» ýaly durnukly söz düzümleriniň manysyna düşünmezlik gülkünç ýagdaýlara eltýär.

*«Myşşy suwly ýabyň bärsinden öý eýesiniň adyny tutup gygyrdy:*

*– Akmämmet aga, haý, Akmämmet aga!*

*Öýden bir garry aýal hasanaklap çykdy.*

*– Bu Akmämmedi soraýan kimkä? Ýa ýerine gelenmikä bu?*

*Myşşy duran ýerinden kempire gygyrdy.*

*– Akmämmet aga ýokmudy?*

*– Wiý, o pahyr-a panydan baka gidendir.*

*Myşşy diňşirgenip, birsalym durdy-da:*

*– Haçan gelerkä? – diýip gygyrdy. Onsoň jogaba-da garaşman:*

*– Haçan gelse, aýdyň, gelnejemler toý edýä. Şoňa barawersin! – diýdi-de, tigrini münüp gaýdyberdi. Ýolboýy bolsa towuk çopanyň aýalyna hüňürdäp geldi:*

*– Haý, kempir, «Ýerine gelenmikä bu?» diýen bolup, ärini towuk çopanlykdan aýrandyrlar-da, menem şoň ýerine iberendirler öýdýärmikä? Bu adamlar indi öz işini taşlap, towuk bakar-ow»* («E. we s.» g., 11.08.1965).

Kähalatda edepli diýdirjek bolup, öte geçilýän ýerleri-de bar. *«Çagalar, «Armaweriň!» diýen sözi köp eşidýänsiňiz. Meniň şeýle bir waka ýadyma düşýär. Pagta meýdany. Ýygymçylar ak gar ýaly sümekleri hanasyndan tirip barýarlar. Edil şol mahal olaryň ýanyna bir oglanjyk gelýär. Ol ýygymçylara ýüzlendi:*

*– Armaweriň!*

*Ýygymçylar bolsa ýerli-ýerden:*

*– Bar boluň! – diýip seslendiler.*

*Şonuň bilen baglanyşykly ýene bir wakany ýatlasym gelýär. Ýygymçylar arakesmä çykypdylar. Olar çaý-çörek iýip, küşt oýnaýardy. Meýdan düşelgesi ala-ýazdy. Şol mahal başga bir oglanjyk gelip:*

*– Armaweriň! – diýip ýüzlendi. Muňa hiç kim baş galdyrmady. Olar oglany welin edepsizlikde aýypladylar»* («Edepnama». Aşgabat, 1995, 132-nji sah.).

XI asyrda ýaşap geçen Keý-Kowus özüniň «Kowusnama» kitabynda söz edebini dört topara, ýagny birinjisi – bilinmegem we aýdylmagam gerek däl söz; ikinjisi – bilinmegem,

aýdylmagam gerek söz; üçünjisi – gürrüň berilse bolýan, emma bilmeklik hökman däl söz; dördünjisi bolsa bilmeli-de, gürrüň bermeli-de däl sözdür. Şu öwütden ugur alyp, köpçülikde näme hakynda gürrüň edip bolýar, näme hakynda gürrüň edip bolmaýandygyny seljermelidir. Sözlemleriňiziň arasyny başga dilleriň sözleri bilen dürüşde etmek ýa her sözlemiň arasynda ýerliksiz gülüp, gerekmejek sözler goşup, elleriňi kelemenledip oturmak edepsizlik hasaplanýar. Köpçülikde gürlemek nobaty berilse, hökman jemagatyň düzümine seretmeli we şoňa laýyk sözlejek bolmaly. Her bir sözüň öz aýdylyş äheňine, tärine üns bermeli, ony aýtmagyň ebeteýini tapmaga çalyşmalydyr. Göräýmäge aýdylan gepiň manysy birdirem weli, diňleýjä tesir edişi dürli-dürlüdir. «Kowusnamada» şeýle hekaýat berilýär. Abbasylaryň bäşinji halyfy Karun ar-Reşit bir düýş görüpdir. Düýşünde onuň ähli dişleri dökülipdir. Ertesi ol ähli tagbyrçylaryny (düýşi ýorujylar) ýygnap, gören düýşüniň ýorgudyny sorapdyr. Tagbyrçylaryň biri «Siziň kowum-garyndaşlaryňyzyň hemmesi ölüp, ýanyňyzda hiç kim galmaýar» diýýär. Bu jogap Karun ar-Reşidiň gaharyny getirýär we tagbyrça ýüz çybyk urdurýar. Gezek beýleki tagbyrça ýetýär. Ol: «Siz ähli dogan-garyndaşlaryňyzdan köp ýaşarsyňyz» diýýär. Göwnühoş bolan Karun tagbyrça ýüz tylla berip: «Tagbyr şol bir tagbyrdyr, ýöne onuň aýdylyşynda uly tapawut bardyr» diýýär.

Soňky wagtlarda tehnikanyň ösmegi netijesinde adamlaryň arasyndaky söz gatnaşygynda, telefon, internet, faks ýaly tehniki serişdeler köp ulanylýar. Olaryň arasynda telefon aragatnaşygy has-da giň ýaýrady. Ykjam telefonlaryň üsti bilen dürli künjekdäki adamlar bilen gürleşip ýa-da maglumat alşyp bolýar. Emma mekdep okuwçylarynyň arasynda bu enjamy ýerlikli ulanmagyň edep kadalarynyň bozulýan ýagdaýlaryna gabat gelmek bolýar. Awtobuslarda töweregindäki adamlary sylaman, telefonda gödek gepleşmek ýa-da gaty ses bilen aýdym aýtdyrmak görümsizligi, göte-

rimliligi, biedepliligi aňladýar. Käwagt okuw otaglarynda sapak diňlemegiň ýerine telefony bilen başagaý bolup oturan gyz-oglanlary-da görmek bolýar. Öý telefony bolsun, el telefony bolsun, ony peýdalanmagyň öz edep kadalary bar. Aýdylýan, anyklanmaly maglumatlar örän gysgadan düşnükli bolmaly. Gepleşigiň wagtyny, mümkin boldugyndan, tygşytly peýdalanmalydyr. Aşakdaky iki sany telefon gepleşiginden alnan ýazgyny deňeşdirmek arkaly öz pikiriňizi aýdyň.

**I gepleşik:**

– Allo, allo! Bu kim-aý?
– Allo, aýdyberiň, size kim gerek.
– Neme-laý, Myrat barmaý.
– Ýok, Myrat kitaphana gitdi.
– Be, şeý diýsene, şol gelse, bize gelsin-le.
– Kimlere barmaly?
– Bize-däraý, Jontulara.
– Allo, haçan barsyn diýeýin?
– Aý, özi bilýändir (telefonyň sesi: guk, guk, guk).

**II gepleşik:**

– Salawmaleýkim! Sag-gurgun otyrmysyňyz?
– Waleýkimessalam, şükür.
– Bagyşlaň, şu Myratlaryň öýümi?
– Hawa, Myratlaryň öýleri, ýöne onuň özi häzir öýde ýok, kitaphana gitdi.
– Men onuň synpdaşy Janmyrat Ataýew. Siz kyn görmeseňiz, gelende oňa aýtsaňyz-laň, ertir doglan günümi belleýärin hem-de ony ýaş toýuma çagyrýaryn.
– Doglan günüňiz gutly bolsun, men oňa hökman aýdaryn.
– Sag boluň!
– Sag boluň!

Käwagt iki adam arasynda jedel ýüze çykýar. Olaryň biri garşydaşyny sözde ýeňjek bolup, sesiniň ýetdiginden gygyryp gürleýär. Halkymyzyň arasynda «Sözüň rast bol-

sa, gaty gygyryp gürlemegiň geregi ýok» diýen atalar sözi bar. Islendik meselede jedel dörese, ony goh-galmagalsyz, ygtybarly delilleriň üsti bilen parahat çözmegi endik edinmeli.

Häzir radio-teleýaýlymlarda, toý-dabaralarda çykyş edýän ýaşlaryň sözleýiş medeniýetiniň barha ösýändigini, kämilleşýändigini görmek bolýar. Soňky döwürlerde mekdepde geçirilýän dabaralarda çykyş etmek, ýaş toýlarynda birek-biregi gutlamak okuwçylaryň arasynda däp boldy. Käwagt olar öz isleg-arzuwlaryny beýan edenlerinde tolgunýarlar, utanýarlar. Bu, esasan, utanjaň, ýygra okuwçylaryň köpçülikden sussunyň basylmagy netijesinde bolýar. Toý-dabaralara barlanda söz berilse, berilmese hökman çykyşa taýýarlanyp barmaly. Aýtjak sözleriňi bir kagyza ýazyp, ony ýat tutýançaň, gaýtalap-gaýtalap okamaly. Soň öýde birki gezek türgenleşmeli. Şeýle tertipde 4–5 dabarada çykyş edilse, soň tolgunmak, utanmak öz-özünden aradan aýrylyp gidýär. Toý-dabaranyň mazmunyna laýyk bolaýjak goşgulardan bentleri ýat tutmak gutlaga çeper öwüşgin berer. Çykyşyňyzyň arasynda *däninim, hälki, ýaňky, meselemki, -däräý, -laý* ýaly sözleri, söz böleklerini ulanmajak bolmaly. Märekäni güldürjek bolup ýa-da olaryň ünsüni özüňe çekjek bolup, başga biriniň göwnüne degmek, mertebesini peseltmek örän biedeplilikdir.

Ýaşlar, biziň ata-babalarymyz: «Nämä endik etseň, şo-da bütin ömrüňe hemra (ýoldaş) bolar» diýip, örän dogry aýdypdyrlar. Aýdýan sözlemiňi ýoýup, arasyna paýyş sözleri garsaňyz, ol bütin ömrüňe endik bolar. Söz diýilýän diliňden sypansoň, ony yzyna alyp bolanok. Adamyň sözleýşi onuň içki dünýäsini, medeniýetini, görüm-göreldesini, bilim derejesini esasy görkezijileriň biridir. Şonuň üçin her bir sözüňe, her bir sözlemiňe örän eserdeň bolmalydyr.

1. «Jadyly sözlerden» haýsylaryny köp ulanýarsyňyz?
2. Jemgyýetçilik ulaglarynyň içinde ala-goh bolup, telefonda gürleşip oturan adamlar barada nähili pikir edýärsiň?
3. Şahyryň «Magtymguly, sözlerim saza goşsaň, uz bolar» diýen setirlerine nähili düşünýärsiň?

*Telefon gepleşigine hem-de ýaş toýunyň gutlagyna degişli bir nusgany depdere ýazyň.*

## GÖZELLIGE SÖÝGI

Türkmen halkynyň uzak taryhy bar. Onuň dünýä gözelligine goşan goşandy hiç bir halkyňkydan pes däldir. Welaýatlarymyzdaky saklanyp galan binagärlik ýadygärlikleriniň, dünýäni haýran galdyrýan haly-palaslarynyň, gamyşgulak bedewleriniň, gelin-gyzlarymyzyň bezeg şaý-sepleriniň, milli keşdeleriniň bütindünýä gözellik sungatynyň hatarynda görnükli orny bardyr.

Gözellik (estetika) bu duýgy, duýgurlyk, syzmak diýen manylary aňladýar. Ol tebigatyň ýa-da adam eli bilen döredilen gözel zada düşünmegi, galyberse-de, estetiki gymmatlyklaryň gadyryny bilip, şolardan lezzet almagy öwredýän filosofiki ylymdyr.

Biz näme üçindir kaşaň binalaryň, gül-pürçek bolup oturan seýilgähleriň, suw çüwdürimleriniň ýa-da owadan heýkelleriň, suratlaryň ýanyndan geçenimizde säginip, oňa gaňrylyp seredenimizi duýman galýarys. Şirin aýdym-sazlary diňlänimizde ruhy lezzet alýarys. Emma munuň tersine, zir-zibilleriň deňinden beýlämize öwrülip, çaltrak ötenimizi gowy görýäris. Adamyň ýaşaýşy, saglygy üçin iýmitiň, suwuň zerur bolşy ýaly, oňa ruhy iýmit-de gerek. Sebäbi lukmançylyk tejribesinde şirin sazyň, owadan keşbiň, hoşboý ysyň adamyň saglygyna ullakan täsiriniň bardygy subut edildi. Ynsan owadanlygyň aşygy.

Türkmen halkynda gözellik terbiýesi çaga sallançakda ýatyrka ene hüwdüsi bilen berlip başlanýar:

Aýlar gyzym almaly
Aýda dokar bir haly.
Halysynyň kenary
On barmagnyň hünäri.

Gözellik adama diňe bir ruhy lezzet bermek bilen çäklenmän, eýsem ol öz synçysyny terbiýeleýär, onda arzuwçyllyk duýgularyny-da oýarýar. Haýsy-da bolsa kaşaň jaý ýa-da owadan eşik görsek, hökman bizde şoňa höwes, isleg döreýär. Keteni köýnekli, milli şaý-sepleri dakynyp barýan gyz-gelinleri göreniňde, öz milli egin-eşikleriňe guwanýarsyň, buýsanýarsyň.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde türkmen sekillendiriş, binagärlik, aýdym-saz sungaty görlüp-eşidilmedik derejede ösdi. Aýratyn-da milli mazmunly binagärlik sungaty has tapawutlandy.



**6-njy surat.**

Ýaşaýyş, edara jaýlary.

Häzir obalarymyzdaky, şäherlerimizdäki gurulýan milli öwüşginli gözel binalary, suw çüwdürimlerini, seýilgähleri görenimizde, döwletimiz tarapyndan binagärlik gözelligine, arhitektura sungatyna aýratyn üns berilýändigine şaýat bolýarys. Olaryň hemmesi halky rahat, kaşaň durmuşda ýaşatmak, ýaşlaryň gözellige bolan islegini kanagatlandyrmak üçin edilýän işlerdir.

Adam diňe iýmek-içmek üçin ýaşamaýar. Ol öz daş-töweregimizi gurşap alan gözellikden ruhy islegini kanagatlandyrmaly, dünýägaraýşyny baýlaşdyrmaly. Şonuň üçin häzirki zaman adamsyny çeper edebiýatsyz, şekillendiriş sungatsyz, teatrsyz, aýdym-sazsyz göz öňüne getirmek mümkin däl.

Biz obalarymyzdaky, şäherlerimizdäki owadan köçelere, kaşaň binalara, seýilgählerdäki suratlara, heýkellere lezzet bilen syn edýäris, söz ussatlary tarapyndan ýazylan çeper eserleri okaýarys. Teleradioýaýlymlarda berilýän aýdym-sazlaryň owazyny höwes bilen diňleýäris. Bag-bakjalaryň içindäki bark urýan gülleriň ysyndan lezzet bilen dem alýarys. Kähalatda bolsa tomaşa edilen filmiň, sahna eseriniň ýa-da heýkeldir suratyň täsirinden birnäçe günläp çykyp bilmeýäris. Şeýlelik bilen, biz duýgy agzalarymyzyň – gözümiziň, gulagymyzyň, burnumyzyň üsti bilen, adamzat tarapyndan döredilýän gözelliklerden, hoş owazlardan ylham alýarys. Eýsem, olary şeýle tolgunma, joşgun bilen synlamaga, diňlemäge bizi näme mejbur edýär?!

Elbetde, ezber bagşy-sazanda bolmak, suratkeş bolmak, ilhalar çeper eser döretmek, ussat halyçy bolmak hemmelere mümkin däl. Onuň üçin höwesden başga-da tebigy zehin-de gerek, emma ussatlar tarapyndan şol döredilen gözellik sungatyndan lezzet almak ukybyny her kim özünde terbiýeläp biler. Orta mekdepde geçilýän edebiýat, şekillendiriş sungaty, aýdym-saz derslerinde okuwçylara gözellik sungaty, oňa düşünmek barada umumy düşünjeler

berilýär. Soňra okuwçynyň özi ony kämilleşdirmeli, üstüni ýetirmeli. Kähalatda öz telefonynda ýa-da ýeňil ulagynyň magnitofonynda daşary ýurt şowhunly aýdymlary aýtdyryp, öz deň-duşlarynyň ýanynda magtanmak isleýän ýaşlara-da gabat gelmek bolýar. Mylly Täçmyradowyň çalan «Uçradymyny», «Aýralyk mukamyny» diňläp, gözi çygjarmadyk adam daşary ýurt sazlaryndan hem lezzet alyp bilmese gerek. Sazanda, suratkeş, heýkeltaraş, halyçy öz senedini şeýle nusgalyk derejesine ýetirýänçä, niçe çaý, nahar sowadandyr, niçe gijeler ukudan galandyr. Nämäniň hatyrasyna!? Şan-şöhrat üçinmi, gazanç üçinmi?! Ýok! Beýik ussatlar öz sungatynyň üsti bilen adamy terbiýelemek, olaryň halal ýaşamaklary üçin gijelerini gündiz edýän bolsalar gerek.

Ynha, suratkeş (hudožnik) çagasyny mähir bilen hüwdüläp oturan ýaş zenanyň suratyny sergä hödürläpdir. Ol bu esere «Umyt» diýip at beripdir. Bu suraty her kim özüçe synlaýar. Gözellige çuňňur düşünýän synçy bu suratda çagasynyň geljegine umyt bilen garaşýan, ýagny arassa ahlakly, iline, ene-atasyna, Watanyna wepaly adam bolup ýetişmegine sabyrsyz garaşýan zenanyň keşbini, gözlerini süzüp ýatan çagada bolsa «Eje jan, ýetişsem bolýar, seni ähli umyt-arzuwlaryňa ýetirerin, seni dünýäde iň bagtly ene ederin» diýýän keşbini görse gerek.

Suratçy (fotograf) hem surat alýar. Onuň alan suratynda şol müddet hiç hili özgerdilmän, anyk keşp, şekil bolşy-bolşy ýaly kagyza geçirilýär. Edil aýnanyň keşbiň şekilini serpikdirip görkezişi ýaly. Ol keşpde suratçynyň hiç hili fantaziýasyny, suratdaky keşpleriň, suratçynyň içki duýgusyny aňyp bolmaýar. Emma suratkeş çeken suratyna öz garaýşyny-da siňdirýär, ýagny tebigat peýzažy bolsun, ynsan keşbi bolsun, hökman suratkeşiň oňa bolan garaýşy öz beýanyny tapmalydyr. Ine, şonuň üçin-de oňa **çeperçilik sungaty** diýilýär. Edil heýkeltaraşlyk sungatynda hem şol ýagdaýy görmek bolýar. Heýkeltaraş (skulptor) öz ýa-

san heýkelinde onuň içki dünýäsini-de, eseriň çeper mazmunyny-da açyp görkezmegi başarmalydyr. Ynha, şonda oňa hakyky **sungat eseri** diýilýär. «Ylham» seýilgähindäki dürli döwürlerde ýaşap geçen ýazyjy-şahyrlaryň heýkellerini içgin synlasaňyz, hersiniň öz döwrüniň ýaşaýyş-durmuş aýratynlygyny olaryň keşplerinden duýmak bolýar. Magtymguly Pyragynyň alyslary nazarlap oturan heýkelini synlan adam şahyryň bütin ömri-döredijiligini, döwrüniň keşbini göz öňüne getirip bilse gerek.

Ýa-da «Şükür bagşy» kinofilmini döredenler – filmiň režissýory, artistler, sazyny çalanlar XIX asyr türkmen durmuşynyň pajygasyny, saz hem-de çeperçilik sungatynyň ýeten derejesini açyp görkezmegi başarypdyrlar. Bu eserde ýazyjy N.Saryhanow türkmen gelin-gyzlarynyň el hünäriniň şeýle bir ýokary derejede çeperçilik bilen waspyny ýetirýär: *«Bagşy gözüne görünýän zatlaryň hemmesine aşaklyk bilen seredip geldi. Ana, onuň gözleri öz halylaryna hem düşdi. Olara yssylyk bilen seretdi we üstlerinden aňsatlar gözlerini aýryp bilmän, ep-esli salym durdy. Näme üçin? Olary şu gün görmelimi näme ýa olaryň gölleri, nagyşlary üýtgäpmi? Ýok. Öz gelin-gyzlarynyň gara öýde, aýak üste oturyp dokaşlary.*

*Ýöne weli şu halylaryň üstünde oturmaga bagşa bir ýer bolmady. Olaryň üstünde hanyň arzylap çagyran iň ýakyn adamlary küti dodaklaryndan uzyn çybyklaryny aýyrman, ýüpek ýaly tütüniň ýag ýaly tüssesini asmana burugsadyp, gamsyz-gussasyz gürleşip otyrlar.*

*Sazandany başga bir halynyň üstünde oturtdylar. Onuň gözleri öz halylarynda, olara oturan ýerinden göz gytagy bilen seredýär. Öz halylary beýleki halylara goşulman, olaryň içinden saýlanyp çykyp durlar. Sazanda olaryň gowudygyna, öz aýallarynyň hünärlidigine şu ýerde ýene-de bir gezek düşündi. «Biziň aýallarymyzyň öwünmäge haklary bar. Olaryň gara öýde oturyp dokan halylary, gör, nirelere düşüpdir. Hanyň arzyly adamlary olaryň üstünde oturyp*



**7-nji surat.**
Meşhur «Türkmeniň kalby» halysy.

*bilseler armanlary ýok. Belki, biziň halylarymyz Pereňistana daga-da düşüp, ol ýerlerde hem hemmelerden saýlanyp, halkyň gözüni özüne çekip bilýändir».*

Türkmen şekillendiriş sungatynyň şu günki derejesine ýetmeginde, kämilleşmeginde görnükli yz galdyran Bäşim Nuraly, Y. Gylyjow, A. Hajyýew ýaly meşhur suratkeşleriň çeken suratlary diňe bir türkmen sungatynyň ösmegine däl, ol dünýä çeperçilik sungatynyň ösmegine-de önjeýli goşant boldy. Bu halypalar özlerine mynasyp şägirtleri-de ýetişdirdiler. Şekillendiriş sungatynyň soňky nesilleri tarapyndan paýtagtymyzyň sergi zallarynda geçirilýän surat sergileri öz tematiki dürlüligi, žanr baýlygy bilen tomaşaçylary özüne çekýär. Tomaşaçylaryň, synçylaryň aglaba bölegi-niň mekdep okuwçylarydyr talyplardygy köpleri guwandyrýar. Olar her bir eser barada özara pikir alyşýarlar, eserleriň mazmuny, çeperçiligi barada özbaşdak pikirlenip bilýärler.

Gözellik diýilýän düşünje örän giňdir. Suratkeşlik, binagärlik, aýdym-saz hünärmenleri, külalçylyk (küýze, keramiki önümler) sungatlarynyň geljekki ussatlary şu günki mekdep okuwçylarynyň arasyndan çykmaly. Adamda şol sungata söýgi, höwes mekdep ýyllarynda, hatda ondan hem ir ýüze çykyp başlaýar. Ene-atalaryňyz, mugallymlaryňyz bilen maslahatlaşyp, özüňizdäki ukyby, zehini dogry ýola ugrukdyrmaga çalşyň.

1. Birmeňzeş görnüşiň fotoapparatda alan şekili bilen elde çekilen şekiliniň arasynda nähili meňzeşlik ýa-da tapawut bolup biler?
2. Haýsy-da bolsa bir surata ýa-da heýkele hemme adamyň garaýşy meňzeş bolup bilermi?
3. Eger adam suratkeş bolmak islese, bolup bilermi? Suratkeş bolmak üçin diňe isleg ýeterlikmi?
4. Siz özüňizde sungatyň haýsy-da bolsa bir ugruna islegiň, höwesiň, ukybyň bardygyny duýýarsyňyzmy? Eger sungata degişli hünär saýlamaly bolsa, haýsy hünäri saýlardyňyz? Näme üçin?

*G. Ezizowyň «Sungat» atly goşgusyny ýat tutuň.*

**II** bölüm

# MAŞGALA

## Maşgalada ata-enäniň orny

Ýaşuly nesle, onda-da ata-eneňe hormat goýmak biziň durmuşymyzyň iň ýokary ahlak we hukuk kanunlarynyň biridir. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 27-nji maddasynda «Kämillik ýaşyna ýeten çagalar öz ata-eneleri barada alada etmäge, olara kömek bermäge borçludyr» diýlip bellenilýär. Bu, elbetde, perzentleriň ata-ene öňündäki borjunyň kanun tarapyndan berkidilişi. Bu meselä halkymyz ahlak nukdaýnazaryndan nähili garaýarka!? Elbetde, ýigit çykan perzent garrap ýa-da näsaglap güýçden galan ata-enesinden fiziki taýdan güýçli bolup biler. Aýdaly, bir pel ýeri depip agdarmaly bolsa, ogly ony kakasyndan has çalt we gujurly ýerine ýetirip biler, emma hemme zady fiziki güýç bilen çözüp bolmaýar ahyryn. Durmuşda şeýle bir çylşyrymly meseleler ýüze çykýar weli, ony diňe akyl-paýhas, durmuş tejribesi baý ata-ene çözüp bilýär. Ine, şu ýerde olaryň pähim-paýhasynyň öňünde dyza çökesiň gelýär. Ata-enäni hormatlamak hakynda «Kowusnamada» şeýle diýilýär: «Ata-ene seni jan-dil bilen ösdürip ýetişdiren adamlardyr. Sen olaryň göwnüne degseň, hiç haçan ýagşylyk garasyny görmersiň. Perzentleriň saňa nähili rakyp bolmaklaryny isleseň, senem ata-eneňe şonça rakyp bolgun! Perzent miwä meňzese, ata-ene daragta meňzeýändir. Daragtyň idisini ýetirdigiňçe, miwesi köp we datly bolar».

Biziň halkymyzda «Altyn-kümşüň könesi bolmaz, ata-enäniň bahasy bolmaz» diýen nakyl bar. Allatagaladan soň, iň eý görülýän adam ata-ene hasaplanypdyr. Biziň hemmämiz-de irde-giçde ata-ene bolmaly. Ata-ene çagany dünýä inderýär. Ene ony ak süýdi bilen ekleýär. Gijelerine ýatman diýen ýaly öz perzendine jan-dil bilen seredýär. Ata zähmet çekip, çagasyny iýmit, geýim we başga gerek bolan zerur zatlar bilen üpjün edýär.

Ata-eneleriň-de hemmesi deň bolanok. Olaryň içinde-de halkyň ýazgaran adamlaryna gabat gelmek bolýar. Şonuň üçin perzent nähili bolsa-da öz aslyna – ata-enesine hormat goýmalydyr, özüniň perzentlik borjuny berjaý etmelidir. Halkymyzyň arasynda ýörgünli bolan bir rowaýatda şeýle diýilýär: «Bir adam ýaramaz etmişleri üçin gargyşa galyp, doňza öwrülipdir. Onuň ogly perzentlik borjuny ýatlap, atasyndan ýüz öwürmändir, ony öňküsi ýaly gowy görmäge çalşypdyr. Ol «Atam öz etmişi üçin Allanyň ýazgarmagyna sezewar boldy, ýöne nähili bolsa-da, men özümiň aslyma hormat edip, atamyň öňünde perzentlik borjumy berjaý edeýin» diýen akyla eýeripdir.

Musulmanlarda doňuz halanmaýan jandarlaryň biri hasaplanypdyr. Muňa garamazdan, ýigit, mümkin boldugyça, atasyna hoşamaýlyk edipdir. Atasyna hoşamaýlyk etmek maksady bilen dyrnaklaryny aýyrman, sakgal-murtuny timarlaman, çykyşy ýaly ösdürip goýberipdir. Adamlar sakgal-murtuň ösüp, agza girmegini, dyrnaklaryň ösüp, onda hapa ýygnanmagyny erbet görýärler. Şonuň üçin bu ýigidi hapa görüp, her kim onuň bilen tabakdaş bolmakdan gaça durupdyr. Bir sadaka çagyrylan abraýly piriň gözi ýaňky ýigide düşüpdir we ol ýigidi ýanyna çagyryp, musulmançylykda wagtly-wagtynda dyrnagyňy almazlygyň, sakgal-murtuňy timarlap durmazlygyň uly günä hasaplanýandygyny oňa düşündiripdir hem-de kadalary ýerine ýetirmegi ýigide tabşyrypdyr.

Ýigit pire şeýle diýipdir: «Eý, merhemetli pirim, Siziň aýdanlarynyzyň hakykatdygyna birjikde şübhelenmeýärin, ýöne meniň dyrnagymy alman, sakgal-murtumy timarlaman, başyna goýbermegimiň sebäbi bar. Atam gargyşa galyp, doňza öwrüldi, şeýle-de bolsa, men perzentlik borjumy berjaý edip, ol jeňňelden gaýdyp geleninde oňa hoşamaýlyk edip, endamlaryny sypalaýan, gaşaýaryn, ýüz-gözünden ogşan bolýaryn. Şonda doňzuň bedenine ellerimi degirmejek bolup, dyrnaklarymy ösdürdim, ýüz-gözünden ogşanymda dodaklarymy degirmejek bolup, sakgal-murtumy başyna goýberdim. Indi Siz maňa aýdyp beriň, doňza öwrülen atamdan ýüz öwreýinmi ýa-da häzirkim ýaly çemeleşeýinmi?»

Pir ýigidiň gürrüňini diňläninden soň, ondan ötünç sorapdyr we «Eý, ýigit, seniň ýagdaýyňy bilmän, dyrnagyňy, sakal-murtuňy ösdürenligiň üçin nähak käýinipdirin, bagyşla. Atań öňünde perzentlik borjuňy ýerine ýetirmek üçin, seniň eden hereketleriň dogry. Eden etmişi üçin Taňry ataňa jeza beripdir, ýöne nähili bolsa-da ol seniň aslyňdyr, mümkinçiligiňe seredip, oňa hezzet-hormat etmek seniň perzentlik borjuň» diýip jogap beripdir. Mundan nähili ýagdaý bolsa-da, ogul-gyz ata-enäniň öňünde perzentlik borçlaryny berjaý etmelidir diýen netije gelip çykýar.

Seýrekligine garamazdan, biziň günlerimizde ata-enä geregiçe hezzet-hormat etmegi başarmaýan, käbir ýagdaýlarda bolsa, olary agyrdyp-ynjydýan ogul-gyza-da gabat gelinýär. Munuň özi ýol berilmesiz zatdyr, uly hatadyr. Bu barada beýik akyldarymyz Magtymguly Pyragynyň eserlerinde-de köp zat aýdylýar. Onuň «Düýşüne degmez», «Galar, ýaranlar» diýen goşgularynda şeýle setirler bar:

«Ynjytsa ogul-gyz ene-atasyn,
Toba kylmaý Taňrym geçmez hatasyn.»

Ýa-da:

«Ata-ene agyrdanyň günleri,
Içi-daşy otdan bolar donlary,

Halka ryswa, ala bolar tenleri,
Suw ýerine zäher berler, ýaranlar.»

Çagany eklap-saklamak, iýdirmek, geýindirmek, terbiýeläp ýetişdirmek, öýli-işikli etmek işi bimöçber agyr zähmet talap edýär. Muny köp sanly mysallar bilen düşündirmek bolar. Ýöne ol zähmete doly göz ýetirmek üçin, özüň ata-ene bolmak gerek. Çaga üçin ata-enäniň çekýän zähmetini, görýän görgüsini sanap çykmak mümkin däldir. Bu hakda halk arasyndaky rowaýatlaryň birinde şeýle diýilýär: «Bir ýigit enesine elinden gelen hyzmatyny edýär. Ene suw dilese, ýigit iň sowuk çeşmelerden suw getirip beripdir. Bir zat iýmekçi bolsa, onuň iň gowularyndan saýlap alypdyr, bir diýenini iki gezek gaýtalatmandyr. Ene garrap, ýöremäge ýaraman ýatan günlerinde, «Oglum, meni öňki gezen ýerlerime aýlap çyk, ýüregim gysýar» diýipdir.

Ýigit enesini arkasyna alyp, ony öňki gezen ýerlerine aýlap çykýar. Öýlerine geleninden soň, enesi ogluna: «Oglum, Taňry ýalkasyn, ömrüň uzak bolsun» diýýär. Ýigit enesiniň Taňry ýalkasynyny eşidip, monça bolupdyr we «Ene, seniň maňa eden hyzmatlaryňy üzlüşdirdimmi?» diýip sorapdyr. Enesi: «Oglum, sen maňa köp zat etdiň, ýöne meniň seniň üçin çeken jepam üzlüşerden has köpdür. Şu çaka çenli meniň seniň üçin bir gijelik jepamy ýerine saldyň» diýipdir. Bu rowaýatdan görnüşi ýaly, enäniň çaga üçin çekýän zähmetiniň, görýän hupbatynyň çägi ýokdur.

Köp zähmetli, jebir çekýändigine garamazdan, ata-ene çaga çuňňur mähir siňdirýär. Özüne siňdirilýän mähriň gadyryny bilmek, oňa sarpa goýmak çaganyň borjudyr. Käwagt mekdep ýaşyndaky çagalaryň arasynda käbiri ata-enesine duýdurman, olardan rugsat alman, bir ýere gidýär. Şonda olar ata-enäniň nähili ýagdaýlary başyndan geçirýändigi barada känbir oýlanmaýarlar. Hakykatda şeýle ýagdaýda ata-ene çaganyň ykbaly barada alada edip, naharyny işdä bilen iýmekden, rahat dynç almakdan, ýatyp

uklamakdan mahrum bolýar. Şonuň üçin ata-babalarymyz «Ata-enäniň köňli ogul bilen gyzda, ogul bilen gyzyň köňli dag bilen düzde» diýip aýdypdyrlar. Şu ýagdaýy nazara alyp, perzent ata-eneden bidin edýän her bir nadogry hereketiniň olar üçin uly ezýetdigine düşünmelidir.

Muhammet pygamber «Ata-enä sögmek bagyşlanmajak günäleriň biridir» diýende, sahabalaryň biri: «Ata-enä sögýän adamam barmyka?» diýip, geň galypdyr. Şonda Muhammet pygamber şeýle jogap beripdir: «Eger bir adam başga bir kişiniň enesine sögse, ol hem oňa jogap hökmünde söger. Şeýlelikde, ilki sögen adam öz enesine sögülmegine sebäp bolar. Bu bolsa onuň öz enesine sögdügi bolar».

Häzirki döwürde käbir okuwçylaryň hatda jemgyýetçilik ýerlerinde hem biri-birine paýyş sözler aýdyşyp durandyklaryny göreniňde lapyň keç bolýar.

Ata-enäni hormatlamak, olaryň sarpasyny belent tutmak her bir çaganyň Taňrynyň öňündäki mukaddes borçlarynyň biridir. Ata-enä mährem bolmak, olaryň diýen-aýdanlaryny iki gaýtalatman, ýerine ýetirmek olaryň saglygyna, uzak ýaşamagyna oňaýly täsir edýär. Şonuň üçin edepli perzentler her bir zatda ata-enäni özlerinden ileri tutupdyrlar, olaryň jan saglygy, rahat ýaşamagy ugrunda alada edipdirler. Halk arasynda aýdylýan rowaýatlaryň birinde bir uly söwdagäriň üç sany ýetişen gyzlary bar eken. Emma onuň ýekeje ogly-da ýok eken. Ol gyzlaryny gowy görýär eken.

Bir gezek söwda etmek üçin uzak ýola ugramakçy bolanynda söwdagär gyzlaryny ýanyna çagyryp, nähili sargydyňyz bolsa aýdyň diýipdir. Iň uly we ortanjy gyzlary atasyndan gymmat bahaly şaý-sep getirip bermegini sorapdyrlar. Iň kiçi gyzy kiçijik bir torbany getirip, atasyna beripdir we şeýle diýipdir: «Ýolda-yzda naharlanan wagtlaryňda meni ýatlap, çöregiň ýanyklaryny pyçagyň bilen kesip, şu torba atarsyň, söwdadan gaýdyp geleniňde bolsa, ony

maňa sowgat berersiň, şeýle etseň, ol meniň üçin iň gymmat sowgat bolar».

Söwdagär «Gedemlik edip, menden sowgat sargamagy namys edýär» diýen düşünje bilen kiçi gyzyndan närazy bolýar, ýöne närazylygyny duýdurman, içinde saklaýar. Günleriň birinde söwdagär söwdadan gaýdyp gelipdir we gyzlaryny ýanyna çagyryp, olaryň sargytlaryny gowşurypdyr. Şonda «Ynha, seniň hem sargydyňy getirdim» diýip, çörek ýanygy salnan torbajygy kiçi gyzyna nägilelik bilen gowşurypdyr. Kakasynyň nägileligini duýan kiçi gyzy oňa ýüzlenip, şeýle diýipdir: «Meniň üçin iň gymmatly zat seniň saglygyňdyr. Seniň ýola göteren çörekleriň gyssagara bişirilenligi üçin, köp ýanagy bardy. Çöregiň ýanygy adamynyň saglygy üçin örän zyýanlydyr. Çöregiň ýanygyny sargyt etmedik bolsam, sen olary iýerdiň we kesele sezewar bolardyň». Gyzynyň bu gürrüňi kakasynyň maňzyna batypdyr we nähak ynjydanlygy üçin ondan ötünç sorapdyr. Söwdagär özüniň getiren gymmat bahaly zatlaryndan kiçi gyzyna has köp sowgat beripdir hem-de ony beýleki iki gyzyndan-da eý görmäge başlapdyr.

Rowaýatdan görnüşi ýaly, perzentlik borjuna oňat düşünýän gyz atasyny ähli baýlyklardan, gymmatlyklardan ýokary tutýar. Onuň janynyň sag bolmagyny, uzak ýaşamagyny alada edýär. Ol perzendiň özi üçin ata-enäniň çeken zähmetine, siňdiren mährine dogry düşünýändigini aňladýar.

?

1. Enäniň çagasy üçin çekýän zähmeti, oňa siňdirýän mähri barada nämeler aýdyp bilersiň?
2. Ata-enäniň özüňiz üçin çekýän zähmetini ýerine salmak üçin nähili işleri berjaý edýärsiňiz?
3. Ata-ene, perzent gatnaşyklary barada nähili rowaýatlar eşitdiňiz?
4. «Altyn-kümşüň könesi bolmaz, ata-enäniň bahasy bolmaz» diýen atalar sözüniň manysyna nähili düşünýärsiň?

6. Sargyt № 1875

*1. «Ata-enäni agyrdan adam öz perzendiniň hözirini görüp bilmez» diýen sözlemiň manysy aýdyp beriň.*
*2. Ata-enäniň Käbe, Kybla, toprak, Watan bilen deňeşdirilmeginiň manysyny öz düşünişiniz boýunça aýdyp beriň.*

## Perzendiň ata-enäniň öňündäki borçlary

Ata-babalarymyz durmuş tejribelerine esaslanyp, ata-enäni sylamak, hormatlamak boýunça ogul-gyzyň öňündäki birnäçe borçlaryny işläp düzüpdirler. Ol borçlar, ata-ene bilen ogul-gyzyň aragatnaşygyndan edilýän adamkärçilikli talaplar asyrlaryň synagyndan geçip, ata-babalarymyz tarapyndan kabul edilip alnypdyr we olar nesilden-nesle geçip, adamlaryň arasynda ýörgünli däpleriň birine öwrülipdir. Perzentleriň öz ata-eneleri barada alada etmekleri döwletimiziň kanuny tarapyndan hem berkidilýär. «Kämillik ýaşyna ýeten çagalar öz ata-eneleri barada alada etmäge, olara kömek bermäge borçludyrlar» diýlip, Türkmenistanyň Konstitusiýasynda nygtalýar.

Ata-enäni hormatlamak boýunça halkymyzyň durmuşyna ornaşan asylly milli däpler beýik akyldarymyz Magtymguly Pyragynyň kakasy Döwletmämmet Azady tarapyndan umumylaşdyrylyp, belli bir ulgama salnypdyr. Döwletmämmet Azady özüniň «Wagzy-Azat» diýen eserinde perzendiň ata-enäniň öňündäki borçlaryndan 40 sanysyny görkezýär. Ol borçlary hem on-ondan dört sany uly toparda jemläp, olaryň her haýsysyna aýratynlykda at beripdir. Ol borçlar aşakdakylardan ybarat:

1. Ogul-gyzyň ata-ene öňündäki ten bilen berjaý etmeli borçlary;
2. Ogul-gyzyň ata-ene öňündäki dil bilen berjaý etmeli borçlary;

3. Ogul-gyzyň ata-ene öňündäki köňül bilen berjaý etmeli borçlary;
4. Ogul-gyzyň ata-ene öňündäki mal bilen berjaý etmeli borçlary.

Perzendiň ata-ene öňünde berjaý etmeli diýlip hasaplanan dört borjunyň her haýsy on bölümden ybaratdyr:

**1. Ogul-gyzyň ata-enäniň öňündäki ten bilen berjaý etmeli borçlary:**

1. Ata-enäniň hyzmatyny etmek;
2. Ata-enä mynasyp hormat goýmak;
3. Ata-enäniň buýruklaryny ýerine ýetirmek;
4. Ata-ene razy bolmadyk halatlarynda sapara gitmezlik;
5. Ata-ene bir ýerden geleninde, öňünden çykyp garşy almak;
6. Ata-enäniň razyçylyk bermedik zatlaryna baş goşmazlyk (etmezlik);
7. Ata-ene bir ýere gideninde, hoş niýet bilen ýola salmak;
8. Ata-ene adyňy tutup çagyranda imrinmän barmak;
9. Ata-enäniň gerek diýen zadyny tapyp bermek, tabşyran ýumşuny açyk göwün bilen tiz ýerine ýetirmek;
10. Ata-enäniň tabşyryklaryny ýerine ýetireniňde tekepbirlik etmezlik.

Biziň milli däplerimizde ata-enäniň hyzmatyny etmek, olaryň alkyşyny almak perzent üçin uly bagt hasaplanypdyr. Elbetde, ogul-gyzyň ata-enä hyzmat etmäge, olardan alkyş almaga, hoşamaý söz eşitmäge ýykgyn etmegi tötänlik däldir. Beýik şahyrymyz Magtymguly özüniň «Çyka bilmez sen» diýen goşgusynda:

«Agyrtmagyl ata birle enäni,
Daglardan, daşlardan uly günäni,
Agyrdyr günähiň, çekebilmez sen» –

diýýär.

Perzent islendik meselede ata-enäniň mertebesini hemme zatdan ýokary tutmalydyr. Ata-ene näçe köp ýumuş tabşyrýan bolsa-da, olara närazylyk bildirip durmaly däldir, gaýtam olaryň ýumuşlaryna hoşal bolunmalydyr. Emma durmuşda oglanlaryň we gyzlaryň käbiri ata-enäniň hyzmatyny etmekde nägilelik bildirýärler. Käbir ýagdaýda ata-enäniň ýumşuny berjaý etmekden ýüz öwürýänleri-de gabat gelýär.

Çagalaryň arasynda ata-enäniň ýumuşlaryny berjaý etmekden ýüz öwürmegiň dürli-dürli sebäpleriniň bolmagy mümkindir. Mekdep ýaşyndaky çagalaryň ençemesi ata-baba milli däplerimizi oňat bilmeýärler. Eger-de olar gadymy milli däplerimizi oňat bilip, ata-enäniň hyzmatyny berjaý etmekden özlerine gelýän haýyr-sogaba ýa-da olaryň diýenini etmänligi üçin nähili günä gazanýandygyna oňat düşünse, ogul-gyz olaryň hyzmatyndan gaça durmaz, gaýtam uly höwes bilen berjaý eder.

Milli däplerimizde ogul-gyz sapara ýa-da bir ýere gitmekçi bolanynda, ata-eneden rugsat almalydyr. Ata-ene çagasynyň özüni alyp barşy barada jemgyýetiň öňünde şahsy jogapkärçilik çekýär. Şonuň üçin ol çagasynyň nirä gidenini, kim bilen tirkeşýändigini, nämeler bilen meşgullanýandygyny bilmelidir. Emma gynansak-da, durmuşda ata-enesinden rugsat alman, islän ýerine gidip ýören perzentlere-de gabat gelinýär. Ata-babalarymyz çagalaryň şeýle etmegini uly biedeplilik hasaplapdyrlar. Näme üçin bir ýere gidilmekçi bolanda ata-eneden razyçylyk alynmagyny ogul-gyzyň öňünde borç edilip goýuldyka? Aslynda şeýle etmegiň näme zerurlygy barka? Adam bu zatlaryň hakyky manysyna ata-ene bolup, perzent öndürenden soň düşünýär, sebäbi çagasy rugsat alman, bir ýere gideninde, ata-enäniň nähili kyn ýagdaýa düşýändigine ata-ene bolup görmedik adamlar oňat göz ýetirmeýärler.

Çagasynyň nirä gidenini bilmedik wagtynda ata-ene örän kyn ýagdaýa düşýär. Ol howatyrlanýar, gaharlanýar,

käýinýär. Işdäsine, ukusyna zyýan ýetýär. Bir söz bilen aýdanymyzda, çagasynyň nirä gidenini bilmedik halatlarynda ata-ene ynjaýar. Ata-enäni ynjytmak bolsa, ogul-gyz üçin uly hatadyr, günädir.

Milli däplerimizde ata-ene haýsydyr bir ýerden gaýdyp geleninde, perzentleri olaryň öňünden çykyp, güler ýüz bilen garşylapdyrlar. Ol däp häzir hem maşgalalaryň ençemesinde dowam etdirilip gelinýär. Sapardan gaýdyp gelenlerinde, ata-enäni garşylamak ogul-gyzyň olara uly hormat goýmagyny aňladýar. Şoňa görä sapardan gelenlerinde, ata-enäni garşylamak ogul-gyzyň öňünde borç edilip goýlupdyr.

Ogul-gyz ata-ene tarapyndan ady tutulyp çagyrylanda, haýal etmän, olaryň huzurynda häzir bolmalydyr. Ata-enäni hormatlaýan her bir perzent özüniň bu borjuny gyşarnyksyz berjaý etmelidir. Eýsem, biziň hemmämiz, hemme wagt özümiziň bu borjumyzy gyşarnyksyz berjaý edýärmikäk? Aglaba köpimiz ony berjaý edýän-de bolsak, düşünmezlikdenmi, geleňsizlikdenmi, ýek-tük ol mukaddes borjumyzy doly ýerine ýetirmeýänlerimiz hem gabat gelýär. Bu borjuň dogry berjaý edilmedik halatlarynda, onuň ata-enä, ogul-gyza nähili zyýany barka? Diýeni edilmedik, çagyrylanda gelinmedik halatlarynda, ata-ene çagasyndan närazy bolýar, olara käýinip-sögünýär, ynjaýar, kahalatlarda bolsa gargynýar. Ata-enäniň gargyşyna galmagyň zyýany barada Magtymguly Pyragynyň goşgularynda-da şeýle setirlere gabat gelmek bolýar:

> «Ömür saly artar alkyş alanyň».

ýa-da:

> «Taňry söýen bende bet doga kylsa,
> Pelegi titreder, arşy ýandyrar».

Ata-ene öňünde ten bilen berjaý edilmeli borçlaryň biri-de, olaryň hyzmatyny berjaý etmekde, olar bilen iş salyşmakda tekepbirlikden saklanmakdyr. Tekepbirlilik, uly pällilik ýa-da men-menlik etmekdir. Islendik adam bilen iş

salşylanda, ylaýta-da ata-ene bilen iş salşylanda tekepbirlik etmek uly biedeplilik hasaplanýar. Ata-babalarymyz «Ýigidiň göwnünde ýüzärligiň dänesi ýaly kiçijek men-menlik bar bolsa, hiç wagt ol maksadyna ýetip bilmez» diýip aýdypdyrlar. Her bir adamyň kiçi göwünliligi berjaý etmäge çalyşmagy zerurdyr. Ol ynsanyň mertebesiniň ýokary göterilmegine ýardam edýän gylyk-häsiýetleriň esasylarynyň biridir.

**2. Perzendiň ata-ene öňündäki dil (söz) bilen berjaý etmeli borçlary.**

Beýik akyldarymyz Döwletmämmet Azadynyň «Wagzy-Azat» atly eserinde ogul-gyzyň ata-ene öňündäki dil bilen berjaý etmeli borçlary 10 bölege bölünip, olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Ata-enäniň ýanynda belent ses bilen gürlemezlik;
2. Ata-enäniň ýanynda gyjytly-ýaňsylaýjy söz aýtmazlyk;
3. Ata-enäniň adyny ýa-da lakamyny tutmazlyk;
4. Ata-enäniň ýanynda gaharly ýa-da nägilelik bilen sözlemezlik;
5. Ata-enäniň görejine bakyp sözlemezlik;
6. Ata-enä ýüzlenende ýumşak, mylaýym sözlemek;
7. Ata-ene bilen buýruk beriji äheňde gürleşmezlik;
8. Ata-enäniň ýanynda gagyrynyp-tüýkürinmezlik, sümgürinmezlik;
9. Ata-enäniň ýanynda ýerliksiz gülmezlik;
10. Ata-ene bilen gürleşilende mähirli bolmak.

Perzendiň ata-ene öňünde dil bilen berjaý etmegine degişli sanalyp geçilen bu borçlar howaýy zat däldir. «Tyg ýarasy biter-ýiter, söz ýarasy bitmez-ýitmez», «Ýagşy söz ýylany hininden çykar» diýen nakyllara laýyklykda ýerini bilip sözlemeseň, dil ata-enäni, islendik adamyny ynjydyp-da, göwnüne degip-de biler. Şonuň üçin ata-babalarymyz ata-ene bilen sözleşilende, olar bilen gatnaşyk edilende berjaý edilmeli edep kadalary boýunça ogul-gyzyň öňünde kesgitli borçlary öňe sürüpdirler.

Ata-ene bilen gürleşilende, ogul-gyzyň olaryňkydan belent owazda gürlemegini ýa-da olardan öňe düşüp sözlemegini biedeplik hasaplaýarlar.

Ata-babalarymyzyň ata-enäni hormatlamak boýunça dowam etdirip gelen şu we şuňa meňzeş kadalary biziň günlerimizde öz ähmiýetini ýitirdimikä? Olary berjaý etmegiň zerurlygy aradan aýrylaýdymyka? Ynsan mertebesini saklaýan, ony belende göterýän däp-dessurlar hiç wagt könelmeýär we ähmiýetini ýitirmeýär. Olary dowam etdirmegi, dogry berjaý etmegi başarmak gerek.

Halkyň asuda, parahat, agzybir ýaşamagyna päsgelçilik döredýän nogsanlyklaryň-da esasy sebäpleriniň biri ata-enäni, uly ýaşly adamlary, birek-biregi sylamak, hormatlamak, ynsaplylyk, ar-namyslylyk, sözüň üstünde tapylmak, halal ýaşamak ýaly asylly milli däp-dessurlarymyzy gyşarnyksyz dowam etdirmekde goýberilýän säwliklerden, parhsyzlyklardan, gelip çykýar. Şonuň üçin her bir ýaş adamynyň ata-babalarymyzyň ynsan mertebesini belende göterýän asylly däp-dessurlaryny uly höwes bilen alyp götermegi we dowam etdirmegi gerekdir.

Ata-ene bilen söhbetdeş bolnanda, olaryň pikiri bilen ylalaşylmadyk halatlarynda ata-enäniň sözüni ýalana çykarmaga synanyşmak, ýaňsylamak ýa-da olara ýaňsylaýjy söz aýtmak perzent üçin uly biedeplikdir, sebäbi adamlaryň bilim derejeleri, dünýägaraýyşlary, durmuş tejribeleri, gylyk-häsiýetleri dürli-dürli bolýar. Edepli, tertipli adamlar islendik dünýägaraýyşdaky adamlaryň gürrüňini diňlemegi, oňa sarpa goýmagy başarýarlar. Şonuň ýaly-da edepli adamlar islendik şahsyýetiň gowy taraplary hakynda gürrüň edýärler-de, olaryň ýetmezçilik taraplaryny agzamazlyga çalyşýarlar. Şeýle häsiýetdäki ata-enäniň gürrüňini diňläp, oňa «Sen gürrüňini edýän adamyň gowy taraplary hakynda aýdýarsyň-da, onuň ýetmezçiligini agzamaýarsyň. Hakykatda ol adamynyň şeýle-şeýle ýaramaz gylyk-häsiýetleri-

de bar ahyryn» diýip, ata-enäniň «ýalňyşyny düzetmek» perzent üçin edeplilik däldir. Aslynda, säwlige ýol berýän halatlaryňda-da ata-enäniň nädogrulygyny aýtmak, olara gyjalat bermek nädogrudyr. Şeýle hereket ata-enäniň ynjamagyna, göwnüniň galmagyna sebäp bolýar.

Ata-babalarymyzyň perzendiň ata-ene öňünde berjaý etmeli borçlarynyň hemmesi ogul-gyzyň ynsan mertebesini belende götermegine niýetlendirilen hereketlerdir. Meselem, özümiziň dünýä inmegimize sebäpkär bolan şahsyýetlere «kaka», «eje» diýip ýüzlenýäris. Emma olaryň-da kakasy, ejesi tarapyndan guwanylyp dakylan atlaryny ogul-gyzlaryň tutup ýüzlenmekleri biziň däp-dessurlarymyzda halanmaýar. Şonuň üçin ata-enäniň adyny ýa-da lakamyny tutman, olara eje, kaka, Siz diýip ýüzlenmelidir.

Enem-atam maňa käýindi, gaharlandy, köp ýumuş tabşyrdy, islän zadymy satyn alyp bermedi diýen ýaly bahana bilen, ata-enä nägilelik bildirmek, olardan öýke-kine etmek ogul-gyz üçin dürs däldir. Perzent ata-enäniň tabşyryklaryndan hoşal bolmalydyr. Ogul-gyzyň ata-ene öňündäki dil bilen berjaý etmeli borçlarynyň biri-de söhbetdeş bolnanda, olaryň ýüzüne garap gürlemezlikdir.

Ata-ene bilen gürleşilende mähirli, mylaýym bolmak perzendiň dil bilen berjaý etmeli parz borçlarynyň biridir.

Ata-enäniň ýanynda özüni alyp barmakda olary ynjydýan gylyk-häsiýetlerden saklanmak ogul-gyzlar üçin parz borçlardyr. Ata-babalarymyz perzendiň öňünde ata-enäniň ýanynda tüýkürinmezligi, gagyrynmazlygy, pyňkyrmazlygy borç edip goýupdyrlar. Aslynda milli däplerimizde gürleşip duran ýa-da oturan adamlaryň ýanynda pyňkyrmak olaryň üstünden gülmegi ýa-da olara göwnüýetmezçiligi aňladypdyr.

**3. Ogul-gyzyň ata-ene öňündäki köňül bilen berjaý etmeli borçlary.**

Beýik akyldarymyz Döwletmämmet Azadynyň «Wagzy-Azat» eserinde ogul-gyzyň ata-ene öňündäki köňül bilen berjaý etmeli borçlary aşakdakylardyr:

1. Ata-enäniň ýüzüne garanyňda mydama rehimli, şepagatly bolmak;
2. Ata-enäni öz dostuň, iň ýakyn adam hasaplamak;
3. Ata-enäniň begenjine begenmek, şatlygyna şatlanmak;
4. Gaýgyly-aladaly wagtlarynda olara duýgudaşlyk etmek, şatlanmazlyk;
5. Ata-enäniň sözüne, öwüt-nesihatlaryna gaharlanmazlyk;
6. Temmi beren, käýän wagtlarynda ata-eneden öýke-kine etmezlik;
7. Ata-enäniň derdi bilen dertdeş bolmak;
8. Ata-eneden ätiýaç etmek;
9. Ata-enäniň niýetine, maksadyna söz ýetirmezlik;
10. Garrap, tapdan duşen wagtlarynda-da ata-enä uzak ömür dilemek.

Milli däplerimizde adamlar ata-enäni özleriniň ýakyn adamsy, dosty hasaplapdyrlar. Hakyky dost ömürlik bolupdyr. Çyn dostlaryň arasynda galplyk, gizlin syr bolmandyr. Şonuň üçin atalarymyz «Çyn dost geňeşde bellidir» diýip aýdypdyrlar. Şondan ugur alynsa, islendik çaganyň hakyky dosty ata-ene bolmalydyr, sebäbi ata-ene ýaly çaganyň begenjine begenjek, gynanjyna gynanjak başga adam bolup bilmez. Şol sebäpli-de ata-babalarymyz perzende ata-enäni iň ýakyn dost hasaplamagy wesýet edipdirler. Ata-ene bilen perzendiň arasynda hiç hili gizlin syr bolmaly däldir. Islendik meselede ata-ene perzendini özüniň iň ýakyn dosty hasaplamalydyr.

Ata-enä hezzet-hormat etmegiň esasylarynyň biri-de olaryň şatlygyna şatlanmakdan, gynanjyna gynanmakdan ybaratdyr, ýagny köňül bilen duýgudaşlyk etmelidir. Emma çagalyk ýyllarynda düşünmezlikden, käbir halatlarda ata-ene öňündäki bu borjumyzy berjaý etmeýän wagtlarymyz bolýar. Meselem, ata-enäniň düýpli bir zat üçin çuňňur gynanýan, aladalanýan pursatlarynda özümiziň haýsydyr bir şahsy bähbidimiz üçin toý edýäris, saz-söhbet bi-

len meşgullanýarys. Şeýle ýagdaýlarda ata-ene biziň şatlygymyzy paýlaşyp ýa-da bize duýgudaşlyk edip bilmeýär. Tersine, biziň şeýle hereketlerimizden olaryň göwni galýar we bizden nägile bolýarlar. Ata-enäniň göwni hoş, şat wagtlarynda perzent olaryň şatlygyna duýgudaşlyk etmese, oňa ters gelýän hereketlere baş goşsa, olaryň göwnüniň galmagyna sebäp bolýar. Milli däplerimizde ogul-gyzyň şeýle etmegi geçilmesiz günäleriň biri hasaplanypdyr. Şonuň üçin ogul-gyz ata-enäniň şatlygyna şatlanmalydyr, gynanjyna gynanmalydyr. Şeýle hereket perzendiň il-gün arasyndaky mertebesiniň belende göterilmegine ýardam edýär.

Milli däplerde ata-enäniň wagtynyň çag, janynyň sag bolmagy barada perzendiň alada etmegi esasy borçlaryň biri hasaplanypdyr. Wagty çaglyk belli derejede adamyň saglygyna, uzak ýaşamagyna oňayly täsir edýär. Ata-enäniň näsag bolýan, käbir zatlara çuňňur gynanýan wagtlary bolýar. Şonda perzent olara duýgudaşlyk etmelidir, halyndan habar almalydyr, olary gynandyryjy hereketlerden saklanmalydyr.

Ata-babalarymyz «Perzent ata-eneden ätiýaç etmelidir» diýip aýdypdyrlar. Ätiýaç etmek gorkmagy aňlatmaýar. Olara hezzet-hormat etmegi, olary agyrdanyň üçin beriljek jezadan çekinmegi aňladypdyr. Şeýle hem perzent ata-enäniň halamaýan zatlaryna baş goşmakdan ätiýaç etmelidir, olardan utanmalydyr. Ata-eneden utanylmasa, ätiýaç edilmese, onda maşgalada baş-başdaklygyň ýüze çykmagy ikuçsuzdyr. Baş-başdaklygyň bar ýerinde ulyny-kiçini saýgarmak, edep-ekram hakynda gürrüň etmek-de kyndyr. Şonuň üçin atalarymyz ata-eneden ätiýaç etmegi perzendiň öňünde borç edip goýupdyrlar. Ata-enäni hormatlaýan her bir perzent ol borjy dogry berjaý etmelidir.

**4. Perzendiň ata-ene öňündäki mal (baýlyk) bilen berjaý etmeli borçlary.**

«Wagzy-Azat» eserinde ogul-gyzyň ata-ene öňündäki mal bilen berjaý etmeli borçlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Ata-enäniň eşiginiň perzendiniňkiden artykmaç, gowy bolmagy;
2. Ata-enäniň iýmitiniň perzendiniňkiden artykmaç, gowy bolmagy;
3. Ata-enäniň öňünde duz-tagamy uly hormat bilen goýmak;
4. Ata-enäniň ýüreginiň küýsän zatlaryny, isleg-arzuwyny kyn görmän berjaý etmek;
5. Geýmek islän geýimlerini tapyp bermek, olara çykaran çykdajylaryňy, eden hyzmatyňy agzamazlyk;
6. Mal-baýlygyňy ata-eneden gizläp saklamazlyk, ony olara aýan etmek;
7. Ata-enäniň gatnaşyk eden, gowy görüşýän dost-ýarlaryny çagyryp, olara hezzet-hormat etmek;
8. Mümkinçiligi bolan wagtlarynda ata-enäniň dogan-garyndaşlaryny myhmançylyga çagyryp durmak;
9. Näsaglan wagtlarynda ata-enäniň saglygyny Alladan dilemek, däri-derman üçin harajady gysganmazlyk;
10. Ata-enäniň saglygyny, uzak ýaşamagyny dileg edip, sadaka bermek.

Gadymy milli däplerimizde ata-enä özüniňkiden oňat eşikleri geýdirmek ogul-gyz üçin borç diýlip hasaplanypdyr. Şonuň üçin ogul-gyzyň edepliligine ata-enäni geýindirişi bilen baha beripdirler. Özi gowy geýnip, öndürip-ösdüren ata-enäni ýaramaz geýindiren perzentleri näletläpdirler, ýazgarypdyrlar. Bu zatlary öwrenmegimiziň sebäbi häzirki ýaşlaryň belli bir bölegi ata-baba gelýän oňat däpleri bilmeýär we bilmezlikden hem ata-enä hezzet-hormat etmegiň düzgünlerini bozýar.

Diňe bir gowy naharlar bilen naharlamak däl, ogul-gyz duz-tagam äbermekde-de, hezzet-hormat etmegiň edep kadalaryny dogry berjaý etmelidir. Ata-ene maşgalabaşy hasaplanýar. Biziň milli däplerimizde duz-tagam taýýar

bolanyndan son, ilki bilen ýaşululara äberilýär, olar «bismilla» edeninden soň, ýaşkiçiler nahara el urýarlar. Şonuň ýaly maşgalanyň-da ýaşulusy ata-ene hasaplanýar. Duz-tagam ilki şolaryň öňünde goýulýar. Nahar äberilende, saçak ýazmagyň, onuň üstünde tagamlary ýerleşdirmegiň, saçagy, gap-çanaklary ýygnamagyň edep kadalaryny oňat bilmek we dogry berjaý etmek perzent üçin derwaýysdyr. Duz-tagam äberilende bolýan islendik nadogry hereket ata-enäniň işdäsine zyýanly täsirini ýetirip biler. Perzent ata-enäniň eline suw akytmagyň, tagamdan soň el ýuwdurmagyň kadalaryny-da dogry berjaý etmelidir. Çagalarynyň milli edep kadalarymyzy dogry berjaý etmegi, özlerine hormat goýmagy ata-enäniň öz perzentlerinden hoşal bolmagyna, olar üçin ýagşy dilegler etmegine getirýär.

Iýdirmekde, geýdirmekde ata-eneden zat gysganmaly däldir, sebäbi olar seniň aslyňdyr. Perzent ata-enäniň öňünde mydama bergidardyr. Ata-ene perzent üçin öz ömrüniň iň oňat döwrüni bagyş edýär, olara öz mährini siňdirýär. Eden ýagşylygyňy diliňe almak – muňa milli däplerde minnet etmek diýlip düşünilýär. Ata-babalarymyz minnetli aşy zäher bilen deňeşdiripdirier. Çyn ýürekden ata-enä hezzet-hormat edýän ogul-gyz hiç wagt olara eden hyzmatyny, çykaran çykdajysyny diline almaly däldir. Ata-enä edilen hezzet-hormaty, çykarylan çykdajyny dile almanyňda-da, olaryň özleri we il-gün biler. Gadymy wagtda bir adam her gün dükandan üç sany çörek satyn alýar eken. Ol munuň sebäbini şeýle düşündirýär: «Çörekleriň birini bergime berýän, birini özüm iýýän, üçünjisini bolsa karzyna berýän». Onuň bergisine berýäni ene-atasy, karzyna berýäni bolsa perzentleri. Ene-ataň seni wagtynda ekläp-saklan bolsa, sen hem öz gezegiňde ony eklemeli.

Adamzat dostsuz ýaşap bilmez. Her bir şahsyýetiň birnäçe dosty bolup biler. Mekdepde okaýan oglanlaryň-da,

gyzlaryň-da her haýsysynyň birnäçe dostunyň, jorasynyň bolmagy mümkindir. Ol dostlugyň käbiri mekdep ýyllaryndan soň hem uzak wagtlap ýa-da ömürlik dowam etdirilýär. Özüňizde bolşy ýaly, ata-eneleriň-de gowy görüşýän, ysnyşykly gatnaşyk edýän dostlary, joralary bolýar. Ata-ene gojalyp, tapdan düşeninde-de, aradan çykanynda-da, olaryň dostlary bilen gatnaşygy dowam etdirmegi milli däplerimizde ogul-gyzyň öňünde borç edilip goýlupdyr. Ata-enelerimiziň gowy görüşýän dostlary bilen aragatnaşygy dowam etdirmek olara uly hormat goýmagymyzyň alamatydyr. Şonuň üçin mümkinçiligi bolan halatlarynda ata-enelerimiziň dost-ýarlary çagyrylyp, olara hezzet-hormat edilip durulmalydyr. Ondan öz ata-enelerimiziň göwni hoşal bolar.

Milli däplerimizde ata-enäniň saglygy barada alada etmek, syrkawlan wagtlarynda olaryň keselini bejertmek ogul-gyzyň öňünde borç edilip goýlupdyr. Perzent ata-enäniň keselini bejertmekde serişdesini gysganmaly däldir. Şeýle hem olaryň saglygyna zyýan beriji zatlaryň öňüni almak barada alada etmelidir. Ata-ene näçe köp ýaşasa-da, ogul-gyz olaryň janynyň sag bolmagyny, ýene-de uzak ýaşamagyny Allatagaladan dileg etmelidir. Keselläp ýarawsyzlyk tapynan wagtlarynda sag-aman gutulmagyny dilap, sadaka bermek ogul-gyz üçin borç edilipdir.

Umuman, ata-enesi barka perzent 40–50 ýaşasa-da, özüni çaga ýaly duýýar. Dünýä gözüňe ala-ýaz bolup görünýär. Elbetde, tebigatyň öz kada-kanuny bar. Perzent üçin ata-ene mydamalyk berilmändir. Olar dünýäden ötensoň, özüňi birden garran, durmuşyň ähli aladalary başyňa düşen ýaly duýýarsyň. Köplenç, «Wah, kakam-ejem diri bolan bolsady, olary elimde götärdim» diýip, ahmyr edýän adamlara gabat gelmek bolýar. Şonuň üçin soň ahmyr etmez ýaly, olar arañyzda ýaşap ýörkä gadyryny bilmeli. Olar aradan çykansoň, dogan-garyndaşlar bilen belli

günlerini belläp, olary ýagşylykda ýatlap durmak perzent üçin iň mukaddes borçdur.

1. Döwletmämmet Azady «Wagzy-Azat» eserinde perzendiň ata-ene öňündäki borjuny näçe uly topara bölýär, olar haýsylar?
2. Ata-enäniň begenjine begenmegi, kyn günlerinde bolsa olara duýgudaşlyk etmäge nähili düşünýärsiň?
3. Siz şu borçlaryň hemmesini ýerine ýetirip bilýärmisiňiz?
4. Ata-eneňiziň gowy görüşýän adamlary bilen gatnaşyk saklaýarmysyňyz?

*Ene-atańyzdan sorap, ýedi arkaňyzy öwreniň we onuň şejeresini düzüň.*

## Döwlet maşgaladan başlanýar

«Bagt köşgüniň» wekiliniň «Hormatly ýaşlar! Türkmenistanyň Maşgala kodeksine laýyklykda Siziň nikaňyz resmileşdirildi. Şu pursatdan Sizi är-aýal diýip yglan edýäris» diýip, dabaraly yglan etmegi bilen, Garaşsyz Watanymyzda ýene-de bir maşgalanyň sany artýar.

Biziň ýurdumyzda her bir maşgalanyň sagdyn, agzybir bolmagy üçin döwlet tarapyndan alada edilýär. Sebäbi döwlet maşgaladan başlanýar. Ýurtdaky maşgalalar agzybir, berk bolanda döwlet hem şonça mäkämdir. Maşgalaňy söýmek, ony agzybir saklamak ýaşaýan ýurduňy, döwletiňi söýmekdir. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 27-nji maddasynda «Nika ýaşyna ýeten erkek bilen aýal biri-biri bilen ylalaşyp, nikalaşmaga hem maşgala gurmaga hukugy bardyr» diýlip, maşgalanyň konstitusion hukugy Kanun tarapyndan düzgünleşdirilýär.

Döwletimiz tarapyndan maşgala gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak, tertipleşdirmek maksady bilen, ýörite Kanun

– Türkmenistanyň Maşgala kodeksi tassyklanyldy. Bu kodekse laýyklykda durmuş gurmagyň, nika baglaşmagyň, maşgala gatnaşyklarynyň tertip-düzgüni resmileşdirildi. Şol kodekse laýyklykda ilki bilen durmuş gurýanlaryň ýaşlarynyň nika ýaşyna ýetmegi we iki tarapyň-da meýletin razyçylygy gerek. Biziň ýurdumyzda nikadan geçmek üçin, 18 ýaşy dolan akyl-huşy ýerinde bolan oglan-gyza rugsat berilýär. Emma ganybir hossarlara, agadyr uýa, oguldyr gyzlyk alnanlara nikalaşmaga rugsat berilmeýär.

Doganoglanlaryň we ondan-da daşgynrak garyndaşlaryň nikalaşmagy netijesinde nesil yzarlaýan keselli, şeýle-de kemisli çagalaryň köp dogulýandygy lukmançylyk ylmynda ir döwürlerden bäri mälimdir.

Maşgala bu bir hojalyga, ojaga degişli bolan çagalar we ene-atalardyr. Maşgala agzalary ene-atadan, ýagny erkek adamdan we aýaldan hem-de perzentlerden – oglanlardan, gyzlardan ybaratdyr. Maşgala biziň durmuşymyzyň özeni bolup, onsuz jemgyýeti göz öňüne getirmek mümkin däl.

Maşgalada her kimiň öz orny bar. Milli durmuş ýörelgämizde maşgalany ekleýji hökmünde hojalykda erkek adam maşgalabaşy bolupdy. Ol maşgalabaşy hökmünde hojalykda esasy orny eýeläpdir. Ene bolsa, öý hojalyk işleri, çagalara terbiýe bermek bilen meşgul bolupdyr. Bu kada indi müňlerçe ýyllar bäri dowam edip gelýär. Aýal hojalykda maşgalabaşy bolmak ýaly jogapkärli wezipäni öz üstüne almak barada pikir hem etmändir. Emma soňky döwürlerde käbir täze durmuş guran ýaş maşgalada kim hojalyga beýemçilik etmeli diýen göze görünmeýän «häkimlik» üstünde gizlin göreş gidýär. Elbetde, bu meselede gadymy ýörelgelere eýerilip, maşgalada erkek adam maşgalabaşy bolmaly diýip kesgitli aýtmak bolmaz. Sebäbi ýeterlik görüm-görelde, terbiýe görmedik, lellim ýigit hojalygy dolandyrmaga ukypsyz bolsa, onuň tersine, dogumly, başarjaň gelin hojalyga aňly-düşünjeli serenjam berip biler. Türkmenistanyň Konsti-

tusiýasynda hem «Maşgala gatnaşyklarynda är-aýalyň hukugy deňdir» diýilýär.

Maşgala agzalarynyň hersi öz ornunda durup, birek-birege düşünişseler, ol ojak agzybir, bagtly öý hasaplanýar. Adamsy aýalynyň, aýaly adamsynyň mertebesini saklasa, çagalaram olaryň sarpasyny saklarlar. Aýal adamsyny sylamasa, çagalar haýsy tarapy goldajaklaryny bilmän aljyraýarlar. Netijede, maşgala bulaşýar ýa-da çagşaýar. Bir dana «Nähili maşgalany bagtly maşgala hasaplaýarsyňyz?» diýip sorag berlende ol: «Birek-birege düşünişýän maşgala bagtlydyr» diýip jogap beripdir.

Birek-birege:

Gökden ýere inen ýüz-müň belalar
Degse maňa degsin, ýara degmesin –

diýip, biri-birini mertebeleýän, sarpasyny tutýan ene-atalardan hem göreldeli perzentler kemala gelýärler.



**8-nji surat.**

Milli eşikli türkmen gelni.

Biziň halkymyzyň milli medeniýetinde aýal-gyzlary sylamak, olara hormat goýmak ata-babadan gelýän däp-dessurdyr. Hatda söýgi baradaky dessanlara at dakanlarynda hem gyzlaryň atlaryny hormat bilen ilkinji tutupdyrlar: «Leýli-Mejnun», «Şasenem-Garyp», «Zöhre-Tahyr», «Saýatly-Hemra», «Asly-Kerem», «Hüýrlukga-Hemra», «Gül-Bilbil» we ş.m. Olary otdan-suwdan gorap saklapdyrlar, ony gymmatbaha mukaddeslik hökmünde öýüniň bezegi hasaplapdyrlar. Şonuň bilen birlikde hem maşgala ojagyna yhlasly, wepaly bolmagy talap edipdirler. K. Gurbannepesowyň dili bilen aýdylanda:

Gülüň! Gülüň!
Gülkiňizden
Gözleriňiz ýaşarsyn.
Siziň göwnüňze degsek,
Goý, agzymyz gyşarsyn.

Ýöne sizem ýarlarňyzyň
Degmäweriň göwnüne.
Erkekleň hem işi ýetik,
Sanjy bolmaň böwrüne.

Wagt geçýär. Durmuş ösýär. Ýetginjekler kämillik ýaşyna ýetýärler. Tebigatyň kanunyna laýyklykda olaram durmuş gurmaly, maşgalabaşy bolmaly, nesil öndürmeli, hojalygy dolandyrmaly. Durmuş gurmak, ýagny öýlenmek bu öýli bolmak diýmekdir. Öýlenmek özbaşdak öýli-hojalykly bolup, maşgalany dolandyrmak, perzentleri terbiýelemek ýaly örän jogapkärli wezipäni öz üstüňe almakdyr. Beýik Magtymgulynyň aýdyşy ýaly, «dünýäniň ýagşy-ýamanyny bilmekdir». Muňa bolsa şu wagtdan öňüňde: «Men maşgala gurmaga taýýarmy? Özüme mynasyp ýanýoldaş saýlap bilerinmi? Hojalygy ekläp-saklamaga mende ukyp barmy? Çaga terbiýesinde nämä esaslanmaly» diýen ýaly soraglary goýup, oňa özüňi taýýarlamaly.

7. Sargyt № 1875

1. Maşgalada kakanyň nähili orny bar?
2. Sen ýene 1–2 ýyldan özbaşdak maşgala gurup bilermiň?
3. K. Gurbannepesowyň «Erkekleň hem işi ýetik, sanjy bolmaň böwrüne» diýen setirlerine nähili düşünýärsiňiz?
4. Hojalykda kimiň maşgalabaşy bolmagyny isleýärsiň?

*8-nji surata seredip, ondaky milli egin-eşikleriň, şaý-sepleriň atlaryny aýt.*

## Maşgalada nesliň dowam etmegi

Maşgalada çaganyň dogulmagy şol öýe bagt getirýär. Ýaş çatynjalaryň çaga ýüzleriniň düşmegi bilen täze durmuş başlanýar, ýagny ýigit kaka, gelin eje diýen belent ada eýe bolýar. Indi olaryň maşgaladaky jogapkärçilikleri has-da artýar. Dünýä inen çaga ýaş çatynjalaryň arasyndaky kähalatda ýüze çykýan ownuk-uşak düşünişmezligi aradan aýyrýar.

Çagany talabalaýyk ekläp-saklamak, terbiýelemek meselesi ene-atadan uly zähmeti, tejribäni talap edýär. Aýratyn-da, çaga terbiýesi ýaş çatynjalarda biynjalyk döredýär. Munuň bilen bagly her bir ownuk-uşak mesele her günde, her sagatda ýüze çykýar. Iň ilki bilen çaga nähili at dakmaly? Göräýmäge ýönekeý mesele ýaly. Haýsydyr bir döwrebap atlaryň birini saýlap alaýmaly. Emma bu meselä örän jogapkärli çemeleşmeli. Türkmen edep kadalaryna laýyklykda doglan çaga üç günüň içinde at dakmaly. Dakylan at hem döwrebap bolmaly, hem şol at çaganyň ýeke-täk ady bolup, bütin ömrüniň dowamynda ýöremeli. Käbir hojalykda adamyň resmi ady, ýagny resminamadaky ady hem-de ýörgünli ady (öýde, köçede tutulýan ady) bolýar. Ene-ata çaga hemme ýerde diňe resmi ady ýörär ýaly at dakmaly. Käwagt çaga döwrebap at goýjak bolup ýalňyşýarlar. Öz döwründe Komsomol, German ýaly dakylan atlar häzir örän

geň bolup eşidilýär. 60–70 ýaşdan geçen adamlara Komsomol aga, Gahryman aga diýip ýüzlenmek töweregindäkiler üçin kyn düşýär. Şol adyň eýeleri bolsa her gezek özlerine ýüzlenenlerinde ýüzleri gyzarýar. Käbir ene-ata çagalaryna goşma atlar dakýarlar. Elbetde, salyhatly eşidilýär, ýöne deň-duşlarynyň arasynda onuň ady gysgaldylyp tutulýar. Muhammetmyrat, Mämmetdurdy ýaly atlaryň diňe bir bölegi, ýagny Muhammet, Mämmet ýaly bölegi ýörgünli bolup galýar. Garaz, özüne ata-ene tarapyndan dakylan at üçin çaga ýaşlykda-da, ýaşy birçene baranda-da utanmaly däldir.

Çaga terbiýe bermek meselesi has kyn meseleleriň biridir. Terbiýe meselesinde belli bir galypa salnan ülňi ýok. Her bir çaganyň ýüregine barýan ýoly saýlamak, ony dogry ýola ugrukdyrmak ene-atadan ussatlygy talap edýär.



**9-njy surat.**
Berkarar döwletiň bagtyýar maşgalasy.

Terbiýe meselesinde hiç bir ownuk zat ýok. Çagany näçe gowy görseň-de, terbiýe meselesinde dözümsizlik etmeli däl. Ata-babalarymyz tarapyndan döredilen «Çagany gowy gör, emma özüne bildirme», «Çaga eziz, edebi ondanam eziz» diýen nakyllar durmuşyň, ençe asyrlaryň synagyndan geçen aýtgylardyr.

Çagany terbiýelemäge ertir başlaryn, birigün başlaryn diýlen geleňsizlik etmeli däl. Ony näçe ir başlasaň, şonça-da netijesini ir görersiň. Bir gelin obadaky dana ýaşulynyň ýanyna baryp: «Atam, ýaş çagam bar. Men oňa haçan terbiýe berip başlamaly» diýýär. Onda dana: «Çagaňyz haçan doguldy?» diýip soraýar. Gelin: «Doglanyna dört aý boldy» diýýär. Onda dana: «Onda, gelin, dört aý hem gijä galypsyňyz, terbiýä dört aý mundan öň başlamaly eken» diýip jogap berýär.

Umuman, çaga nähili terbiýe berseň, görüm-görelde görkezseň, olardan hem şony görersiň. Meşhur rus pedagogy A. S. Makarenko «Çaga şu günki beren nädogry terbiýämiz ertirki ahy-nalamyzdyr, gözýaşymyzdyr» diýip, örän jaýdar belleýär. Türkmen halkynda hem «Ekeniňi orarsyň» diýen gyzyla gaplaýmaly nakyl bar ahyry.

Döwletimiz tarapyndan köpçagaly maşgalalara aýratyn üns berilýär. Çagalaryň sagdyn ösmegi, olaryň döwrebap bilim-terbiýe almagy, olara berilýän kömek pullaryň ýylyň-ýylyna artdyrylmagy, köpçagaly enelere sylag-serpaý ýapylmagy ýurdumyzda sagdyn, agzybir maşgalalaryň sanynyň gün-günden artmagyna getirýär. Aslynda-da türkmen halky sagdyn maşgalany gurmagy, nesil öndürmegi parz hasaplapdyr. Geçen asyryň ortalarynda zehinli türkmen ýazyjysy Aman Kekilow özüniň meşhur «Söýgi» romanynyň başky nusgasynda Begenjiň urşa gidip, ýaraly gelşi we synasynda galan okuň bölegi zerarly aradan çykyşy, maşgalada Ogulnabadyň ýekeje ogly Öwezjik bilen ýalňyz galşy bilen tamamlaýar. Bu eser goşgy bilen ýa-

zylan uly göwrümli eser – roman bolansoň, öz wagtynda jemgyýetçilikde uly gyzyklanma döredipdir. Awtora gaty kän hatlar gelýär. Talapkär okyjylar eseriň tamamlanyşy bilen kanagatlanmaýarlar. Edebiýatçy alymlar, jemgyýetçilik işgärleri awtora eseri dowam etdirip, täzeden işlemegi maslahat berýärler. Ýazyjy esere täze – üçünji gahrymany – Akmyrady girizýär. Wakalaryň soňky gidişinde Akmyrat bilen Ogulnabat durmuş gurýarlar.

Näme üçin ýazyjy beýle öwrüm edýär? Türkmen durmuşynda boý ýigit bilen dul gelniň durmuş gurmagy oňlanylmaýan adat ahyryn! Indi şol döwrüň durmuş ýagdaýyna syn edeliň. Beýik Watançylyk urşunyň yz ýanlary. Urşa gidip, şol ýerde galan müňlerçe ýigitleriň ýalňyz galan maşgalalary, ýetim galan çagalaryň, dul galan gelinleriň ykbaly nähili bolmaly!? Ine, ýazyjynyň şol gelinleriň ojagynyň ýylysyny gaýtaryp getirmek üçin, olaryň täzeden durmuş gurmaklaryny, nesil öndürmeklerini, adam sany seýpellän ilatyň üstüni dolmagy salgy berýän maslahaty, öwüt-ündewi şeýle bolup çykýar. Eseriň baş gahrymany Ogulnabat örän asylly, päkize gelin. Ol ilki Akmyrat bilen durmuş gurmaga kes-kelläm garşy çykýar. Eserde Ogulnabadyň Begenjiň ruhunyň öňünde çekýän jebri-jepasy, töweregindäkileriň töwellasy örän ynandyryjy suratlandyrylýar. Eseriň ahyrynda maşgala ojagy dikeldilýär. Ýazyjy Ogulnabadyň Akmyrat bilen täzeden durmuş gurmagyny örän ussatlyk bilen beýan edýär. Bu eser ýüzlerçe ýetim galan maşgalalaryň täzeden dikelmegine sebäp bolýar.

Türkmenlerde maşgalada atadan gaýdýan nesliň atlary şeýle tutulýar:

Ogul, agtyk, çowluk, ýuwluk, gowluk, geňlik, taňlyk.

Şeýle-de öz perzentleriňe garyndaşlyk aňladýan «dogan, doganoglan, dolanan, babadaş, garyndaş, obadaş, il biri» diýen sözleriň manysyny hem-de şol sözlere degişi garyndaşlaryňy öwretmek hem milli medeniýetlikden nyşandyr. Maşgalada

«Maşgala kitabyny» döretmek, ýagny aslyňy – ýedi arkaňy tanamak däbi ýola goýulsa, geljekde aga-ini, daýy-daýza, dogan-doganoglan, çykandyr ýegen ýaly gatnaşyklaryň dowam etmegine, olaryň has-da ysnyşmagyna ýardam eder. Aňyrsy bir maşgaladan gaýdan dogan-garyndaşlaryň şejeresiniň ýöredilmegi ýaşlaryň öten-geçen garyndaşlaryny tanamaga, olaryň sarpasyny saklamaga, galyberse-de, halkyň, tiräniň, taýpanyň taryhyny, etnografiýasyny öwrenmekde gymmatly maglumat bolup hyzmat etjegi şübhesizdir. Yrak türkmenleriniň nakylynda aýdylyşy ýaly, «Aslyny unudan atasyny atar».

Türkmen halkynda «Bu günki çaga ertir aga» diýen nakyla laýyklykda maşgaladaky ýaş çaga birnäçe ýyldan soň uly adam çykýar. Türkmeniň gadymdan gelýän ynsançylyk duýgularyna ýugrulan edim-gylymlaryny, däp-dessurlaryny öwretmek ata-enäniň mukaddes borjy bolup durýar.

1. Çaga döwrebap at dakmak däbine nähili düşünýärsiňiz?
2. Maşgalaňyzdaky kiçi ýaşly çagalaryň terbiýe meselesine nähili täsir edýärsiňiz?
3. «Ekeniňi orarsyň» diýen nakylyň manysyna nähili düşünýärsiň?
4. A. Kekilowyň «Söýgi» romanyndaky Ogulnabat bilen Akmyradyň durmuş gurmaklaryna nähili garaýarsyň?

*Ata-eneňiziň kömegi bilen «Maşgala kitabyny» darediň we garyndaşlyk gatnaşygyndaky täzelikleri yzygiderli ýöretmäge çalşyň.*

## Maşgala agzybirligi

Tebigatyň öz kanunalaýyklyklary bar. Ýer üstünde ösümlik-de, haýwanat-da ýaşaýşyny dowam etdirmeli. Adamzat, hem nesil öndürip, tebigatyň kanunalaýyklygyna goşant goşmaly. Nesil öndürmek üçin bolsa maşgala gur-

maly. Geçmişi-de, geljegi-de maşgalasyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Maşgala meselesi bütin dünýäde hem örän ýiti hem-de jemgyýetçiligi ynjalykdan gaçyrýan meseleleriň biri. Sebäbi Ýer ýüzünde her ýylda ýaşlaryň nikalaşmagy bilen millionlarça maşgalalar gurulýar. Toý tutulyp, ýaş maşgala bagtly durmuş arzuw edilen-de bolsa, olaryň birenteginiň bir ýyla ýetmän, durmuşy bozulýar. Durmuşyň bozulmagyna näme sebäp bolýar? Muňa ilki bilen ýaşlaryň özi günäkär diýip jogap bermek bolar. Häzir ýaşlar birek-biregi halap, sulhy alyp durmuş gurýarlar. Olary hiç kim mejbur etmeýär. Elbetde, perzentlerini öýermek, durmuşa çykarmak ata-enäniň borjy. Ata-ene hem çagalarynyň öz halaşýanlary bilen durmuş gurmaklaryny isleýärler. Ata-ene bilen ylalaşyp, öz halanyň bilen durmuş guran bolsaň, onda näme üçin durmuş bozuldy? Diýmek, olarda ýeterlik durmuş tejribesi ýok. Durmuş gurmaga ýeterlik ukyby ýa-da maşgala keşigini çekmäge islegi ýok.

Tebigata syn etseňiz, diňe adamlar däl, hatda mör-möjekleriň-de, haýwanlaryň-da birentegi – arydyr garynjalardan başlap, möjek, gaplaň, ýolbars, pil, kit ýaly äpet haýwanlar-da maşgala bolup ýaşaýarlar. Özleri-de ynsana görelde alarlyk derejede agzybir, birek-birege düşünişip ýaşaýarlar.

Maşgala gurmakda ýaşlar ilki bilen örän eserdeň, hüşgär bolmaly, sebäbi bütin ömrüňde bir jan, bir ten bolmaly ýanýoldaşyň bilen häsiýetiň, düşünjäň laýyk gelmeli. Iki juwan birek-birege düşünişende, birek-biregi goldanda bagtly durmuşy gurmak kyn däl. Elbetde, durmuşyň özüne ýetik hysyrdysy, kynçylygy-da bar. Maşgalada ýüze çykýan käbir kynçylygy ýaşlaryň ikisi-de agzybirlik bilen deň derejede durup çekişmelidir. Gadymy türkmen ertekilerinde batyr ýigit öz doganyny ýa-da dostuny gözlemäge gidende onuň öňünden üç ýol çykýar. Ol ýollaryň çatrygynda bolsa: «Gitse geler», «Gitse gümana», «Gitse gelmez» diýen ýazgylar bar. Ýigit kyn ýoly – «Gitse gelmezi» saýlaýar we ýeňişli dolanyp

gelýär. Durmuş gurýan ýaşlaryň öňünde hem iki ýol – bagta alyp barýan şaýol we betbagtlyk bilen gutarýan çarkandakly ýoda. Bu ýoldaky neşebentlik, arakhorluk, biwepalyk, agzalalyk ýaly durmuş ýörelgesi, yzgytsyzlyk, gödeklik ýaly ýaramaz gylyk-häsiýet maşgala binýadynyň çat açmagyna, jaýrylmagyna, soňundan çagşamagyna, umuman, betbagtlyga alyp barýar. Şol ýollaryň haýsysyny saýlasa çatynjalaryň öz ellerinde.

Bagta barýan şaýoly saýlap, göreldeli, bagtly maşgalany gurmak üçin şeýle bir kynçylyk ýok. Diňe çatynjalaryň birek-birege düşünişmekleri, sylaşyk, kanagat gerek. Durmuş toýunda toýa gelenler ilki bilen ýaşlara agzybirlik dileýärler. Olaryň uzak ýyllar goşa gumry ýaly bolup, nesil öndürmeklerini, agzybir ýaşamaklaryny Allatagaladan dileýärler. Öýlenen ýigidiň maşgalasy uly bolsa, onda täze gelen gelin gaýynatasy, gaýynenesi, gaýynagalary, ýüwrüjileri, gaýynekejileri, baldyzlary bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Käbir maşgalalarda olaryň hemmesi bilelikde ýaşaýarlar. Gelen gelin gaýynenesidir gaýynatasyny öz ene-atasy ýaly, gaýynagalarydyr eltilerini, gaýynekejilerini, ýüwrüjileridir baldyzlaryny öz doganlary ýaly görse, maşgalada dowam edip gelen edim-gylymlara hormat goýup, tertip-düzgünleri berjaý etse, onda bu gelin hem bagtly, döwletli maşgalanyň bir hormatly agzasyna öwrüler. Elbetde, uly maşgalalarda häli-şindi käbir durmuş meseleleri çykaýgyç bolýar. Şonda hem maşgalanyň ýaşulusy pähim-paýhas bilen meseläni çözýär.

Türkmen halk döredijiliginde, ýazyjy-şahyrlaryň eserlerinde agzybirlik meselesine aýratyn üns berlipdir we bu barada nakyllar, rowaýatlar döredilipdir. «Agzybire Taňry biýr, agzalany gaňrybir», «Ikiniň agzy bir bolsa, asmandakyny inderer, altynyň agzy ala bolsa, agzyndakyny aldyrar», «El eli ýuwar, iki el birigip – ýüzi» ýaly nakyllarda bagtly durmuşyň kepilnamasy bolan agzybirligiň gadyryny bilmek, ony gorap saklamak ündelipdir.

Aşakdaky rowaýatlarda maşgala agzybirligi teswirlenýär: «Bir zamanda uly maşgala ýaşaýar eken. Ol maşgalada ene-ata, doganlar, gelinler, perzentler bilelikde gaty agzybir ýaşapdyrlar. Bu agzybir maşgalanyň dabarasy dag aşyp, ýurduň hanyna baryp ýetipdir. Han şeýle uly maşgalanyň bir agza bakyp, agzybirlikde ýaşamaklaryna geň galyp, ýörite olary görmäge gelipdir. Ol maşgalabaşy bilen gürrüňdeş bolup, bu agzybirligiň syryny sorapdyr. Maşgalabaşy sesini çykarman, onuň sebäbini hat üsti bilen düşündiripdir. Ol bir kagyz alyp, şoňa ýüz sany söz ýazypdyr. Han ol haty okap görse, şol ýüz sözüň birinjisi «Sylaşyk» bolup, galan togsan dokuzysy «Kanagat» diýen söz eken».

«Ir döwürler duşman bir obanyň üstüne çozmakçy bolupdyr. Han ilki bilen şol obanyň ýagdaýyny öwrenmek üçin, onuň üstüne içaly iberipdir hem-de tamdyrlaryň sanyny bilmegini tabşyrypdyr. Birnäçe günden soň içaly tabşyrylan işi bitirip gelipdir we bütin oba boýunça üç sany tamdyryň bardygyny aýdypdyr. Han: «Küren oba bolup, bary-ýogy, üç sany tamdyr bilen oňýan bolsalar, bu oba gaty agzybirdir. Bu oba bize aldyrmaz» diýip, pälinden gaýdypdyr».

Ýa-da ýene bir mysal: «Gadymy wagtda goňşy bolup oturan üç dogan bar eken. Doganlar örän agzybir ýaşaýar ekenler. Bir gün bir goja olaryň öýlerine myhman bolup gelýär. Goja olaryň öýünde gezek-gezegine myhman bolup ýaşaberýär. Birnäçe wagtdan soň ol haltasyny göterip, uly doganyň öýüne baryp, onuň gelnine:

– Gelin, meniň gitmeli wagtym boldy. Eden hyzmatlaryňyz üçin Taňry ýalkasyn. Şu haltanyň içinde baýlygam, saglygam, agzybirligem bar. Haýsysy gerek bolsa diläň – diýýär.

Onda gelin:

– Gitseňiz, sag boluň. Bize baýlyk gerek – diýip jogap berýär.

Soň goja ortanjy gelniň öýüne baryp, oňa-da şeýle diýýär. Ol gelin saglygy dileýär. Goja onuň hem dilegini bitirýär.

Goja kiçi gelniň hem ýanyna baryp, oňa-da baýlygy, saglygy, agzybirligi hödürleýär. Gelin agzybirligi dileýär. Bu goja doganlary synap görmek üçin gelen perişde eken. Ol kiçi gelniň dileginden hoşal bolýar we agzybirlik bolan ýerde baýlygyňam, rysgalyňam, saglygyňam bolmalydygyny aýdyp, elindäki haltany durşuna kiçi gelne goýup gidýär.

Türkmen halkynda «Öýi dikýänem aýal, ýykýanam» diýen nakyl bar. Ederini bilýän menikli aýal maşgalanyň keşigini erkek adamlardan kem çekenok. Çaga terbiýelemekde-de, goňşular bilen gatnaşykda-da, hojalygy dolandyrmakda-da töweregine görelde, nusga bolýar.

Bir obada iki dogan öýli-işikli bolup, goňşuçylykda agzybir ýaşaýar eken. Olar bu agzybirligiň sebäbiniň aýallara däl-de, diňe özlerine degişlidigi bilen öwnüpdirler. Onda gelinleriň biri bu agzybir durmuşa özleriniň hem gatançlarynyň bardygyny aýdypdyr, emma adamsy ony diňlemek hem islemändir.

Günlerde bir gün uly dogany gulluk işi bilen birnäçe günlük sapara gidipdir. Ol dolanyp gelende aýaly oňa: «Seniň iniň içi gowy däl. Ol düýn goýun öldürdi, öz ogluna goýnuň böwreginiň ulusyny berdi, seniň ogluňa bolsa kiçijegini berdi» diýip şikaýat edýär. Adamsy hum ýaly çişip, inisiniň üstüne ugraýar. Onda aýaly ony saklap: «Goýunda uly ýa-da kiçi böwrek bolýarmy!? Ony men seni synamak üçin, şu agzybir durmuşda biziň hem ornumyzyň bardygyny subut etmek üçin oýlap tapdym» diýýär. Adamsy öz bolşundan utanypdyr we maşgaladaky agzybirligiň aýallara-da degişlidigini boýun alypdyr.

Her bir ata-ene durmuşa çykaran gyzynyň baran ýeri bilen bolup, bagtly ýaşamagyny isleýär.

Durmuş guruň, ylalaşyň,
Ýöne ara düşen söze
Orun berip köňlüňizde,
Dyzap durmaň öýüňize.

Ýigit kimin, bir är kimin
Iliň-günüň başy boluň.
Adyňyz-abraýyňyz bilen
Bir hataryň başy boluň.

Oguldan ýanyp ýörenler,
Çeke-çeke ahy-zary,
Diýsin sizi ýüze sylyp:
«Wah, gyz dogsa bolmaýarmy!»

*(G. Ezizow. «Gyzlaryma»)*

1. Rowaýatda obadaky tamdyrlaryň az bolmagy nämäni aňladýar?
2. Şahyryň «Dyzap durmaň öýüňize» diýen setirlerine nähili düşünýärsiň?
3. Eger «Baýlyk gerekmi, saglyk gerekmi, bagt gerekmi?» diýlip soralsa, siz haýsysyny alardyňyz?
4. Rowaýatdaky «içi gowy däl» diýen söz düzümi nähili manyny aňladýar?

*1. Gaýynene, gaýynata, gaýynaga, elti, gaýynekeji, ýüwrüji, baldyz sözleriniň manysyny düşündir.*
*2. Agzybirlik baradaky rowaýatlary toplaň we öwreniň.*

## «Myhman ataňdan uly»

Gelen aş diýp gelmez, turşutmagyl ýüz,
Aşa mätäç däldir, söze myhmandyr.

*(Magtymguly)*

Türkmen halky myhmançylyk, myhman kabul etmek bilen bagly edep kadalaryna aýratyn üns berýär. Myhmany öz atasyndan uly saýan ata-babalarymyz myhmanparazlygy adamkärçiligiň ýokary sypaty hökmünde nesilden-nesle geçirip gelipdirler. Türkmen halk döredijiliginde, nusgawy edebiýatymyzda myhmançylyk, myhman kabul etmek bi-

len bagly edep kadalary wasp edilipdir. «Gorkut ata» şadessanynda «Myhman gelmedik öýüň bolmadygy ýeg» diýse, meşhur «Görogly» şadessanynda bütin türkmen halkynyň ýaşulusynyň adyndan çykyş edýän Jygalybeg öz agtygy Görogla edýän esasy sargytlarynyň biri myhmanparaz bolmak, myhmany sylamak, oňa hödür-kerem etmek barada bolupdyr.

Öwüş-hä, Jygaly, öwüş,
Myhman gelse, etgin söwüş –

diýýän Jygalybegiň bu öwüdi diňe dilden bolman, eýsem durmuşda-da bu dessury berk berjaý edýär. Ýeter-ýetmez, ser-sepil gününde 40 sany galandary myhman alyp, öz güzeranyny dolap oturan ýekeje sygryny-da olara söwüş etmegi başarýar.

Dürli sebäpler bilen Türkmenistanda bolan daşary ýurtlular halkymyzyň myhmanparazlygyna haýran galypdyrlar. XIX asyrda Türkmenistanda bolan A. Wamberi, G. Blokwil ýaly ýewropaly adamlar türkmen myhmanparazlygy barada örän ýakymly ýazgylar galdyrypdyrlar.

Halkymyz bu dessury müňlerçe ýyllaryň dowamynda has-da kämilleşdirip, biziň günlerimize ýetiripdir hem-de myhman alýan (öý eýesi) bilen myhman bolýanyň edep kadalaryny aýyl-saýyl edip işläpdir. Garaz, türkmeniň gapysy elmydama myhman üçin giňden açylypdyr. Türkmen halky hatda öý tutanda-da myhman üçin aýry bir otagy bezäp goýýar.

Şol kadalara laýyklykda ilkinji nobatda öý eýesi gelen myhmany güler ýüz bilen kabul etmeli. Saglyk-amanlyk soraşylansoň, oňa jaýlaşykly oturmaga ýer görkezmeli. Eger myhman alys ýerden gelen bolsa, ýuwunmaga ýer görkezmeli. Ynjalykly oturar ýaly ýeňil eşikler berip, öý şertlerine öwrenişdirmeli. Soňra onuň açlygyna, doklugyna garamazdan, saçak ýazyp, hezzet-hormat etmeli. Eger bir iş bilen gelen bolsa, özi habaryny aýdýança, näme iş bilen

gelendigi soralmaýar (Gadymy edep kadalarynda üç güne çenli myhmanyň habary soralmandyr). Myhmanyň öňünde çaý, nahar goýlup, oňa iýip-içmek üçin şert döretmeli. «Myhmanyň öňünde aş goý, iki elini boş goý» diýlişi ýaly, oňa öwrenişip, ýazylyp-ýaýrar ýaly mümkinçilik bermeli. Eger özüň naharlanan bolsaň-da, myhman bolýança oňa ýoldaş bolmaly. Eger myhman bir haýyş bilen gelen bolsa, mümkin boldugyndan, möhümini bitirjek bolmaly. Nurmyrat Saryhanowyň meşhur «Kitap» hekaýasynda Welmyrat aga-da, onuň aýaly-da öz myhmanyna kyrk günläp gaşyny çytman, hezzet-hormat edýärler hem-de möhümini bitirýärler. Ýazyjy bu hekaýasynda hakyky türkmen ýaşulusynyň keşbini suratlandyrypdyr.

Türkmen gatnaşyklarynda diňe öý eýesiniň däl, myhmanyň-da edep kadalary bardyr. Myhmançylyk iki hili bolýar, biri çakylyk bilen barylýan, ikinjisi tötänden barylýan myhmançylyk. Eger çakylyk bilen barmaly bolsa, öý eýesiniň bellän wagtyndan ir-de barmaly däl, giç-de. Toýa çagyrylan bolsaňyz, öý eýelerine sowgat almagy ýatdan çykarmaly däl. Myhmançylyga taýýarlykly barmaly, ýagny özüňe timar bermeli. Egin-eşikleriňiz arassa bolmaly. Eger tötänden myhmançylyga barýan bolsaňyz, gaty gijä galman barjak bolmaly. Öý eýesiniň göwnüne degjek hereketlerden gaça duruň. Ýatmak niýeti bilen barmadyk bolsaňyz, wagtyragynda habaryňyzy berip, turjak bolmaly. Turanyňyzda hödür-kerem üçin, öý eýelerine minnetdarlyk bildirmäni ýatdan çykarmaly däldir. Eger ýatymlyk gelen bolsaňyz, şu öýüň tertip-düzgünini berjaý etjek bolmaly. Sebäbi «Myhman – öý eýesiniň guly» diýlipdir.

Umuman, myhman barmak, myhman çagyrmak türkmeniň gowy däpleriniň biri bolup, onuň ähli edep kadalaryny berjaý etmäge çalyşmaly.

Ýurdumyzyň «Açyk gapylar» syýasatyna laýyklykda indi daşary ýurt işewür adamlary iş sapary bilen ýa-da syýa-

hatçylyk işleri bilen myhmançylyga gelýärler. Olar bilen öýde, ofislerde işewür duşuşyklary geçirilýär. Şol duşuşyklar myhmanlar tarapyndan aýratyn üns berilýän gatnaşyk bolup, onuň biziňkä meňzeş hem tapawutly taraplary bar.

Däp bolşy ýaly, işewür kabul edişlikler restoranlarda, kafelerde, ofislerde ýa-da işewür adamlaryň, telekeçileriň öýlerinde stol başynda geçirilýär. Eger myhmanlar öýe çagyrylan bolsa stoly, saçagy kaşaň, görnükli bezemegiň usullaryny başarmak gerek. Onuň üçin ilki bilen stoluň üstüni gowy ütüklenen skatert bilen örtmeli.

Stoluň başyndaky birek-birek bilen bolan gatnaşyklara hem aýratyn ähmiýet berilýär. Pyçakly ýa-da çarşakly elleriňi kelemenletmek, agzyň iýmitli gürlejek bolmak töweregiňdäki adamlarda nägilelik döredýär.

Her oturgyjyň garşysynda stoluň gyrasyna 2 sm golaýlykda tarelkalar goýulýar. Ilki uly tarelka, onuň içinde diametri 20 sm bolan kiçi nahar tarelkasy ýerleşdirilýär. Nahar tarelkasynyň çepinde 5 sm-den 15 sm aralykda pirožka tarelkasy goýulýar. Ol tarelkalaryň haýsy-da bolsa biriniň içine dört eplenen, üçburçluk, ýarym aýlaw eplenen we ş.m. salfetka salynýar. Tarelkadan başlap nahar çemçesi we etli nahar üçin çarşak, olardan soň balyk üçin pyçak we çarşak goýulýar, soňra garbanmak üçin pyçak, çarşak goýulýar. Eger çorba çuňňur tarelkada berilse, garbanmak üçin goýlan pyçak bilen balyk üçin goýlan pyçagyň arasynda nahar çemçesi ýerleşdirilýär. Eger nahar käsede (çaşkada) berilse, onda desert çemçesi goýulýar.

Çaý ýa-da kofe üçin blýudseli (mejimejik) pyýala (çaşka) stoluň erňegine 4 sm golaýlykda sapy çepe öwrülip goýulýar. Onuň çemçesi mejimede (blýudsede), çaşkanyň sagynda goýulýar. Çaşkanyň çepinde pirožnoýe üçin blýudse, onuň gapdalynda pirožnoýe üçin çarşak ýa-da çemçejik ýerleşdirilýär.

Stol başynda ilkinji nobatda birek-birek bilen aragatnaşykda sypaýylygy, mylaýymlygy berjaý etmäge çalyşmalydyr.

Birek-birek bilen aragatnaşyk ilki bilen tanyşlyk açmakdan başlanýar. Onuň hem käbir edep kadalary bar. Tanyşlyk öz familiýaňy, adyňy, ataň adyny aýtmakdan başlanýar. Şeýlelikde, tanyşmagyň ilkinji ädimi – bu familiýaň, adyň, ataň ady bilen tanyşdyrmakdyr.

Tanyşmakda hökman berjaý edilmeli hemmeler tarapyndan kabul edilen birnäçe edep kadalary bar.

Eger zenan ýa-da wezipesi, derejesi boýunça uly adam görüşmek üçin elini uzatmasa, onda çalarak baş atmaly (başyňy egmeli).

Tanyşdyrylýan adam täze tanşyna öz adyny, familiýasyny aýdýar we «Örän oňat», «Siz bilen tanşanyma örän şat» ýa-da şoňa meňzeş sözler aýtmaly.

Nätanyş adama ýüzlenilende hökman «siz» diýip ýüzlenmeli. Käbir halklarda, şol sanda iňlis diliniň leksikasynda «sen» diýen ýüzlenme ýok.

Erkek adamlar öz goňşy zenanlaryna oturmaga kömek berýärler, ýagny oturgyjy stoldan yza çekip, zenana oturmaga mümkinçilik döredýärler. Oturylanda oturgyjy özüň üçin rahat, iýip-içmäge, dynç almaga amatly ýagdaýda goýmaly, şonuň bilen birlikde hem gapdalda oturanlara päsgelçilik döretmeli däl. Oturgyçda göwräňi öňe egip, küýkerip ýa-da gaýşaryp oturmaly däl. Göwre bilen stoluň gyrasy aralykda dört barmak inlilikde boş ýer galmaly. Nahara başlanýança eller dyzlaryň üstünde durmaly, nahar wagtynda bolsa, gollar göwrä golaý saklanmaly. Stoluň üstünde diňe gollaryňy goýmak bolar. Süpürinmek üçin goýlan mata salfetkany iki epläp, dyzyň üstünde goýmaly.

Assyrynlyk bilen stolda ýerleşdirilen iýmitlere göz aýlamaly we özüňe gerek iýmitleri we içgileri saýlamaly. Çep eliň bilen tarelkany tutup, sag eliň bilen stolda goýlan

enjamlaryň kömegi bilen özüňe gerek iýmitlerden tarelka saýlap almaly (öz iýip biljek mukdaryňdan artyk salmaly däl). Iýmit alanyňda beýleki myhmanlaryň-da paýyny ýatdan çykarmaly däl. Özüňe iýmit alanyňda, ilki bilen gapdalyňda oturanlara hödürlemeli. Tarelka birbada birnäçe görnüşli iýmit salmaly däl. Ilki birini iýeniňden soň, beýlekisini almaly. Pyçagy sag eliňde, çarşagy çep eliňde tutmaly. Olary bir eliňden beýleki eliňe geçirmek bolmaýar. Pyçak iýmiti, ýagny eti, towugy, byzmygy we ş.m. kesmek üçin ulanylýar. Bölüp alan iýmitiňi pyçagyň kömegi bilen däl-de, çarşagyň kömegi bilen iýmeli.

Çuňňur tarelkada äberilýän çorba we beýleki birinji naharlar nahar çemçesi bilen iýilýär. Çorbanyň suwuny çemçe bilen almaly we çemçäniň daşyndaky damjany syrykdyrmak üçin, ony ýuwaşlyk bilen tarelkanyň erňegine degirmeli. Çemçäniň çep tarapyndan owurtlamaly. Çorbanyň suwy (bulýon) çaşka guýlan bolsa, ony şeýle içmek bolar. Eger çorba gyzgyn bolsa, ony üfläp içmeli däl. Çemçeden horpuldadyp owurtlamak bolmaýar. Tarelkanyň düýbünde galan çorbany almak üçin ony egmeli däl-de, gowusy düýbünde az-owlak nahar goýmaly.

Umumy wazada goýlan çöregi öz kiçi tarelkaňa salmaly we ondan az-azdan döwüp almaly. Çörege mesge we şoňa meňzeş ýaglar çalnanda, ony eliňde däl-de, tarelkada saklamaly.

Buterbrod hem etiň iýlişi ýaly, pyçagyň ýa-da çarşagyň kömegi bilen ownuk böleklere bölüp iýilýär.

Şerbet (kompot), buzgaýmak (morožnoýe), žele we ş.m. desert iýgi-içgileri pirožnoýe tarelkasynyň içinde goýulýan ýörite wazalarda goýulýar. Desert iýmitleri desert ýa-da çaý çemçesiniň kömegi bilen iýilýär. Desert hökmünde miweler hem berilýär. Almany elde saklap, daşynyň gabygy pyçak bilen aýrylýar. Arassalanan alma pyçak bilen ilki deň iki, soňra dört dilime bölünýär. Almanyň içindäki çigidi pyçagyň

ýa-da çarşagyň kömegi bilen arassalanýar. Dilimlenen alma ýeke-ýekeden iýilýär.

Apelsiniň gabygy sypyrylýar we keseligine ýa-da dilimleriň ugruna görä kesilýär. Dilimler çarşak bilen ýa-da el bilen iýilýär. Şetdaly deň iki kesilýär. Çarşagyň kömegi bilen şänigi aýrylýar. Mandariniň daşy arassalanyp, el bilen iýmek bolýar. Bananyň ilki daşy aýrylyp, pyçagyň we çarşagyň kömegi bilen keseligine kesilýär.

Tortuň we pirožnynyň bölegi konditer piljagazynyň ýa-da tutgujyň kömegi bilen öz tarelkaňa salynýar. Biskwit pirožnylary we tortlar çemçe bilen iýilýär. Gatlanan we owranýan pirožnylar pyçak we çemçe bilen, gatylary el bilen iýilýär.

Çaý ýa-da kofe içmek üçin ilki çaşka çemçe bilen gant salmaly we ony ýuwaşlyk bilen bulamaly, soňra çemçäni blýudsada çaşkanyň çep tarapynda goýmaly. Kofe ýa-da çaý içilende, çaşkany sag eliňde saklamaly. Eger çaýy limon bilen içmekçi bolsaňyz, limonyň bölegini kiçijik çarşak bilen alyp, çaýly çaşka atmaly-da, ony çarşak bilen basyşdyrmaly. Soňra çykaryp, blýudsanyň erňeginde goýmaly.

Kabul edişlikde, çakylykda görkezilen wagtdan köp myhmançylykda saklanmaly däldir. Bu öý eýelerine alada bolup, olaryň soňraky işlerine päsgel bermegiňiz mümkin.

?

1. Myhmançylyk bilen bagly edep kadalaryny öwrenmegiň näme zerurlygy bar?
2. Myhman kabul edýän öý eýesine degişi nähili edep kadalary bar?
3. Myhmançylyga gelene degişli nähili edep kadalary bar?

*1. Myhmançylykda bolup gördüňizmi? Bolup gören bolsaňyz, kabul edilişiňiz barada gürrüň beriň.*
*2. Size iň soňky sapar gelen myhman barada gürrüň beriň.*

8. Sargyt № 1875

## Saçak başynyň edebi

Edil jemgyýetçilik ýerlerinde bolşy ýaly, saçak başynyň hem özüne laýyk edep kadalary bardyr. Naharlanmak köpçülik bilen ýa-da ýekelikde bolup biler. Il arasynda «Iýmek üçin ýaşamaly däl, ýaşamak üçin iýmeli» diýen aýtgy bar-da bolsa, adamlar her gije-gündiziň belli bir bölegini saçak başynda geçirýärler. Işdäsi sagat adam her günde ortaça 3 gezek naharlanýar. Oňa *ertirlik, günortanlyk* we *agşamlyk* diýilýär. Olaryň hem hersiniň öz kabul edilen wagty bar. Hökman şol wagtda iýmegi endik ediniň. Adama kesel, esasan, üç ugur boýunça geçýär, ýagny nerw ulgamynyň bozulmagy, sowuklamak hem-de nädogry iýmitlenmek. Dişleriň wagtyndan öň zaýalanmagy, semizlik, ýüregagyry, aşgazan-içege keselleri hut nädogry iýmitlenmek netijesinde ýüze çykýar. Ilat arasynda «Görk agyzdan» diýen pähim hem ýöne ýere döremedik bolsa gerek. Wagtly-wagtyna, dogry iýmitlenmek adam synasyny gözelleşdirýär, aşa semizlikden ýa-da horlukdan goraýar.

Soňky ýyllarda kadasyz naharlanmak, hereketsizlik bilen baglanyşykly döreýän aşa semizlik, semizlik netijesinde bolsa bejermesi kyn keselleriň ýüze çykmagy bütin dünýäniň ilatyna howp salýar. Ýeňil ulaglaryň köpelmegi adamlaryň pyýada ýöremeklerini çäklendirdi. Hereketsizlikden bolsa öz gezeginde iýmit siňdiriş agzalaryna agram düşüp, bütin synaňa ýetirýän ýaramaz täsiri – wagtyndan öň garrap, göwräniň lagşamagyna getirýär. Dogrudan hem, mundan 40–50 ýyl ozalky alnan suratlara seretseň, syrdam, çekgin, agajet adamlaryň keşbini görmek bolýar.

Ata-babalarymyz nahardan soň ýatmagy halamandyrlar. «Nahardan soň ýedi ädim ätmän ýatmak haramdyr» diýen ýörelgä eýeren adamlar ýatmazdan öň nahar iýmändirler. Bardy-geldi, iýmeli bolaýanda hem hökman nahar siňýänçä, arassa howada gezmeläpdirler. Umuman, her gün

ýatylmazdan öň 15–20 minut arassa howada gezmelemegi özüňe adat edinmeli.

Hindilerde «Nahardan doýaňsoň, otursaň semrärsiň, ýatsaň garrarsyň, ýöreseň uzak ýaşarsyň, ylgasaň ölersiň» diýen pähim bar. Beýik akyldarlaryň döredijiliginde hem köp iýmek, köp ýatmak ýazgarylypdyr. Magtymguly Pyragynyň «Az iýgil, az ýatgyl, sözüň az etgil» diýen pähimini, Alyşyr Nowaýynyň «Beden keselleriniň esasy köp iýmekdendir, köňül keselleriniň esasy köp diýmekdendir», «Az diýmek paýhasa sebäpdir, az iýmek saglyga sebäpdir», «Agzyna geleni diýmek nadana mahsusdyr, agzyna gelenini iýmek haýwana mahsusdyr» diýen setirlerini mydama saçak başynda ýatlap durmaly.

Biziň halkymyzda öý-içerini arassa saklamak, tikin-çatyn işleri, tagam taýýarlamak, saçak bezemek, esasan, aýal maşgalalaryň gerdenine düşýär. Bu meselede olara, esasan, enäniň görüm-göreldesi, öwüt-nesihatlary okuw mekdebi bolupdyr. Enäniň öz gyzlaryna öwredýän edep-ekramlarynyň içinde nahar taýýarlamak, saçak ýazmak esasy orny eýeläpdir. Tagamy datly hem-de arassa taýýarlamagy sungat derejesine ýetiren ene-mamalarymyz bu meseläni nesilden-nesle, arkama-arka gyzlaryna geçirip gelipdirler. Meşhur «Gorkut ata» şadessanyndaky «Gyz eneden görelde almasa, saçak ýazmaz» diýen nakyl ene hem-de gyz üçin esasy şygar, ýol-ýörelge bolupdyr. Ene tarapyndan tagam taýýarlamagyň edebi gyzyň çagalyk döwründen öwredilip başlanypdyr. Ene tarapyndan ilki bilen tagam taýýarlanylýan önümiň arassa, halal bolmagy, ýagny adam üçin buýrulan önümleriň saýlanmagy, şeýle-de önümiň arassa zähmet bilen gazanylan bolmagy, gap-gaçlaryň arassa-päkize bolmagy, naharyň duzunyň laýyk bolmagy, iň esasy-da äberilýän tagamyň işdä bilen iýilmegi üçin güler ýüz bilen äberilmegi ýaly zatlar gyzyň aňyna guýlupdyr.

Naharyň ýany bilen işdä açyjy gök önümleriň – ukrop, petruşka, ýaş sogan, narpyz, şawel ýaly otlaryň äberilmegi bedeni gurplandyrýar. Naharyň öz wagtynda siňmegine ýardam berýär.

Halkymyzda ata-baba gelýän däp-dessurda bütin maşgala bir tabakdan naharlanypdyr. Bu maşgalada agzybirligi saklamakda uly rol oýnapdyr. Kähalatda ýüze çykýan ownuk-uşak maşgala agzalalygyny, öýke-kinäni bir tabaga el sokulyp tagam iýmek aradan aýrypdyr. Üýşülip, bir saçagyň başynda naharlanmak ulularyň arasynda birek-birege sylag-hormat goýmagyň, ýaşkiçilere bolsa terbiýeçilik mekdebi bolupdyr. Ýaşulynyň «Bismilla» bilen nahara başlaýança, ýaşkiçileriň oňa garaşmaklary ula hormat goýmagyň iň belent nusgasyny aňladypdyr. Ýaşkiçiler ellerini ýuwman, saçak başyna barmaga, nahar wagty kän gürlemäge utanypdyrlar.

Hemme zatda bolşy ýaly, däp-dessurlar hem wagtyň geçmegi bilen özgerýär. Häzir toý-baýramçylyklarda stol, saçak bezemekde gelin-gyzlar döwrebap nusgalary ulanýarlar. Saçak bezemekde suw üçin, nahar üçin gap-gaçlary, çemçedir dürtgüç ýaly enjamlary öz ýerli-ýerinde goýmak, naharlanmakda amatly şertler döredýär.

Her bir işdä bilen iýilýän tagamyň adam üçin dermandygy, ýöne çenini, möçberini bilmeseň, onuň özüň üçin keselbaşydygyny ýatdan çykarmaly däldir. Adamyň ýaşamagy üçin sähelçe iýmit-de ýeterlikdir. Naharlanylanda doýmankaň, ondan çekilmegi adat edinmeli. Howanyň yssy wagtlary gyzyp gelip, sowuk suw içmek hem käbir keselleriň başlangyjydyr. Suw içilende hökman içi görünýän gaplardan içmeli, sebäbi ýapyk gaplarda duran suwa her hili mör-möjekleriň gaçan bolmagy mümkindir.

Halkara etiketinde gowrulan et, balyk, towuk ýaly tagamlar iýlende pyçakdyr çarşak ulanylýar. Şonda pyçak sag elde, çarşak çep elde tutulýar. Nahar wagty, mümkin boldu-



**10-njy surat.**
Nahar üçin gap-gaçlar: kofe çemçesi, ýalpak tarelka,
kofe üçin blýudsaly pyýala (çaşka)

gyndan, ümsümligi saklamaga çalyşmaly, gap-gaçlary çakyrdatmak, ýerliksiz şowhun döretmek töweregiňdäkilerde sen hakynda ýaramaz täsir galdyrar. Onsoňam saçak başynda gerinmek, gägirmek, dişiňi synçgylamak, gaşanmak ýaly ýaramaz endiklerinden saklanjak bolmaly.

Türkmen halky ähli iýmitleriň içinde çörege aýratyn sarpa goýýar. Döwletimiziň Tugrasynyň hem bugdaý sümmüli bilen jäheklenmegi agzybir, abadan durmuşyň, dokçulygyň alamatydyr.

Milli edep kadalarymyzda tamdyr çöregi pyçak bilen kesilmeýär. Ol döwlüp alnanda hem iki el bilen tutmaly hem-de öz iýip biljek mukdaryňda bölüp almaly.

Türkmen halkynda ähli azyk önümleriniň naýbaşy hasaplanan çöregi isrip etmek, harlamak iň uly günäleriň biri hasaplanýar. Çöregi, umuman, undan taýýarlanylýan önümleri aýak astyna taşlamak, zaýalamak ýa-da zibil taşlanýan ýaşşiklere atmak biedeplikdir. Geleňsizlikden ýere taşlanan çöregi alyp, aýak basylmajak ýerlere goýmak uly sogapdyr.

Magtymguly Pyragynyň:

Çölde açlyk muşakgatyn görmegen,
Öýde yssy nanyň gadryn näbilsin –

diýşi ýaly, çöregi isrip, zaýa edýänler, esasan, onuň zähmet çekip gazanylýandygyna oňly düşünmeýänlerdir.

Umuman, iýip-içmekde özüne ýeterlik edep kadalary bolup, olary öýde, maşgalada, köpçülikde berjaý etmek şu günki ýaşlar üçin möhüm zerurlykdyr.

Her nahardan soňky töwirde tagam taýýarlaýanlara minnetdarlyk bildirmegi ýatdan çykarmaly däl. Şeýle-de, dünýäniň başga bir künjünde hepdede bir gezek garnyny doýrup bilmän oňňut edýän ynsanlaryň-da bardygyny ýatlap, bol-telki durmuşy döreden eneň-ataňa, döwletiňe şüküranalyk etmeli. Saçaklaryňyzy bezeýän näz-nygmatlary ösdürip ýetişdirýän daýhanlara, oba hojalyk işgärlerine häli-şindi tagzym etmelidir.

1. «Iýmek üçin ýaşamaly däl, ýaşamak üçin iýmeli» diýen aýtgynyň manysyna nähili düşünýärsiňiz?
2. Tagam taýýarlamakda ejeleriňize kömekleşýärmisiňiz?
3. Naharlananyňyzda pyçak, çarşak ýaly enjamlardan peýdalanýarmysyňyz? Näme üçin çarşak çep elde, pyçak sag elde tutulýar?
4. Çörek barada nähili rowaýatlar bilýärsiňiz?

*1. Gündelik naharyňyz barada gürrüň beriň.*
*2. «Isrip – haram» diýen nakylyň manysyny aýdyň.*

# JEMGYÝET

## Köpçülikde özüňi alyp barmak

Türkmen halkynda «Alym bolmak asan, adam bolmak kyn» diýen aýtgy bar. Elbetde, alym bolmak aňsat däl. Alym bolmak üçin niçe gijeler ukusyz ýa-da aç-suwsuz surnukdyryjy zähmet çekmeli. Irginsiz ylmy-barlag işlerini geçirmeli. Bu aýtgynyň üsti bilen adam bolmagyň islendik kyn işden hem agyrdygyny nygtajak bolupdyrlar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 3-nji maddasynda «Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr. Döwlet her bir raýatyň öňünde jogapkärdir we şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şertleriň döredilmegini üpjün edýär, raýatyň janyny, at-abraýyny, mertebesini we azatlygyny, şahsy eldegrilmesizligini, tebigy hem mizemez hukuklaryny goraýar» diýilýär. Döwletimiz ýaşlaryň halkara derejesinde bilim almaklary, olaryň sagdyn durmuş ýörelgelerine laýyklykda ýaşamaklary, döwrüň medeniýetli ýaşlary bolup ýetişmekleri üçin, Baş Kanunda bellenen borçlaryny ýerine ýetirip, ähli mümkinçilikleri döredýär. Halkara ülňülerine laýyklykda gurulýan okuw mekdepleri, sport desgalary, her obada, şäherlerde kitaphanalar, medeniýet öýleri, medeni seýilgähler ýaşlaryň hyzmatynda. Garaz, ýaşlaryň hem sözüň doly manysyndaky jemgyýete peýdaly, arassa ahlakly ADAM bolup ýetişmekleri üçin, ýurdumyzyň Baş Kanunyndaky bellenen öz borçlaryny we hukuklaryny doly berjaý etmekleri gerek.

Adam wagtynyň belli bir bölegini köpçülikde, ýagny okuwda, işde, seýil baglarynda, kinoteatrlarda, ýolda, toýda, dabaralarda geçirýär. Adamyň häsiýetiniň artykmaç tarapy-da, kemçiligi-de, esasan, şol ýerlerde, köpçülik bilen gatnaşygynda ýüze çykýar.

**Köçe edebi.** Ata-babalarymyz köpçüligiň ulanýan ýoluny mukaddes saýypdyrlar. Sebäbi ýollaryň, köprüleriň adamlaryň durmuşynda örän uly ähmiýeti bar. Döwletimiz ýollary gurmak, ony arassa saklamak, bejergi işlerini geçirmek üçin ummasyz çykdajy edýär. Misli seýilgähleri ýada salýan ýollaryň gyralaryna ekilen saýaly agaçlar, al-ýaşyl öwsüp oturan güller ýolagçylara estetiki lezzet berýär. Onuň gadyryny bilmek, arassaçylygy gorap saklamak, şeýle-de ýol hereketleriniň düzgünlerini berjaý etmek her bir raýatyň mukaddes borjudyr. Adamlar ýollaryň ugruna hapa dökmegi, ötegçi-geçegçä päsgelçilik döretmegi uly biedeplik hasaplaýarlar. Aýratyn hem gelin-gyzlaryň ýollara kir suwuny dökmekleri gaty aýyp saýylýar. Ýol üstünde uzak wagtlap gürleşip durmak hem halanýan gylyk-häsiýet däldir. Eger gürleşmek zerurlygy çyksa, onda ötegçilere päsgel bermezlik üçin gyra çekilmeli. Ýolda gäwüşäp, owkat iýip, sakgyç çeýnäp ýa-da çigit çigitläp barýan ýaşlar ötegçilerde özleri barada ýakymsyz duýgy döredýärler. Oglanlar käwagt üýşüp, gijäniň birwagtyna çenli köçede gürleşip otur ýarlar hem-de goňşularyň rahatlygyny bozýarlar.

Ýaşlar mümkin bolan ýerlerde, ýollarda gabat gelýän ýaşuly adamlara, maýyp-müjrüplere, çagalara, agyr ýükli gelýän aýal maşgalalara kömek bermelidirler. Olara çatryklardan, köprülerden geçmäge ýardam etmelidirler.

Adam terbiýesinde köçe görüm-göreldesiniň örän uly ähmiýeti bar. Köçede dürli milletlere, dürli ýaşdaky adamlara gabat gelinýär. Çagalar olara seredip, köp zatlar öwrenýärler. Köçede adamyň gylygynyň, häsiýetiniň artykmaçlyklary

we ýetmezçilikler açylýar. Adam köçeden ýöräp barýarka, ondan köp zat öwrenýär. Gül bilen bezelen ýanýodalar, syrylyp süpürilen duralgalar, geýnüwli oglan-gyzlar çagalarda gözellige, arassaçylyga, özüni medeniýetli alyp barmaga höwes döredýär.

Adamlar kimiň kimdigini örän tiz seljerýärler hem-de seniň aň-düşünjäňe görä baha berýärler. Köçeden eda bilen ýöräp barýan sadadan sypaýy geýnen gyza ýa-da ýigide gözüň düşýär. Olary görenler öz perzentleriniň hem şeýle edep-ekramly bolmagyny arzuw edýärler. Onuň tersine, birküç sany bolup, awtobusyň içinde ala-goh bolup oturan ýaşlary, onda-da gyzlary görüp, olaryň terbiýe alan maşgalalary, mekdepleri barada oýlanýarsyň. Ýogsam, gapdalynda ýaşuly adamlaryň aýak üstünde durandyklaryny görseler-de, ellerindäki telefonda hiç kime gerek bolmadyk «söhbetdeşlik» edip, bütin ulagyň üstündäki ýolagçylara özleriniň düşünjeleriniň, medeni derejesiniň örän pesdigini görkezýärler.

Ulaga müneniňde, düşeniňde hem örän seresap bolmagy unutmaly däl. Girelgäniň, çykalganyň agzyny tutup durman, mümkin boldugyndan, hiç kime päsgel bermejek bolmaly. Bardy-geldi, biriniň aýagyny basaýsaňyz, ötünç soramak edeplilikden nyşandyr. Soňky döwürde biziň durmuşymyza «el» telefonlary giň ornaşdy. Ulanmaga amatly, ygtybarly bu enjam diňe bir gürleşmek däl-de, ol surat almak, aýdym-saz diňlemek, wagty anyklamak, ses ýazmak, maglumat ibermek we ş.m. hyzmatlary ýerine ýetirýär. Garaz, indi gündelik durmuşymyzy şonsuz göz öňüne getirmek kyn, ýöne ony ulanmagyň hem özüne mahsus edep-tertibi bar. Köpçülik ýerlerinde, esasan-da, jemgyýetçilik ulaglarynda (awtobuslarda, wagonlarda, ...) töwergiňdäkilere päsgel bermejek bolmaly. Gaty zerur bolmasa, gürleşmegi soňa goýmak gerek.

Türkmen halkynda «Özüňden uly dik durka oturma, otyrka ýatma» diýen gyzyla gaplaýmaly pähim bar. Bu pä-

him, esasan, mekdep okuwçylaryna, talyplara degişli. Ýaşlar jemgyýetçilik ulaglarynda oturgyçlar boş bolaýmasa, oturmasalar gowy. Awtoulaglarda ýaşululara oturmaga orun bermek ýaşlary bezeýän häsiýetdir. Elbetde, jemgyýetçilik ulaglarynda boş orun bolsa, ýaş bolsun, garry bolsun islendik adam ol ýerde oturmaga hukugy bar. Özüňden ula orun bermändigiň üçin, hukuk jogapkärçiligine çekilmeýär. Ony her bir adamyň içinde oturan iň ýokary – ynsançylyk jogapkärçiligi, wyždany mejbur edýär. Ony keseden biriniň aýtmagyna garaşyp durman, özüň meýletin turup, ululara ornuňy berseň, ýaşulularyň alkyşyny alarsyň we ýolagçylaryň arasynda ata-eneň, edep-tertibiýe alan mekdebiň barada ýakymly duýgy döredersiň. Bu däp şu gün dörän kada däl, ol ata-babalarymyzyň asyrlaryň dowamynda toplan tejribesi esasynda durmuşymyza ornaşypdyr. Özüňden ula orun bermek edebi köp milletde medeniýetliligi aňladýan-da bolsa, käbir ýurtlarda oňa başgaçarak garalýar. Ýaşuly orun berilmegini özüni kemsitme hökmünde kabul edýär. Şonuň üçin daşary ýurtlara gezmäge gitseňiz, hökman şol ýeriň däp-dessurlaryny öwrenmäge çalşyň.

Biziň ata-babalarymyzyň ýaşlara beren terbiýesine laýyklykda özüňden ulyny göreniňden hormat bilen aýak üstüne galmak gerek. Aýak üstünde durmaga gurby çatmaýan ýaşuly adamynyň gapdalyňda dik duran wagtynda, ýaşkiçiniň oturgyçda arkaýyn ýaýrap oturmagy ýakymsyz keşbi suratlandyrýar. Ýaşlaryň käbiri bu ýagdaýa üns bermeýärler ýa-da bilse-de geleňsizlik edýärler. Ony gapdalda duranlar wagtynda duýdursalar, ýaşlara kömek edildigi bolar. Emma bu ýagdaýda hem örän seresap bolmasaň, soňra özüň aşakdaky hekaýadaky ýaly, oňaýsyz ýagdaýa düşmegiň mümkin.

«Birden altmyş ýaşly garry aýalyň aýak üstünde duranyna gözüm kaklyşdy. Ol gapdalynda oturan on sekiz,

ýigrimi ýaşlaryndaky gyzyň üstüne gonaýjak bolup durdy. Emma bu ýagdaý gyzyňam, onuň töweregindäkileriňem piňine däldi. Yzrakda bolýan zatlary synlap durşuma oýlanmaga başladym. «Adamlar şeýle derejä ýetäýdimikäler? Onda-da gyz maşgalalar. Tükel töweregini gallaşyp oturanlar ene-atasy ýaly garrylar. Ol bolsa... Aý, durmuş-da, her hili terbiýeden çykanlar bolýar. Töwella edäýseňem, ýüzüňi alýarlar. Aýal-gyzlaryň şerraýy-ha, gürläniňe müň kerem ökündirýärem. Ýöne näme üçindir, hiç kim gyza töwella edenokdy. Özi biler öýdýärmikäler? Menem yzda duran ýerimden gygyrybermegi özüme uslyp bilmedim.

Awtobusyň nobatdaky duralga gelip durany hem şoldy welin, gözümiň görenine ynanmadym. Endamym tok uran ýaly bolup gitdi. Hälki oturan gyz zordan turdy-da, hasasyna söýenip, awtobusdan kynlyk bilen düşüp, ýoluň gaýra ýüzündäki baglyga bürenip oturan oba tarap ugrady. Sag aýagynyň dyzyndan aşagynyň ýokdugy uzyn, köz ýaly pombarhat köýneginiň aşagynda zordan saýgarylýardy. Bä, atalarymyz «Dil bela, diş gala» diýip, ýöne ýere aýtmaýan ekenler».

1. Awtobusda özüňden ululara ýer berip gördüňizmi?
2. Türkmenistanyň Konstitusiýasyndaky «Hukuklaryň we azatlyklaryň amala aşyrylmagy beýleki adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, şonuň ýaly-da ahlak kadalaryny, kanunyň talaplaryny, jemgyýetçilik tertibini bozmaly däldir» (21-nji madda) diýen madda nähili düşünýärsiň?
3. Ýol hereketiniň düzgünlerini bilýärmisiňiz?

*1. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda bellenen raýat hukuklaryny we borçlaryny öwreniň.*
*2. «Ýola çyksaň, ýoldaşyňy tana» diýen nakylyň manysyny düşündiriň.*

## Hatyra edebi

Adamyň aradan çykmagy bilen baglanyşykly edep kadalaryna **hatyra edebi** diýilýär. Bu dirileriň merhumlaryň öňündäki borçlarydyr. Tebigatyň kanunyna laýyklykda ýaşaýyş bolan ýerde hökman ajal hem bar. Biziň dilimizde bu düşünje *ýogalmak, dünýeden gaýtmak, bakyýa göç etmek, ýurduny täzelemek, wepat bolmak, jan bermek, gurban bolmak, şehit bolmak, aradan çykmak, aýrylmak, amanadyny tabşyrmak* ýaly sözleriň, söz düzümleriniň üsti bilen aňladylýar. Bu sözleriň hemmesi bir düşünjäni aňladýan-da bolsa, olaryň hersiniň öz ulanylýan ýeri bar. Mysal üçin, söweşde, uruşda aradan çykan adama wepat boldy, gurban boldy diýilýär ýa-da çölde suwsuz galan bolsa oňa, şehit boldy diýilýär.

Näme üçin halkymyz bu düşünjäni aňlatmak üçin şeýle köp söz ulanmaga mejbur bolduka? Sebäbi ölüm diýen düşünje durmuşda günde-günaşa bolup duran hem bolsa, oňa öwrenişmek kyn. Ol hemmelere örän agyr degýär. Aýratyn-da, ýürek agyryly, nerw keselli adamlara bu habary eşitmek howply. Şonuň üçin adamlara bu düşünjäni aňlatmak üçin, sypaýydan-sypaýy sözleri gözläpdirler. Adam aradan çykanda ony goňşy-golama, tanyş-bilişlere aýtmagyň hem öz edep kadasy bar. Ýaşlar ony gowy öwrenmelidirler. Eger bir ýerlere habar ýetirmeli bolsa, merhuma degişli aňlatmany dogry saýlamagy başarmaly. Bu ýagdaýda, esasan, *aýryldy, ýogaldy, dünýeden gaýtdy* diýen ýaly aňlatmalar ulanylýar.

Aradan çykan adamy jaýlamakda hem halkymyz tarapyndan belent adamkärçilige ýugrulan edep kadalary ýöredilipdir. Bu habar eşidilenden adamlar ýerli-ýerden ýas ýerine howlugýarlar we baryp, merhumyň dogan-garyndaşlaryna duýgudaşlyk bildirýärler, merhumy jaýlamaga gatnaşýarlar.

Merhumy jaýlamakda müňlerçe ýyllar mundan öň başlanan dessurlar häzir hem dowam edýär.

Ýazyjy Ata Atajanowyň «Öz tanyşlaryň» atly romanynda merhumyň jaýlanyşy bilen bagly bir görnüş şeýle suratlandyrylýar: «Gündogdy neressäniň jesediniň üstündäki güberen gerişlek tümmegiň tozy ýatmanka, mele çäkmenli, Görogly sypatly ýaşuly mazaryň başynda ör-boýuna galdy:

– Adamlar! Gündogdy neresse nähili adamdy?

– Gowy adamdy!

– Nähili adamdy?

– Gowy adamdy!

– Nähili adamdy?

– Gowy adamdy!

Gölegçileriň ýalaňaç, ýalynly alaňlara ýaýrap, belent asmanda ýaňlanýan zarply sesleri iniňi jümşüldedýärdi.

Gör, bu dünýäde ýaşamak nähili jogapkärli! Soňky sapar hoşlaşanda-da, millet seniň ömrüňi jemleýä, ömrüňe baha berýä. Durmuşa, adamlara algy-bergiň barada-da ýatlaýar. Dogrudanam, durmuşa, mahlasy, adamlara bergili bolup gitmek gowy däl!»

Dogrudanam, ýazyjynyň aýdyşy ýaly, bu dünýäden bergili bolup gitmek gowy däl. Algy-bergi öz wagtynda hasaplaşylsa gowy. Emma «Süri agsaksyz bolmaz» diýlişi ýaly, durmuşda her hili häsiýetli adamlar bolýar.

Obada ogurlykda, ýalançylykda ýakasyny tanadan bir adam Ependi bilen goňşy bolup ýaşaýar eken. Ol häli-şindi ogurlyk edip, Ependini bizar edipdir. Günlerde bir gün ol ýogalypdyr. Ony jaýlanlarynda däp boýunça obanyň ýaşulusy: «Pylany nähili adamdy?» diýip sorapdyr. Her ýerräkden «Gowy adamdy» diýen sesler eşidilipdir. Ependiniň bolsa «Gowy adamdy» diýip aýtmaga dili barmandyr. Ol çalajadan pyşyrdapdyr: «Bendäni tanamamyz bolmaz».

Adam aradan çyksa, türkmen dessuryna laýyklykda habar edilse, edilmese eşidenler hökman ýas ýerine barýarlar. Tanyş-bilişleriniň toýuna bir sebäp bilen gatnaşyp bilmeseler-de, olaryň ýasyna – gamly günlerine gatnaşmagy, ýas-

ly öýe duýgudaşlyk etmegi özlerine mukaddes borç hasap edipdirler. Sebäbi toý bir gün bolýar. Merhumyň üçi, ýedisi, aýy, kyrky diýen ýaly günleriň birine görnüp bilmeseň, beýlekisine gatnaşmaga mümkinçilik bar. Eger ýas ýeri dogan-garyndaşyň, goňşyň bolsa, onda merhumyň her belli günlerine hökman gatnaşmalydyr. Adam ýasly günleri garyndaşlaryndan, goňşularyndan, tanyş-bilişlerinden dalda isleýär, olaryň duýgudaşlygyna mätäç bolýar.

Ýas ýeriniň hem özüne degişli däp-dessury bar. Ýasa barýan adam ilki bilen egin-eşigiňe üns bermeli. Kelläňe telpek ýa-da tahýa geýmeli, ýagty reňkli eşik geýmekden saklanjak bolmaly. Ýas ýerine barlanda oturan märekä ýuwaşlyk bilen salam berip, görkezilen ýere geçip oturmaly, merhumyň golaý adamlaryna duýgudaşlyk bildirmeli. Duz-tagam çekilende örän saýhally-salyhatly, sabyr-takatly bolmaly. Tagamyň duzuny dadyp, aýat-töwir etmeli.

Ýas ýerinde, esasan, merhumyň oňat taraplary barada mesawy gürrüňler edilmelidir. Şowhunly, ýaňsyly, öz durmuş meseläň barada zeýrençli gürrüňler edilmeli däldir. Eger özüňden ulular bar bolsa, şolary diňläp oturmakdan gowusy ýokdur.

Ýas ýerine eliňden gelen kömegiňi gaýgyrmaly däl. Nahar-çaýa seretmek, gap-gaçlar daşamak, ýuwmak ýaly işlere gaýym bolmaly. Eger merhum golaý adamyň bolsa, anna günleri, Hatyra, Milli matam günleri olaryň gubruna zyýarata gitmeli. Umuman, ata-babalarymyzyň ýaşlara hassany soramaga barmagy, öwlüýälere zyýarat etmegi ündemekleriniň düýp sebäbi şundan ybarat: agyr kesellini göreniňde, öwlüýä baranyňda ýatan guburlary görüp, öz sag-salamat gezip ýörenligiňe şüküranalyk etmek, tekepbirlik, gedemlik, adamlary äsgermezlik, nebisjeňlik, açgözlük, ulumsylyk, kelpeňlik ýaly ýaramaz gylyk-häsiýetleriň barada çynlakaý oýlanmaga mejbur etmekdir.

Bu babatda beýik Magtymgulynyň örän jaýdar aýdan setirleri bar:

Magtymguly, Alla adyn zikr eýle,
Ýamana sabyr eýle, ýagşa şükr eýle,
Görüstany gör-de, otur, pikr eýle,
Men-men diýen ärler ýatyr gum bolup.

Ýaşuly adamlar öwlüýäleriň deňinden pyýada, ulagly geçenlerinde durup, aýat okamagy ýatdan çykarmaýarlar. Bu asylly däp häzir ýaşlarymyz tarapyndan hem dowam etdirilýän-de bolsa, käbir ýokary tizlikde barýan ulagynda belent ses bilen aýdym-saz aýtdyryp, hiç zada sarpa goýman, tekepbirlik bilen geçip gidýänleri-de ýok däl. Il arasynda «Ýas hemme kişiniň başynda bar» diýlip, ýöne ýere ýatladylanok. Öz halamajak zadyňy ile-de rowa görmeli däl. «Dirisini sylan baý bolar, ölüsini sylan – beg» diýlip aýdylan örän jaýdar nakyla laýyklykda, merhuma goýulýan hormat-sarpa dirilere goýulýan hormatdan-da has belent bolmalydyr.

Ulagly barýarkaňyz, ýolda gölegçilere duş gelseňiz, saklanyp, merhum duşdan geçýänçä garaşsaňyz ýa-da pyýada bolsaňyz, gyra çekilip, olara ýol berseňiz, töwerekdäkilerde özüňiz barada ýakymly duýgy döredersiňiz.

Ýaşlar öwlüýäde abadanlaýyş, arassalaýyş işleri geçirilende, oňa işjeň gatnaşmalydyr.

?

1. «Dirisini sylan baý bolar, ölüsini sylan – beg» diýen nakyla nähili düşünýärsiňiz?
2. Ýasa bezenip barmak bolarmy?
3. Merhumy jaýlamak dessuryna gatnaşdyňyzmy (oglanlar üçin)?
4. Hatyra, Milli matam günlerinde öwlüýälere zyýarata gidýärmisiňiz?

*Hassa soramaga barşyňyz barada gürrüň beriň.*

## Goňşuçylyk, goňşara gatnaşyklary

«Goňşyň ygtybarly bolmagyna üns bergin, jaý satyn alaňsoň, goňşyňa sarpa goýgun, onuň mertebesini saklagyn, çünki «Goňşyň mertebesi hemmäňkiden beýikdir».

*(«Kowusnamadan»)*

Türkmen halky adamyň häsiýetine, edep-ekramyna doly göz ýetirmek üçin, üç sany synag şertine esaslanypdyr. Olar: ekinde şärik bolmak, uzak ýola ýoldaş bolmak hem-de goňşuçylykda ýaşamak. Şu üç şert adamyň häsiýetinde bolan artykmaçlygyň, ýetmezçiligiň hemmesini ýüze çykarypdyr. Aýratyn-da goňşuçylykda ýaşamak – günde-günaşa görşüp, gatnaşykda bolup duran adamyň häsiýetini hemmeden oňat tanamaga mümkinçilik berýär. «Goňşy mähek daşydyr, sen sap altyn ýa-da mis garyndylymy, goňşy bahym kesgitlär» diýen aýtgy ýöne ýere dörän däldir. Şonuň üçin bolsa gerek, guda bolnanda hem ilki bilen öýlenjek ýigidiň, durmuşa çykjak gyzyň edep-ekramy assyrynlyk bilen goňşudan soralýar.

«Goňşy» sözüniň asly «*gon, gonmak*» («bir ýere bile gonan») sözünden bolup, ýanaşyk ýaşaýan diýen manyny aňladýar. Goňşuçylyk döwletler arasynda, welaýatlar arasynda, etraplar arasynda, obalar arasynda, şeýle-de bir çäkde ýakyn oturan hojalyklar arasynda-da bolup biler. Bularyň hemmesi-de goňşy hasaplanýar. Ýöne olaryň goňşuçylyk gatnaşyklarynyň özlerine mahsus aýratynlyklary bardyr. Meselem, döwletleriň goňşuçylyk gatnaşyklary, esasan, halkara düzgün-tertiplerine esaslandyrylýan bolsa, hojalyklaryň arasyndaky goňşuçylyk gatnaşyklary, esasan, milli däp-dessurlara, edep kadalaryna, döwlet tarapyndan kesgitlenen hukuk kadalaryna esaslandyrylandyr.

Türkmenistan Garaşsyzlygyny alandan soň, özüniň goňşy döwletleri bilen bolan doganlyk, dostluk gatnaşyklaryny dikeltdi we pugtalandyrdy. Olar bilen deňhukukly hyzmatdaşlyklary ýola goýdy. Goňşy döwletler bilen hoş-

niýetli hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagy parahatçylygyň üpjün edilmeginde-de uly ähmiýete eýedir. Oňat gatnaşyklar ýola goýlanda goňşara meselelerine degişli meseleleri ara alyp maslahatlaşylmaga, ol meseleleriň iki tarapa-da peýdaly çözülmegine ýardam edýär. Biziň ýurdumyz goňşy ýurtlaryň mertebesine, abraýyna hormat goýýar. Olaryň içki işlerine gatyşmazlygy, serhedi aýawly saklamagy döwletiň ileri tutulýan syýasatyna öwürdi.

Ýurdumyzda her ýylyň dekabr aýynyň birinji ýekşenbesinde Goňşokara baýramy döwlet derejesinde bellenip geçilýär. Munuň özi diňe bir goňşy döwletler bilen däl, eýsem goňşy welaýatlaryň-da, etraplaryň-da, hojalyklaryň-da ýakyn goňşuçylyk gatnaşyklarynda bolmagyna uly üns berilýändigini aňladýar.

Ata-babalarymyz goňşy sözüni, esasan, biri-birine ýakyn aralykda ýaşaýan hojalyklar manysynda ulanypdyrlar, ýagny milletine, nähili dine uýýandygyna garaman, ýakyn aralyklarda ýaşaýan hojalyklara goňşy diýilýär. Ata-baba gelýän milli däplerimizde goňşuçylykda ýaşaýan hojalyklaryň adamlary biri-birlerine uly hormat goýupdyrlar, zerurlyk ýüze çykan halatlarynda biri-birlerine goldaw beripdirler, kömek edipdirler, dogan ýaly ýaşapdyrlar. Meselem, adamlaryň durmuşynda toý-da, ýas-da bolýar. Goňşular toý bolanynda biri-birleriniň begenjine begenserler, ýasda gynanjyna gynanýarlar. Haýsydyr bir hojalygyň başyna oslanmadyk kyn iş düşende, ilki bilen duldegşir goňşular derrew oňa kömege barýarlar. Şonuň üçin atalarymyz «Kyýamat güni goňşudan» diýen sözi döredipdirler. Goňşy kyn günlerde iň zerur, gerek adam hasaplanypdyr.

Goňşuçylyk däplerini berjaý edýän adamlar biri-birleriniňkä baryp-gelip durýarlar, pikir alyşýarlar, özlerini gyzyklandyryan meselelerini ara alyp maslahatlaşýarlar. Bir-birleriniňkä baryp, duz-tagam iýýärler. «Bir gün duza müň gün salam» diýen söze laýyklykda türkmenlerde duz-ta-

gam iýen ýeriňe kast etmek adamkärçiligiň iň ýaramaz sypaty hasaplanýar. Bu garaýyş goňşuçylyk gatnaşyklaryna-da degişlidir.

Goňşular häli-şindi biri-biriniňkä baryp, hal-ahwallaryny soraşyp durýarlar. Gören-eşiden wakalaryndan, dünýä täzeliklerinden pikir alşyp ýa-da şaşkadyr küşt oýnaşyp, gadyrly gatnaşýarlar. Şondan hem «Keçäňi satsaň, goňşyňa sat, üstünde özüň oturarsyň» diýen pähim döräpdir. Adam dogansyz-garyndaşsyz ýaşap biler, emma goňşusyz ýaşap bilmez. Geliň, bir ýagdaýy göz öňüne getirip göreliň: Biziň töweregimizde goňşy-golam ýok. Bar bolaýanda-da biz olar bilen gatnaşamzok. Diňe öz günemamyz bilen başagaý. Şonda adam nähili derejä ýeterdi?! Diňe özümizi bilýän, garasöýmez, «ýeköýli» diýilýän mahluklara öwrülerdik.

Goňşusy näsaglan wagtynda onuň ýagdaýyny sorap, sag-aman gutulmagyny dileg edýärler. Mümkinçiligi bolan halatlarynda däri-derman, näsagyň işdäsiniň alýan zatlaryny tapyp berýärler. Bu ýagdaý näsagyň göwnüne teselli berýär, halyny sorap, kömek eden goňşularyna oňat dilegler edýär. Atalarymyzyň goňşuçylyk gatnaşykdaky dowam edip gelen bu däpleri biziň günlerimizde-de özüniň zerurlygyny, ähmiýetini ýitirmän gelýär. Şonuň üçin, mümkin boldugyça, goňşara gatnaşyklarynda atalarymyzyň asylly däplerini dowam etdirmäge çalyşmalydyr. Ol edepliligiň ýokary nusgalarynyň biridir.

Durmuşda goňşara gatnaşyklarynyň medeniýetine, edebine oňat düşünmeýän, oňa ullakan ähmiýet bermeýän adamlar-da gabat gelýär. Goňşuçylyk gatnaşyklarynda oňuşmazlyk, birek-biregi ýigrenmek iň ýaramaz hereketleriň biridir. Köre-körlük bilen goňşularyň biri-birlerini ýigrenmekleriniň ahyrky netijesiniň ýaramazlyklar bilen gutarýan ýagdaýlary-da bolýar. Şeýle ýagdaýlaryň ýüze çykmazlygy üçin goňşular bilen yzygider gatnaşykda bolup, birek-birege düşünişip durmak zerurdyr. Sypaýyçylyk, giň göwrümlilik el-

den berilmeli däldir. Goňşara gatnaşyklarynda ýüze çykýan oňşuksyzlyklary döredýän sebäpler içgin öwrenilmelidir. Äsgermezlik edilse, goňşara gatnaşyklarynda oňşuksyzlyklar gitdigiçe çuňlaşýar we soňundan düzetmek kyn bolýar.

Goňşara gatnaşyklaryň oňat ýola goýulmagynda milli däplerimiziň we edep kadalarynyň dogry berjaý edilmeginiň uly ähmiýeti bardyr. Gadymy milli däplerimizde goňşara gatnaşyklaryna zyýan beriji ownuk-uşak zatlara kän üns berilmändir. Meselem, goňşuçylykda ýaşaýan maşgalalaryň çagalarynyň arasynda turýan oňşuksyzlyklara känbir üns bermändirler ýa-da sypaýylyk bilen oňuşmaýan çagalary iki tarap bolup oňuşdyrypdyrlar. Çaga oňşuksyzlygynyň wagtlaýyn zatdygyna oňat düşünipdirler. Çagalar ownuk zatlaryň üstünde ýygy-ýygydan özara dawalaşýarlar, kahalatlarda bolsa uruşýarlar, uzak wagt geçmänkä-de ýaraşýarlar we ýene bilelikde oýnamaga başlaýarlar. Bu meselede çagalardan nusga alynsa, has amatly bolardy. Eger olar bir zat üstünde dawalaşsalar ýa-da uruşsalar, salym geçmänkä hiç zat bolmadyk ýaly, öýke-kinäni unudýarlar. Çagalaryny juda eý görýän, gyzma ata-ene çagasynyň aglap sesi çykdygy, onuň özi günäkärmi ýa-da bile oýnaýan çaga günäkärmi, ony aýyl-saýyl etmezden, galmagal turzup başlaýar. Şunuň ýaly gödek hereketleriň netijesinde kem-kemden goňşularyň arasynda oňşuksyzlyk döreýär. Käbir ýagdaýlarda onuň soňy barlyşyksyz duşmançylyga baryp ýetýär. Şu we şuňa meňzeş ownuk zatlar üçin goňşular bilen gatnaşygy çylşyrymlaşdyrmak edepsizligiň alamatydyr. Gadymy milli däplerimizde goňşular bilen onuşmazlygy uly günäleriň biri hasaplapdyrlar, ýagny atalarymyz goňşa azar berilmegini dinden çykmak bilen deň hasaplapdyrlar. Dinden çykmak bolsa musulmanlarda iň aýylganç günäleriň, etmişleriň biri diýlip düşünilipdir.

Gadymy milli däplerimizde goňşy bilen oňuşmazlyg-a däl, eýsem olara ýaramajak hereketlere baş goşmazlyga

çalşypdyrlar. Goňşuçylykda ýaşaýan adamlaryň hemmesiniň medeniýetleri, görüm-göreldesi, dünýägaraýşy deň däldir. Goňşuçylyk gatnaşyklarynda, esasan, ata-baba däplerinden ugur alynmalydyr. Meniň bilimim, medeniýetim ýokary diýip, olardan hem şony talap etmek ýa-da çala sowat adamlara göwnüýetmezçilik etmek edepsizlikdir. Olaryň ynanjyna ters gelýän hereketlere baş goşsaň, goňşularyň kem-kemden daşlaşmagyna sebäp bolarsyň. Goňşular bilen ylalaşykly, hoşniýetli gatnaşyk etmek üçin olaryň halamaýan zatlaryna baş goşmakdan saklanylmalydyr.

Goňşuçylykda ýaşaýan adamlaryň ýaşaýyş-durmuş ýagdaýlary hem birmeňzeş bolmaýar. Olaryň käbiri ýeterlik mukdarda girdeji alyp, bol-telki ýaşaýarlar. Ýaşaýan jaýyň, münýän ulagyň, geýýän geýimiň artyklygyna magtanmak, tekepbirlik etmek halanmaýan häsiýetdir.

Köpmilletli uly şäherlerde goňşuçylyk gatnaşyklary oba ýerlerindäkiden biraz çylşyrymly, tapawutlyrakdyr. Oba ýerlerinde ilat birek-biregi gowy tanaýar. Aýratyn-da goňşuçylyk gatnaşyklarynda köne – ata-baba gelýän däp-dessurlar saklanansoň, adamlar birek-birege has mährem, sylaşykly gatnaşýarlar.

Umuman, goňşy goňşa öz dogan-garyndaşlarynyň biri hökmünde garamalydyr. Onuň şat gününe begenip, gamly gününe gynanmalydyr. Olara duşanyňda ýaş tapawudyna seretmän, ilki bilen salam berseňiz, size-de şeýle hormat ediler.

?

1. «Goňşy» diýen söze nähili düşünýärsiňiz? Ýakyn goňşy bilen duldegşir goňşynyň tapawudy barmy?
2. «Kyýamat güni goňşudan» diýen nakylyň manysy nämäni aňladýar?
3. Goňşularyň halamajak hereketleri nämelerden ybarat, olara ýol bermezlik üçin nähili hereket etmeli?

*1. Öz goňşularyňyz bilen gatnaşygyňyz barada gürrüň beriň.*
*2. Biziň ýurdumyzyň goňşy ýurtlar bilen alyp barýan syýasaty barada gürrüň beriň.*

## Goňşulara duýgudaşlyk etmek

Gadymy milli däplerimizde goňşara gatnaşyklary diňe bir olar bilen ylalaşykly, asuda ýaşamagy aňlatmak bilen çäklenmändir. Goňşulary öz maşgala agzalarynyň biri ýaly hasaplanypdyr, ýagny goňşular iýmek-içmekden kynçylyk, mätäçlik çeken halatlarynda mümkinçiliklerine garalyp, olara maddy kömekler hem berlipdir. Atalarymyz goňşulary hor-homsy ýaşan wagtlarynda, özüm dok bolsam bolýar diýip, arkaýyn bolup bilmändirler. Atalarymyz horluklaryň, mätäçlikleriň wagtlaýyn zatdygyna oňat düşünipdirler. Goňşuçylykda bu gün men olara kömek etsem, ertir olar maňa kömek ederler diýen düşünjä uýupdyrlar. Ýyl agyr gelen ýyllary birek-birege kömek edip, goldap, açlykdan sag-aman çykypdyrlar.

Adamlar toý tutmakçy bolanlarynda ýa-da bir üýşmeleň gurmakçy bolanlarynda dogan-garyndaşlary bilen bir hatarda goňşularyny hem ýygnap, geňeş toýuny edýärler. Geňeş toýunda toýy abraý bilen sowmagyň her bir meselesi jikme-jik işlenilip düzülýär. Toýda guramaçylyk çäreleriň her görnüşine ýolbaşçylyk etmeli jogapkär adamlar bellenýär. Käbir welaýatlarda her obadan, etrapdan toýa geljek adamlary kimiň garşylamalydygyna çenli öňünden bellenilýär. Toýa gelýänleri garşylamagy, olary ýatak ýeri, iýmek-içmek bilen üpjün etmegi, olaryň münüp gelen ulaglaryny saklamagy hem toý edýän adamynyň dogan-garyndaşlary we goňşulary öz üstlerine alýarlar. Munuň özi toý tutýan adamlar üçin uly kömekdir.

Toýda bolşy ýaly, ýas günlerinde hem goňşular billerini guşap kömege barýarlar. Türkmenlerde «Toý bilen ýas bile geler» diýip aýdýarlar. Ikisiniň bile gelen wagtlarynda goňşular birek-birege sala salypdyrlar. Toý tutýan adam öz ýagdaýyny aýdyp, toýlaryny geçirmek üçin, ýas tutýan goňşusyndan rugsat alýarlar. Ol adamkärçiligiň asylly sypatlarynyň biridir.

Bu asylly däpleriniň käbir ýerlerde berjaý edilmeýän halatlaryna-da gabat gelinýär, ýagny goňşularyň biri ýas tutýar, beýlekisi toý tutup, aýdym aýtdyrýar. Munuň özi gadymy goňşuçylyk gatnaşyklaryna laýyk gelmeýän hereketdir. Mümkin bolsa, şeýle hereketlerden saklanmaga çalyşmak gerek. Atalarymyz «Gülme goňşyňa, geler başyňa» diýipdirler, toý, ýas her kesiň başynda bardyr. Şonuň üçin atalarymyz «Ody özüňe bas, ötmese sekekä» diýipdirler. Öz götermejek zadyňy goňşularyňa-da rowa görmeli däldir. Gadymy milli däplerimizde goňşularda ölüm-ýitim bolanda merhumyň kyrky geçýänçä adamlar aýdym-saz etmän, goňşularyna duýgudaşlyk edipdirler.

Ýas günlerinde goňşular merhumyň dogan-garyndaşyna, hossarlaryna göwünlik, teselli bermäge çalşypdyrlar. Mümkinçiligi bolan goňşular merhumyň belli günlerinde kömek üçin janly eltipdirler. Türkmenlerde merhumyň ýedisi geçýänçä, onuň öýünde duz-tagam bişirilmeýär. Şol günler merhumyň maşgalasyna goňşular iýgi-içgi getirip kömek edýärler. Şonuň ýaly-da goňşular merhumyň belli günlerinde baryp, onuň sadakasyny sowmaga kömek edýärler. Ol däp biziň günlerimizde-de dowam etdirilýär. Goňşuçylyk gatnaşyklarynda dowam edip gelen şu we şuňa meňzeş milli däplerimizi bilmek, berjaý etmek ýaş nesillerimiz üçin derwaýys gerek zatlardyr. Ol däpleriň dogry berjaý edilmegi adamlaryň arasynda ynsanperwerlik gatnaşyklarynyň dowam etmeginde möhüm ähmiýete eýedir.

Milli däplerimizde adamlar goňşusyna gelýän myhmanlary-da öz myhmanlary hasaplapdyrlar. Goňşularyna myhman gelende olara üýşüp barypdyrlar, gürrüňdeş bolupdyrlar, hal-ahwal soraşypdyrlar, tanyş bolupdyrlar. Sonra olar goňşularyň myhmanlaryny öz öýlerine myhmançylyga çagyrypdyrlar, oňa hezzet-hormat edipdirler. Şeýle etmek bilen olar öz goňşusynyň mertebesini belende galdyrypdyrlar. Myhmançylyga gelýän adamlar örän synçy bolýarlar. Olar myhman ýerinde bolup geçýän her bir hereketi üns berip synlaýarlar. Myhman bolan ýeriniň goňşulary gezekme-gezek özüni myhman çagyrmaklaryny myhman ýeriniň adamlaryň arasynda uly abraýy bar diýip düşünýärler. Ýagny myhmany öýlerine çagyrmak bilen adamlar öz goňşusynyň mertebesini belende galdyrypdyrlar. Häzir hem atalarymyzyň bu asylly däpleriniň dowam etdirilýän ýerleri bar. Goňşynyň myhmanyny öýüňe çagyrmak giň gerimde dowam etdirmäge mynasyp däpleriň biridir. Mümkin bolsa, ony giň gerimde ulanmak we ýaýratmak gerek.

Türkmenlerde goňşara gatnaşyklary diňe bir goňşular bilen baryş-geliş etmek bilen çäklenilmän, eýsem duz-tagamdan başlap, dürli zatlary alşyp-berşipdirler. Goňşular bilen gatnaşyk etmegiň, alşyp-berşip durmagyň özüne mahsus edep kadalary bolupdyr. Ol kadalaryň dogry berjaý edilmegi goňşara gatnaşyklarynyň dowamly bolmagyna oňaýly täsirini ýetiripdir.

Goňşular iýgi-içgiden başlap, özlerine zerur gerek bolan zatlaryny biri-birlerinden alyp durupdyrlar. Birek-birek bilen nähili ynançly, ysnyşykly gatnaşykda bolsaň-da, gerek zatlaryny goňşular bir-birlerinden diläp alypdyrlar. Dilemän goňşynyň zadyny almak uly biedeplilik hasaplanypdyr. Goňşudan alan islendik zadyňy wagtynda, zaýalaman, eýesine gaýtaryp bermelidir. Käwagtlarda goňşulardan alynýan zatlaryň döwülýän, zaýalanýan wagtlary hem bolýar. Şeýle ýagdaýda, mümkin bolsa, ony öňküsi ýaly bejert-

mek ýa-da eýesinden ötünç soramak zerurdyr. Goňşulardan azyk harytlary karz alnanda hem ol närazy bolmaz ýaly edilip, yzyna gaýtarylmalydyr.

Geleňsizlik, biagyrlyk, amanady wagtynda gowşurmazlyk goňşuçylyk gatnaşyklarynda ýol berilmesiz gylyk-häsiýetleriň biridir. Şeýle gylyk-häsiýet goňşara gatnaşyklarynyň kem-kemden sowaşmagyna sebäp bolýar. Meselem, käbir adam goňşulardan özüne gerek bolan zatlaryny diläp alýar. Soňra alan zadyny ýadyndan çykaryp, yzyna eltmeýär. Goňşy beren zadyny diläp almaga mejbur bolýar ýa-da käbir adam goňşulardan alan zadyny aras-salaman, hapalygyna yzyna gaýtaryp berýär. Şu we şuňa meňzeş hereketler kem-kemden goňşara gatnaşyklarynyň sowaşmagyna, käbir ýagdaýlarda düýpden kesilmegine alyp barýar. Şonuň üçin iň ownujak zatlardan başlap, goňşara gatnaşyklarynyň edep kadalaryny berjaý etmäge çalyşmak gerek. Ol goňşara gatnaşyklarynyň dowamly bolmagyna oňaýly täsirini ýetirer.

Goňşularyň arasynda alyş-beriş etmegiň giň ýaýran görnüşlerinden biri-de goňşokara gatnaşyklarydyr, ýagny adamlar duz-tagam bişirenlerinde ýa-da melleklerindäki bişen täze miwelerden goňşularyna dadyrmagy-da unutmandyrlar. Mümkinçiligine garalyp, taýýarlanylýan islendik duz-tagamdan goňşulara dadyrypdyrlar. Şonuň üçin hem halkymyzyň arasynda «Git okaram, gel okaram, gitmeseň, gelmeseň, orta ýolda döwül okaram» diýen ýörgünli sanawaç döräp, ol nesilden-nesle geçip gelýär. Ýeri gelende aýtsak, bu aýtgynyň goňşy-golama dadyrylmajak bolsa, öýde okaranyň näme zerurlygy bar diýen manyny aňladýar. Dadyrylýan şol duz-tagamlara goňşokara diýilýär. Bu däp goňşuçylykda ýaşan adamlaryň arasynda ynançly, doganlyk-dostluk gatnaşyklarynyň pugtalanmagyna ýardam edipdir. Aslynda ata-babalarymyz hojalykda duz-tagam taýýarlanlarynda goňşularyň paýyny-da göz öňüne tutupdyrlar.

Goňşokara däplerine laýyklykda türkmen maşgalalary dadyrylmaga eltilen nahary kabal edip alypdyrlar hem-de taňryýalkasyn aýdyp, boşadylan okaranyň içine süýji-köke atyp, yzyna gaýtarypdyrlar. Dadyrylmaga getirilen duz-tagama göwnüýetmezçilik etmek, oňa at dakmak uly biedeplik hasaplanypdyr.

Häzir her ýylyň dekabr aýynyň birinji ýekşenbesinde geçirilýän Goňşokara baýramçylygy gadymy goňşokara dessuryndan mazmuny we geçirilişi boýunça has dabaraly we baýdyr.

Gadymy goňşokara gatnaşyklary yzygiderlilikde, gündelik diýen ýaly alnyp barlypdyr. Goňşokara baýramçylygy bolsa ýylda bir gezek döwlet derejesinde guralýar we milletleriň biri-birine ýakynlaşmagyna, ysnyşmagyna uly itergi berýär. Birek-birege hödürlenilýän duz-tagam adamlary has dostlaşdyrýar. Bu baýramçylyk Magtymguly atamyzyň:

«Bir suprada taýýar kylynsa aşlar,
Göteriler ol ykbaly türkmeniň» –

diýen arzuwynyň hasyl bolandygyna şaýatlyk edýär.

Milli däplerimizde bir zerurlyk ýüze çykyp, ýaşaýan jaýlaryny satyp, başga bir ýere göçmekçi bolan adamlar bu meselede ilki bilen goňşularyna sala salypdyrlar. Eger isleg bildirse, başga adama bermän, jaýyny goňşularynyň birine satypdyr, sebäbi goňşuçylykda ýaşaýan adamlar gowy goňşular bilen ýaşamagy köp zatdan ýokary tutupdyrlar. Başga bir nätanşa satylsa, göçýän goňşynyň jaýyna nähili adamynyň geljekdigi belli bolmandyr. Adamlar ýaramaz goňşy bilen ýaşanlaryndan göçüp gidenlerini gowy görüpdirler, sebäbi goňşyň ýaramaz bolsa, atalarymyzyň aýdyşy ýaly, günüň bir bolsa, dawaň iki bolupdyr.

Jaýyny satyp, göçüp gidýän adam hem ýaramaz adamynyň gelip, öňki goňşularynyň gününi bozmagyny islemändir. Eger şeýle bolaýsa, özüňin-de goňşularynyň käýinjine

galjakdygyna düşünipdir. Şonuň üçin goçüp gidýän adam-da isleg bildirilse, jaýyny öňki goňşularynyň birine satanyny gowy görüpdir. Şunuň ýaly ýagdaýlardan ugur alyp, atalarymyz: «Ýer, ýurt alma-da goňşy al» diýipdirler. Bu söz ýaman goňşa sataşsaň, ýeriňden, ýurduňdan el çekersiň diýen manyny beripdir. Ýaman goňşy adamlaryň rahat ýaşamagyna, ine-gana iýip-içmegine päsgel beripdir. Şeýle ýaramaz ada eýe bolmazlyk üçin, her bir adam goňşular bilen ylalaşykly, agzybir ýaşamaga çalyşmalydyr.

Goňşuçylyk gatnaşyklarynda tekepbirlik, gedemlik, gödeklik, äsgermezlik etmek halanmaýan gylyk-häsiýetlerdir. Halanmaýan gylyk-hasiýetler şahsyýetiň abraýynyň pese gaçmagyna, goňşara gatnaşyklarynyň bozulmagyna sebäp bolýar. Ata-baba däplerimizde goňşuçylykda ýaşaýan adamlaryň halamajak hereketlerinden saklanmaga ýykgyn etmelidirler. Esasanam, şäher ýerlerinde köp gatly jaýlarda ýaşaýan goňşular birek-birege päsgel bermejek bolmalydyrlar. Radiodyr magnitofonlarda, teleýaýlymlarda gaty ses bilen aýdym aýtdyrmak örän biedeplikdir. Sebäbi her bir binada 60–70 hojalyk ýaşaýar. Her hojalykda hem 5–6 adam bar. Olaryň içinde hem garrysy, näsagy bolmagy mümkin. Diňe öz keýpi-sapaňy bilip, başgalaryň göwnüne degmek ata-babalarymyz tarapyndan müňýyllyklaryň dowamynda öz durmuş ýörelgesi eden goňşuçylyk däp-dessuryny puja çykardygyň bolar. Şonuň ýaly-da otaglarda bejeriş işlerini geçireniňizde hem goňşular bilen ylalaşykly hereket etmelidir. Umuman, goňşularyň asudalygyny, rahatlygyny bozmazlyga çalşyň.

Adamkärçilikde, ylaýta-da goňşuçylyk gatnaşyklarynda pes pälliligi, kiçigöwünliligi oňat sypatlaryň biri hasaplapdyrlar. Ulumsy, gopbam adamlar islendik ýerde, şol sanda goňşulara baranynda hem özlerine beýlekiler bilen deň garalmagyna, deň orun berilmegine, deň hezzet-hormat edilmegine kaýyl bolmaýarlar. Şeýle adamlar mydama özlerine

ýokary baha berip, özlerini beýlekilerden ýokary tutýarlar. Bu bolsa olaryň adamlaryň arasynda ýazgarylmagyna, abraýynyň pese gaçmagyna sebäp bolýar. Päli ýokary adamlaryň özüni alyp barşyndan goňşular-da närazy bolup, kem-kemden ondan daşlaşýarlar. Öz abraýyňy saklamak üçin goňşular bilen gatnaşykda, mümkin boldugyça, pes pälli, kiçigöwünli bolmaga çalyşmak gerek.

Adamlar pes pälli, kiçigöwünli adamlary gowy görüpdirler, ulumsy, gopbamlardan gaça durupdyrlar, sebäbi kiçigöwünli, pes pälli adamlar bilen iş salyşmak ýeňil we jana ýakymly bolupdyr. Mümkin bolsa, adam çagalykdan öz şahsyýetinde pespälliligi, kiçigöwünliligi terbiýelemäge çalyşmalydyr. Ol geljekde öz mertebäň belende göterilmegine kömek eder.

1. «Goňşokara» diýmek näme? Onuň maksady, mazmuny nämelerden ybarat bolupdyr?
2. Goňşokara gatnaşyklarynyň nähili edep kadalary bolupdyr?
3. Goňşokara baýramçylygynyň guralyşynda, geçirilişinde, mazmunynda gadymy goňşokara gatnaşyklarynyňkydan nähili tapawutlary bar?
4. «Goňşularyň begenjine begenmek, gynanjyna gynanmak» diýen sözlemiň manysyna nähili düşünýärsiň?

*1. Öz obaňyzda (şäheriňizde) Goňşokara baýramçylygynyň bellenilip geçilişi barada gürrüň bermäge taýýarlanyp geliň.*
*2. Goňşuçylyk gatnaşyklarynda gadymy milli däplerimiz bilen häzirki däplerimiziň käbir tapawutlaryny depderiňize ýazyp geliň.*
*3. Siz doglan günüňizi bellemäge taýýarlanýarsyňyz. Şol gün goňşyňyzyň ýasly gününe gabat gelse, siz nähili hereket ederdiňiz? Şu mesele barada synpdaşlaryňyz bilen çekişme, pikir alyşma guraň.*

## Tebigat – biziň öýümiz

Türkmenistanyň özüne mahsus tebigaty bar. Onuň haýwanat, ösümlik dünýäsi baý we özboluşly. Gyzylgotan, gulan, garagaýçak ýylan ýaly haýwanlar diňe biziň ýurdumyzda duş gelýär.

«Towşana dogduk depe» diýlişi ýaly, her kimiň göbek ganynyň daman ýeri, kemala gelen, beýnisiniň bekän ýeri onuň Watany hasaplanylýar. Bir gapdalyny bahry-Hazara, bir gapdalyny Jeýhun derýasyna ýanap, dag ýerinde dagy, düz ýerinde düzi, derýa ýerinde derýasy bolan bu gözel mekan biziň ata Watanymyzdyr. Türkmenistanyň geografik ýerleşişi barada şeýle maglumat berilýär: «Türkmenistan Merkezi Aziýanyň günbatar böleginde, demirgazyk giňligiň 42°48′ bilen 35°06′-inde, gündogar uzaklygyň hem 52°27′ bilen 66°41′ aralygynda ýerleşýär. Onuň çägi günbatardan gündogara tarap 1100 kilometre, günortadan demirgazyga bolsa 650 kilometre çenli uzalyp gidýär. Ol Demirgazyk ýarym şaryň aram guşaklygynyň çöller zonasynda ýerleşýär.

Türkmenistanyň tutýan meýdany 491,2 müň inedördül kilometre barabardyr. Onuň ýeriniň 80 göterimine golaýyny Aziýanyň iň uly çölleriniň biri bolan Garagum, galan bölegini bolsa baýyrlyklar, daglar, derýalar, köller, suw howdanlary, medeni oturymly meýdanlar tutýar. Ýurdumyz Gazagystan, Özbegistan, Owganystan, Eýran, suw üsti bilen hem Azerbaýjan, Russiýa bilen araçäkleşýär.

Biziň ýurdumyzda Amyderýa, Murgap, Sumbar, Tejen, Etrek, Garagum ýaly ownukly-irili derýalar bar.

Tebigat biziň giň hem owadan Watanymyza özüniň ähli baýlyklaryny eçilipdir. Dagy, düzi, çöli, tokaýy, deňiz-derýasy jahankeşdelerde ýakymly ýatlama galdyrýar. Ýer togalagyndaky ýurtlaryň käbirinde diňe sowuklyk, käbirinde diňe yssylyk höküm sürýän bolsa, biziň ýurdumyzda dört pasyl öz gezekli-gezeginde adamlara eşret paýlaýar.

Bize mälim bolşy ýaly, tebigatda ähli zat özara biri-biri bilen berk baglanyşyklydyr. Ondaky hemme ösümlikleriň, haýwanlaryň öz orunlary bardyr. Hiç bir artykmaç zat ýok. Olaryň ählisi üýşüp, gözel tebigatyň sazlaşygyny emele getirýärler. Şonuň üçin töweregimizi gurşap alan her bir ösümliklere, ownujak jandarlara çenli aýawly garamalydyr. Olaryň gyrylmagyna, ýitip gitmegine ýol bermeli däl. Sebäbi olar bolmasa, adamlara ýaşamak kyn bolar. Ösüp oturan daragtyň sebäpsiz bir şahasyny döwmek ýa-da onuň bir ýapragyny ýolmak hem medeniýetsizligiň alamatydyr. Elbetde, agajy döwmek, kesmek aňsat, emma ony ýetişdirmek örän kyn. Bir agajy ösdürip ýetişdirmek üçin azyndan 4–5 ýyl gerek. Ýurdumyz Garaşsyzlygyny alan gününden başlap, Watanymyzy bagy-bossanlyga öwürmek işi döwlet derejesinde ýola goýuldy. Millionlarça düýp agaç nahallary ekilip, öňki tozap ýatan çöllükler tokaýa öwrüldi. Bu asylly däp häzir hem giň gerim bilen dowam etdirilýär. Muňa mekdep okuwçylarynyň hem goşandy az däldir. Ýaz hem güýz paslynda okuw mekdeplerinde geçirilýän ýowarlara ýaşlar işeňňir gatnaşýarlar. Ýaş nahallary ekmek, öňki ekilenlere serenjam bermek özümiz hem-de geljekki nesiller üçin ýadygär goýmakdyr. Wagt geçer, häzirki ýaşlar hem gojalyk müçesine ýeterler. Şonda agtygynyň elinden tutup, tokaýyň päkize howasyndan dem almaga baran ýaşuly: «Seret, köşek, şu agajy 50 ýyl mundan öň men ekipdim» diýip görkezende, agtykda-da atasynyň bu işine höwes dörejekdigi ikuçsuzdyr.

Şäherlerimiziň, obalarymyzyň daş-töwereginde dörän tokaý zolaklary, köçelerimiziň, ýanýodalaryň gyrasyna ekilen al-ýaşyl güller hut adam eli bilen döredilen gözelliklerdir. Olaryň gadyryny bilmek üçin ýekeje minut gözüňizi ýumup, hiç bir gök agaçsyz ýollary, meýdanlary göz öňüne getirip görüň. Nähili aýylganç keşp göz öňüne geler. Adam dem alman, kislorodsyz 2-3 minutdan köp ýaşap bilmeýär.

Şol biziň dem alýan kislorodymyzyň bol hem arassa bolmagy töweregimizi gurşap alan gök agaçlara baglydyr. Diýmek, agaçlar biziň ýaşaýşymyzyň gözbaşy bolup durýan bolsa, biz näme üçin ony ösdürip ýetişdirmäniň aladasyny etmeli däl!? Watanymyzyň bagy-bossanlyga, jenneti mekana öwrülmegine her bir raýat, esasan-da, ýaşlar öz goşandyny goşmalydyrlar.

Türkmeniň meşhur şahyry Gara Seýitliýew: «Kim-de-kim bir agaç ekse ýadygär, dünýä kitabynda onuň ady bar» diýip, ýöne ýere ýazmadyk bolsa gerek. Ýaşaýan otaglarynda, okuw otaglarynda gül ekmek häzirki ýaşlarymyzyň oňat däpleriniň biridir. Diňe gül ekmek däl, haýwanat dünýäsine-de üns bermeli. Her hili guşlary, balyklary saklamak diňe otaga bezeg bermän, ol adam saglygyna-da ýakymly täsir edýär. Balyklaryň adam nerwisini köşeşdirmäge, gan basyşyny sazlamaga, guşlaryň sesi beýni öýjüklerini rahatlandyrmaga kömek edýändigi hiç kime gizlin däl.

Halk arasynda «Tebigata sapança çeneseň, ol seni top okuna tutar» diýen aýtgy bar. Bu ýerde «sapança çenemek» söz düzümi göçme manyda bolup, ol tebigat sazlaşygyna zeper ýetirmek, ösümlik, haýwanat dünýäsine zulum etmek diýen manyda ulanylýar. Tokaýlaryň çapylyp, köçe çekilmegi, şäherdir oba gurulmagy, derýalaryň öňüne böwet basylmagy, käbir haýwanlaryň bihuda gyrylmagy netijesinde her hili tebigy belalaryň, bejermesi kyn keselleriň döremegine alyp barýar. Güýz paslynda agaçlaryň köpüsi ýapraklaryny döküp, gyş ukusyna gidýärler. Agaçlardan tänip düşen ýapraklar syrylyp-süpürilip, ýanýodalar, ýollar arassalanýar. Kähalatda mekdepde geçirilýän ýowarda hem guran ýapraklar ýygnalyp, ýörite awtoulaglar bilen şäherden çykarylýar ýa-da aňsadyna bakyp, ýapraklary üýşürip otlaýalar. Ata-babalarymyz guran ýapraklary otlaman, agaçlaryň düýplerine üýşürip, soň ony depip agdarypdyrlar we indiki

ýyl üçin agaçlara iýmit taýýarlapdyrlar. Bize bu asylly däbi dowam etdirmek gerek. Galyberse-de, ýapraklaryň otlanmagy howanyň hapalanmagyna ýa-da ýangyn döremegine sebäp bolýar.

Garagum derýasy Amyderýadan şaha alyp, günbatarlygyna – Hazar deňzine tarap akyp gaýdýar hem-de ýolunyň ugrundaky obalary, şäherleri suw bilen üpjün edýär. Suw bolan ýerde ýaşaýyş bar. Bu derýanyň ugrunda hem täze-täze obalar döredi. Geçmişde halkymyz bol suwa zar bolupdyr. Eken ekinlerini suwaryp bilmän, ýylajy galan hojalyklar az bolmandyr. Dag etekleriniň çeşmelerinden, kärizlerden akyp gelýän ujypsyz suwlar hojalyklara minut hasaby bilen paýlanyp berlipdir. Suw üstünde dawalaryň soňy bütin obanyň pajygasy bilen tamamlanypdyr. Meşhur ýazyjy Çary Aşyrowyň «Ganly saka» poemasy hut şu meselä bagyşlanypdyr. Iki obanyň arasynda suw üstünde turan dawa netijesinde ýabyň suwy gana boýalyp akypdyr. Ana, şondan hem bu saka «Ganly saka» adyny alypdyr.

Asyrlaryň dowamynda bol suwa zar bolan halkymyz häzir suw ýetmezçiligi diýen zadyň nämedigini bilenok. Ýöne bolçulyk bolan ýerde isripçiligem bolýar. Käbir hojalyklara barsaň, kranlaryň ýapylman, suwuň bisarpa akyp ýatandygynyna gözüň düşýär. Tebigatda hiç bir artykmaç zat ýok. Ýer togalagynyň üç essesini suw tutýar, emma içimlik süýji suw ähli suwuň 4 göterimine golaýdyr. Soňky döwürlerde bütin dünýä boýunça agyz suwunyň meselesi adamlary ynjalykdan gaçyrýar. Köp ýurtlarda suw iň gymmat harytlaryň biri bolup, ol maşgala girdejisine uly agram salýar. Ýurdumyza syýahata gelen jahankeşdeler agyz suwuny bisarpa akdyryp, öz ulagyny ýuwup duran ýaşlary görüp, haýran galýarlar. Dünýä belli Stambul şäheriniň içinden Gara deňzi akyp geçýär, emma ilat içimlik suwuny satyn alýar. Ýaşlar suwuň tygşytlanmagyna, aýawly saklanmagyna öz goşantlaryny goşmalydyrlar. Oba akyp gelýän çeşmeleriň,

guýularyň, kärizleriň golaýynda gyzlaryň kir ýuwmaklary ýa-da oglanlaryň ulaglaryny ýuwmaklary örän biedeplikden nyşandyr. Sebäbi bu çeşmäniň, guýynyň, käriziň suwundan özüň ýaly adamlaryň suw içýändiklerini ýatdan çykarmaly däl. Şonuň ýaly elektrik energiýasynyň peýdalanylyşynda hem geleňsizlikler ýok däl. Gündiziň güni ähli otaglarda çyralary ýakyp goýmak, zerurlygy bolmadyk elektroenjamlary işletmek diňe bir öz hojalygyňa däl, daş-töweregiňe-de howp salmakdyr. Gynansak-da, gazplitalaryny ýakyp-öçürmäge ýaltanyp, onuň birki sany gözüni ýakyp goýýan hojalyklar-da ýok däl. Bu, birinjiden, gazyň bisarpa ýakyldygy bolsa, ikinjiden, ýanyp duran ot otagyň howasyny ýakyp, onuň ýerini tüsse bilen doldurýar, üçünjiden bolsa, ýangyn howpuny döredýär. Ýaşlar tygşytlylyk meselesinde özlerinden kiçilere görelde bolmalydyrlar.

Tomus hem ýaz aýlary ýaşlar üýşüp, tebigata – tokaýa, meýdanlara gezelenje çykmagy gowy görýärler. Dynç almaga oturanlarynda çaý gaýnadýarlar, nahar bişirýärler. Şonda diňe rugsat edilen ýerlerde ot ýakmaly hem-de ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmeli. Bolmasa, onuň soňy aýylganç pajyga bilen tamamlanmagy mümkindir. Guran ot-çöpleriň golaýynda ot ýakmazlyga çalyşmalydyr. Bardy-geldi ýakylaýanda hem soň ony suw guýup, doly öçürmeli ýa-da toprak bilen üstüni pugta gömmelidir. Oturylan ýerlerde çüýşe we şoňa meňzeş zir-zibilleri galdyrmaly däldir. Umuman, ýangyn howpsuzlyk we arassaçylyk düzgünlerini doly berjaý etmek tebigatyň arassalygynyň gorap saklanylmagyna goşulan goşantdyr.

?

1. Ç. Aşyrowyň «Ganly saka» poemasyny okadyňyzmy?
2. Tebigata syýahata gideniňizde ýangyn howpsuzlygyna garşy nähili çäre geçirýärsiňiz?
3. Öýde akwariumda balyk ýa-da kapasada guş saklaýarmysyňyz?

*1. Mekdebiňizde soňky gezek geçirilen ýowar hem-de onda eden işleriňiz barada aýdyň.*
*2. Hojalygyňyzda gazy, suwy tygşytly ulanmakda edýän işleriňiz barada gürrüň beriň.*

## Haýwanlar bilen ynsanperwer gatnaşyk

Tebigatdaky hemme janly-jandaryň öz orny bar. Hatda möjek ýaly wagşy haýwanlaryň-da tebigatyň sazlaşygyny goramakda öz orunlary bar. Bir döwürde adamlar sürüdäki mallarymyzy parçalaýar diýip, möjekleri olaryň çagalary bilen birlikde gyrypdyrlar. Soň wagtyň geçmegi bilen keýik, sugun, saýgak ýaly haýwanlar keselläp, köpçülikleýin gyrgynçylyk başlapdyr. Bugdaýdyr arpalary, üzümdir jöwenleri çokýar diýip, ýerlere awy sepip ýa başga ýollar bilen serçeleri gyrypdyrlar. Birki ýyldan soň şol ösümlikleri gurçukdyr her hili keseller gaplap alypdyr. Hasyllylyk örän peselipdir. Soň başga ýurtlardan ýörite getirip, täzeden serçeleri köpeldipdirler.

Adamlar ir döwürlerden başlap, haýwanlar bilen gyzyklanyp başlaýarlar. Olaryň käbirini özüne öwrenişdirip, eldekileşdiripdir. Şeýlelikde, haýwanlar ýabany hem-de eldeki diýen iki topara bölünipdir. Ýabany we eldeki haýwanlaryň ýaşaýyş şertleri-de, iýmitlenişi-de biri-birinden tapawutlanypdyr.

Adamlar eldeki haýwanlaryň etinden süýdünden, ýumurtgasyndan, derisinden, ýüňünden peýdalanýarlar. Şonuň ýaly-da adamlar ýabany haýwanlary-da awlap, olaryň etinden, ýeleginden, süňkünden, hamyndan dürli önümler, dermanlar ýasaýarlar. Taryhçy alymlaryň pikirine görä, aw awlamak, awçylyk dünýäde iň irki dörän kär bolmaly. Köp ýyllaryň tejribesi netijesinde adamlar haýwan awlamagy sungat derejesine ýetiripdirler. Aw awlamagyň her hili enjamlary, ýaraglary oýlanyp tapylypdyr. Şeýle-de kem-kem-

den awçylygyň tertip-düzgüni, edep kadalary işlenip düzülipdir we her bir awçydan ony gyşarnyksyz berjaý etmek talap edilipdir. Emma şeýle-de bolsa betnebis adamlar awy gazanç çeşmesine öwrüp, tüpeňdir beýleki ot açýan ýaraglar bilen köpçülikleýin gyryp başlapdyrlar. Käbir haýwanlara ýitip, ýok bolup gitmek howpy abanypdyr. Geçen asyryň başlaryndan hökümet tarapyndan ýörite goraghanalar açylyp, haýwanlar, ösümlikler gorag astyna alyndy. «Gyzyl kitap» döredilip, azalyp barýan ösümlikler, haýwanlar şol kitaba girizildi. Aw awlamagyň tertip-düzgünleri, şertleri işlenip düzüldi, ýörite gözegçilik gulluklary döredildi. Şeýlelikde, häzir bikanun awçylyk edýänlere jerime salynýar ýa-da jenaýat işi gozgalýar.

Türkmen halkynda aw awlamagyň ata-babadan gelýän ýol-ýörelgeleri bolupdyr. Elmydama awçylyk bilen meşgul bolup, bu käre ezber bolan adama **mergen** diýilýär. Mergenler haýwanlaryň köpelýän wagtlary olary awlamagy külli günä saýypdyrlar. Şeýle-de «Suw içýäne ýylanam degmezmiş» diýen ynanja uýýan hakyky mergenler suwsap, çeşmä, güzere suwa inýän janawarlary awlamagy namartlyk hasaplapdyrlar. Suwdan ganyp, ara biraz açylansoň awlapdyrlar. Söwüşlik üçin öldürilýän goýun-geçi ýaly mallara suw içirilip, soň damagy çalynmagy-da şondan galan bolmagy ahmal.

Beýik söz ussady Magtymguly Pyragy «Yzlamaýan bolarmy» diýen şygrynda haýwanyň, guşlaryň enesinden ýa-da çagasynda jyda düşeninde çekýän jebri-jepasyny ussatlyk bilen beýan edýär:

Bir käkilik aldyrsa körpe balasyn,
Saýraý-saýraý yzlamaýan bolarmy?
Bir bilbil ýitirse gyzyl lälesin,
Hasratyndan sözlemeýen bolarmy?

Haýwanlaryň ýetim galanlarynda, çagasyny aldyranlarynda edil ynsan ýaly hasrata batýandyklaryny nygtaýar.

«Ody özüňe bas, ötmese – kesekä» diýen nakyla laýyklykda adamlary haýwanlara, guşlara örän adamkärçilikli, rehimdar çemeleşmäge çagyrýar.

Ata-babalarymyz öý haýwany bolsun, çöl haýwany bolsun, olara adamkärçilikli çemeleşipdirler. Olar bilen ysnyşypdyrlar. Käbir adamlar elguşy, wepadar alabaýy, aty öläýse, ony adam jaýlan ýaly mertebeläp jaýlapdyrlar.

Awçylyk sungatynda giň ýaýran bir aýtgy bar: «Mergen awy mert bolmalydyr». Ýazyjy Aşyrberdi Kürt özüniň «Biler bolsaňyz...» diýen kitabynda bu aýtga şeýle düşündiriş berýär: «Bu gepiň manysy şü: awuň däl-de, awçynyň özüniň mert bolmagy gerek. Dagda-düzde gabat geleniňi paýhynlabermek bolmaz-a. Ynha, mysal aýdaly, öňüňden owlakly keýik çykýar. Heý, olara-da tüpeň çenäp bormy!? Bardy-geldi, owlagyny aldyraýsa-da, özi gaçyp gitmeýär janawaryň. Owlakly keýigem edil ynsan ýaly, çagasynyň üstünde öz janyny pida etmäge taýýar. Her kim öz balasyny goraýar. Hakyky mergen owlakly keýigi urmaz. Owlakly keýigi awlap, ony öz balaňa iýdirip bolmaz ahyry. Şeýtseň gönençligiň üstünden barasyň ýok. Baran ýeriňde açyk işik ýapylar durar. Öňräk bir zamanda biziň obadan Rahym diýen ýeksurun awçy bolan. Bir gezek ol owlakly keýikleri gyraýsa nätjek? Uly il geňläpdir. Şol janawaryň ahy ony tutupdyr. Ana, şol bidöwlet öz agasyny öldürip, onuň aýalyna öýlenäýipdir. Garasaý, il yşaraty bolup gezipdir. Ahyram bir gün şol keýikleri gyrana beren ýerine baryp, haram ölüpdir. Aýdyşlaryna görä, wagtynda ýygnalmansoň, onuň läşinem it-guş çekeläpdir. «Mergen awy mert bolmalydyr» diýen gürrüň şo tetellileriň etmişlerini göz öňünde tutýandyr. Halk bimany zat aýtmaz.

Ol-a bir owlakly keýik, hatda möjek ýaly ýaga tüpeň çenemegem mertlikdir öýtmäň. Herki haýwan tüpeňden ejiz geläýýär. Gaýratyň çatsa, başga-başga hile gurap tut ony. Asla tüpeň bilen awlamagyň özi gowy däl bolsa gerek. Awa

çykamda menem tüpeňimi ýanymdan goýmazdym. Emma diri haýwana tüpeň gezän däldirin. Men ony wagşy haýwanlardan goranmak üçin göterdim. Çirtmek, duzak, gapan, ana, şolar hakyky awça ýeterlik esbaplar».

Dogrudan-da, biziň ata-babalarymyz towşany, keýigi, balygy peýkam, duzak, gapan, hepbik, çeňňek, çarşak ýaly esbaplar bilen ýa-da tazy, elguş bilen awlapdyrlar. Olar aw haýwanlarynyň sanynyň azalmagyna ýol bermändirler. Hatda ýaz aýlary ýagyşdan soň güberilip çykýan kömelek, domalan ýyganlarynda hem olaryň töweregindäki höwürleriniň köküne degmez ýaly pyçak, çakgy bilen seresap kesip alypdyrlar.

Tebigatyň eçilen näz-nygmatlaryny, ösümlik, haýwanat dünýäsini goramak diňe bir gulluklaryň ýa-da guramalaryň işi däl-de, bu biziň hemmämiziň işimiz we borjumyzdyr.

Gyşyň aňzakly sowugynda iýmitden horlanýan towşanlara hemaýat etmekden geçen, gaýta, olary açgözlük bilen gyryp, haltasyny doldurýan «awçylary», çölümiziň ýaraşygy bolan sazaklary, çerkezleri, ojarlary agyr ulaglar bilen düňderip ýygýan harsydünýä adamlary ýazgarmalydyrys. Ýaşlar olara garşy göreşmelidirler.

Mundan başga-da käwagt oba, şäher içinde elleri kemanly çagalara duş gelmek bolýar. Olar eti iýilýänmi, iýilmeýänmi tapawudy ýok, gabat gelen guşlary ýaýlaýarlar. «Awa» kelleleri gyzyp, ellerindäki kemany çem gelen tarapa atýarlar. Bu bolsa biriniň jaýynyň, biriniň ulagynyň aýnasyna degip, kül-uşak edýär. Has erbedräk wakalaryň bolýan wagty-da az däl. Kemana salnan göjek ýa-da daş adamlaryň gözüne, ýüzüne degip, pajygaly wakalar bilen gutarýar. Ulular öz wagtynda çagalaryň bu hereketiniň öňüni almalydyrlar. Çagalara bu hereketleriniň ýalňyşdygyny, guşlary bihuda gyrman, olara köpelmäge kömek etmeklerini, ýagny baglaryň üstünde ýa-da şoňa meňzeş ýerlerde guşlar üçin öý-höwürtgeleri ýasap, asyp goýmagy öwretmelidirler.

Aşakdaky hekaýajykda bir garagol çaganyň ýerliksiz hereketiniň örän ugurtapyjylyk bilen çözülişi beýan edilýär.

«Ýazky rugsada çykylan günleriň birinde oglanlar bilen guma gezelenje gitdik.

Gum depelerini görmäge göz gerekdi. Ýaşyl mahmala bürenen depeleri, Günüň çogundan lezzet alýan mör-möjekleri göreniňde, Türkmenistanyň çölünden başga ýerlerde şunuň ýaly gözelligiň bardygyna ynanasyň gelenok. Tebigatyň bu gözelligine, arassa howasyna melul bolup, günüň nähili geçenini-de bilmän galdyk. Şol barmana Kemal otuň içindäki höwürtgede ýumurtga basyp oturan bir torgaýy tutup, onuň aýagyna uzyn ýüp daňyp, uçurmaga başlady. Onuň ýerliksiz hereketini ilki bolup Mälik ýazgardy. Guşy boşatmagy haýyş etdi, emma Kemal hötjetligine tutdy. Şol wagt bir ýerden Ata peýda boldy. Ol aşykly haltasy bilen torgaýy çalyşmagy teklip etdi. Kemalyň gökdäki dilegi ýerde gowuşdy. Biz haýran galdyk we wakanyň soňuna garaşdyk. Ine, saňa gerek bolsa! Ata torgaýyň aýagyndaky ýüpi çözdi-de, uçuryp goýberdi».

Käbir okuwçylar, esasan-da, gyzlar ýetim galan pişijegi, höwürtgeden gaçan guşjagazy öýlerine getirip, oňa süýt berip, ulaldyp ýene meýdana goýberýärler. Ata-babalarymyz gyşyň gazaply gelen wagtlarynda, galyň gar ýaganda iýmitsiz horlanýan ýabany haýwanlaryň sürenleriniň, hinleriniň, guşlaryň höwürtgeleriniň töwereginde bede, däne ýaly iýmler goýup, olaryň gyşdan çykmagyna kömek beripdirler. Olar bu işi çagalaryna-da öwredipdirler.

1. «Mergen awy mert bolmalydyr» diýen aýtga nähili düşünýärsiň?
2. Elguş ýa-da tazy bilen aw edilişini görüpmidiňiz?
3. Çirtmek, duzak, gapan ýaly aw enjamlary barada näme bilýärsiňiz?
4. Hekaýada ýazyjynyň «Asla tüpeň bilen awlamagyň özi gowy däl bolsa gerek» diýmeginiň sebäbi nämedir öýdýärsiňiz?

*1. Haýwanlar bilen ynsanperwer gatnaşyklar barada okan kitaplaryň ýa-da tomaşa eden filmleriň barada gürrüň ber.*
*2. Ejiz haýwanlara eden kömekleriňiz barada gürrüň beriň.*

## Milli medeniýetlilik

Her halkyň gelip çykyşyna, milli aýratynlygyna, däp-dessuryna, ýerli ýagdaýyna, dini ynançlaryna laýyklykda öz milli medeni aýratynlyklary bolýar. Şonuň bilen baglylykda hem olaryň hersiniň özboluşly edim-gylymlary, edep kadalary bar. Ol edep kadalaryny umumylykda alanyňda adamkärçilik ýol-ýörelgeleri boýunça biri-birine meňzeşdir. Şeýle-de bolsa birek-birek, tebigat, haýwanat dünýäsi bilen gatnaşykda käbir tapawutly, hatda biri-birine çapraz gelýänleri-de bar. Mysal üçin, biziň halkymyzda myhman gelene ilki bilen çaý goýulýan bolsa, ýaponlarda çaý berlensoň, turmagyň aladasyny edibermeli, sebäbi çaý hoşlaşygy aňladýar. Ýa-da halklaryň köpüsinde baş atmak «hawa» diýmegi aňladýan bolsa, wengerlerde tersine, ol «ýok» diýmegi aňladýar. Kelläňi ýaýkamak bolsa «hawa» diýmegi aňladýar. Kiçijik çagalaryň kellesini sypamak ony gowy görmegi aňladýar. Emma Indoneziýada çagalaryň başyny sypamak halanmaýar, çünki ol çaganyň aňynyň ösüşini togtadýar diýen düşünje bar.

Käbir halklarda edep kadalary ýörite sungat hökmünde öwrenilip, onuň talaplary berk berjaý edilýär. Gadymy Hytaýda edep kadalaryna degişli 30 müň töweregi däp-dessuryň bardygy hasaba alnypdyr. Olar nähili ýatmaly, nähili turmaly, çäýnegi, käsäni nähili tutmaly, öýe nähili girmeli, garaz, özüňi alyp barmagyň örän ownuk-uşak dessurlaryna çenli berk düzgünleşdiripdirler. Çagalara bu tertip-düzgüni öwretmek üçin birnäçe ýyllar gerek bolupdyr.

Ähli halklaryň iň dowy gylyk-häsiýetleri, däp-dessurlary, medeni gymmatlyklary jemlenip, dünýä medeniýetini emele getiripdir. Biziň ata-babalarymyz hem gadymy döwürlerden bäri dürli milletler bilen medeni aragatnaşyk saklapdyrlar hem-de dünýäniň medeni gymmatlyklaryna mynasyp goşant goşupdyrlar. Muny hormatly Prezidentimiziň «Medeniýet halkyň kalbydyr» diýen kitabynda «Gadymy döwürlerden bäri türkmen topragy uly söwda ýollarynyň çatrygynda ýerleşipdir. Munuň özi ösen türkmen medeniýetiniň dünýäniň dürli halklarynyň medeniýetine täsir etmegine şert döredipdir. Şol bir wagtyň özünde dünýä halklarynyň medeniýeti hem türkmeniň medeni mirasynyň has baýlaşmagyna täsir edendir» diýen setirleri hem aýdyň subut edýär. Änewden, Altyndepeden, Merwden, Amyderýanyň boýundan tapylan taryhy-medeni tapyndylar dünýäniň medeni ösüşini öwrenmekde gymmatly baýlyklardyr.

Türkmen halkynyň binagärlik, heýkeltaraş, nakgaşlyk, amaly-haşam, zergärçilik, gelin-gyzlaryň dokmaçylyk, keşde sungatynda ýeten derejesi dünýä sungatyny ösdürmäge, baýlaşdyrmaga goşulan goşantdyr. Jeýhun bilen bahry-Hazar arasyndaky türkmen topragynyň ähli künjünde gurlan binagärlik ýadygärlikleri üstünden köp wagt geçen-de bolsa, onuň nagyş-bezegleriniň lowurdysy öz «syryny» saklap, dünýä jahankeşdeleriniň ünsüni özüne çekýär. Köneürgençde, Nusaýda, Maryda, Änewde, Amyderýa boýlarynda niçe asyrlaryň şaýady bolup oturan kümmetler, aramgähler, galalar täzeden dikeldildi. Olar halkyň taryhyny, medeniýetini öwrenmekde tapylgysyz baýlyklardyr.

Biziň bilime, ylma teşne, ruhubelent ata-babalarymyzyň geçmişde dünýäniň ylmyna, sungatyna, lukmançylygyna, umuman, medeni durmuş ösüşine saldamly goşant goşandygyna buýsanmaga hakymyz bardyr. Baryp on bir asyr mundan ozal jemgyýet diýen düşünjä kesgitleme beren, saz sungatynyň teoriýasyny işlän Abu Nasyr Faraby (870–950),

22 ýaşynda ilkinji bolup, Ýer togalagynyň globusyny ýasan (ýeri gelende ýatlasak, Ýewropada «Ýer almasy» ady bilen globus 1492-nji ýylda döredilipdi) Abu Reýhan Muhammet Biruny (973–1048), ilkinji bolup wagt senanamasyny düzen (ol senenama häzirki hereket edýän senenamadan hem 7 sekunt takykdyr) Omar Haýýam (1040–1123), lukmançylyk dünýäsinde ady rowaýata öwrülen Ibn Sina (980–1037), takyk ylymlar dünýäsinde geometriýany esaslandyryp, beýik hasapçy hökmünde dünýä matemetikasyna algebra diýen düşünjäni girizen Muhammet Ibn Horezmi (783–850) ýaly beýik şahsyýetleriň biziň Watanymyzda ýaşan, işlän, döreden danalaryň bütin dünýä medeniýetine, sungatyna, lukmançylygyna goşan hyzmatlaryny bütin dünýä ykrar edýär[1]. Bu beýik danalaryň hemmesiniň döredijiliginiň içinden ilkinji nobatda edep-ekram, pähim-paýhas, adamçylyk gatnaşyklary, birek-birege sarpa goýmak, medeniýetli-sowatly bolmak ýaly ynsany bezeýän, onuň mertebesini arşa galdyrýan ahlak meseleleri eriş-argaç bolup geçýär.

Diýmek, biz adamzat taryhynda 70-den gowrak döwlet gurup, syýasatda, ykdysadyýetde, medeniýetde öçmejek yz galdyran ata-babalarymyza buýsanmaga haklydyrys. Dünýä edebiýatyna «Oguznama», «Gorkut ata», «Görogly», «Şasenem–Garyp», «Zöhre–Tahyr» ýaly eserleri beren, her bir asyrda Azady, Magtymguly, Şabende, Gaýyby, Şeýdaýy, Magrupy, Kemine, Seýdi, Zelili, Mollanepes, Mätäji, Abdysetdar Kazy, Talyby, Kätibi ýaly dana şahyrlary orta çykaran halk başga barmyka!?

Taryhdan belli bolşy ýaly, türkmen dili gadymy dilleriň biri bolup, öz ýazuwly edebiýatynyň taryhynda dürli elipbiýleri ulanypdyr. Gadymy wagtlarda türkmen halkynyň öz milli elipbiýi bolupdyr. Türkmen nusgawy şahyry Şeýdaýy özüniň «Gözel ýigrimi bäş» atly goşgusynda türkmen eli-

---

[1] Seret: N. Baýramsähedow. Gündogaryň beýik danalary. – Aşgabat, 1992 ý.

biýiniň bolandygy, ol elipbiýiň jemi 25 harpdan ybaratdygy, olaryň ýedisiniň çekimlidigi, 18-siniň bolsa çekimsiz harplardygy barada maglumat berýär:

Ýedisinden owaz çykyp,
On sekizin tartar çekip.
Üç müň ýaşda ömrüň ýakyp,
Geçirdik gözel ýigrim bäş.

Gadymy Köneürgenç döwleti biziň eýýamymyzyň başyna çenli özüniň ösen medeniýeti bilen tanalypdyr. Dürli görnüşli gala-şäherler gurlup, senetçilik bilen meşgullanýan ussahanalar işläpdir. Köneürgenjiň üstünden «Beýik Ýüpek ýolunyň» geçmegi onuň medeniýetiniň has-da gülläp ösmegine uly täsir edipdir.

Bu ýerde arhitektura, nakgaşlyk, metal işläp bejermek, esasan-da, gelin-gyzlaryň bezeg şaý-seplerini öndürmek ýörgünli bolupdyr.

Soňra häzirki Gökdepe etrabynyň golaýynda taryhda belli bolan Jeýtun medeniýeti döreýär. Bu ýerlerde gazuw-agtaryş işleri geçirilende, öz döwrüne mahsus jaý gurluşygynyň bolandygynyň üsti açyldy.

Türkmen halky gadymy döwürden bäri öz ýaşaýyş durmuşynda asyrlaryň synagyndan geçen milli edep kadalaryny: maşgala gurmagyň, ony ekläp-saklamagyň, çagalara edep-terbiýe bermegiň, zähmet çekip, halal ýaşamagyň, ykdysady-medeni durmuşyň iň ownujak meselelerine çenli inçelik bilen işläp düzüpdir. Üstünden köp asyrlaryň geçmegine garamazdan, olaryň köpüsi häzir hem öz ähmiýetini ýitirmän gelýär. Gelin-gyzlaryň bezeg şaý-sepleri, haly sungaty, at esbaplary, gurma ak öýleri her ýylda geçirilýän halkara sergilerinde görnükli orunlara mynasyp bolýarlar.

Adamlaryň aň-düşünjesiniň, dünýägaraýşynyň, galyberse-de, durmuşyň ösüş depgini bilen laýyk gelmeýän käbir köne däp-dessurlaryň wagtyň geçmegi bilen durmuşdan



**11-nji surat.**
Milli egin-eşikli türkmen gelin-gyzlary.

düşüp galanlary-da ýok däl. Mysal üçin, öz wagtynda durmuşda ýörgünli bolan dakylmak, adaglamak, gaýtarma, garşa guda ýaly urp-adatlary indi durmuş götermeýär. Olar hiç bir buýruksyz, görkezmesiz öz-özünden ýitip gitdi. Indi ýaşlar olar baradaky maglumaty diňe ýazyjy-şahyrlaryň çeper eserlerinden okap bilýärler.

Indi onuň deregine telewideniýäniň, habar beriş serişdeleriniň, çeper eserleriň, halkara gatnaşyklarynyň täsiri netijesinde türkmen halkynyň toý tutmak, baýramçylyk, hatyra bellemek, egin-eşik geýmek ýaly edim-gylymlarynda täzelikler durmuşa ornaşýar. Häzirki täzeçe tutulýan ýaş toýlaryndaky, durmuş toýlaryndaky dabarany mundan 40–50 ýyl ozalky toýlar bilen deňeşdireniňde, köp üýtgeşmeleriň bolup geçendigini duýmak bolýar.

Türkmen halkynyň milli medeniýetine degişli öz elipbiýiniň, senenamasynyň, ölçeg birlikleriniň bolmagy halky-

myzyň örän gadymy milletdigine ýene-de bir gezek güwä geçýär.

1. Ýurdumyzdaky medeni, taryhy ýadygärlikleriň haýsysyny gördüň?
2. Adaglamak dessury barada näme bilýärsiňiz?
3. Haýsy ýazyjynyň eserinde gaýtarma saklamak dessurynyň pajygasy barada gürrüň berilýär?

*B. Kerbabaýewiň «Garşa guda» poemasyny okaň we ol barada çekişme guraň.*

## Gadymy senenama

(M. Kösäýewiň «Edebiýat taryhynyň käbir meseleleri» atly kitabyndan peýdalanyldy)

Biri-biri bilen nätanyş ýaşuly adamlar duşuşanlarynda «Ýylyň näme?» diýip soraşýarlar. Ýyl adyny aňladýan bir jandaryň, haýwanyň adyny aýdansoň, olaryň ýaşulusy ýaşkiçiden saglyk-amanlyk soraşýar. Olar nädip biri-biriniň ýaşyny anyklaýarlar? Bu nähili senenama, onuň häzirkiden näme tapawudy bar?

Ol hasaba **müçe senenamasy** (kalendar) diýilýär. Gadymy döwürlerde Gündogar halklarynda bolşy ýaly, türkmenlerde hem müçe ýyllary ýöredilipdir. Her 12 ýyla bir müçe diýilýär. Şol ýyllaryň her biriniň öz ady bar. Olar *syçan, sygyr, bars, towşan, luw* (balyk), *ýylan, ýylky* (at), *koý* (goýun), *bijin* (maýmyn), *takyk* (towuk), *it, doňuz*.

Müçe ýyllaryny ýatda saklamak üçin şu setirleri ýat tutupdyrlar:

Ýyl başy syçan, sygyr, bars, towşan, luw, ýylan,
Ýylky, koý, bijin, takyk, it, doňuz – boldy tamam.




Adamyň ýaşyny hem şu aşakdaky 7 müçe ýyllaryna bölüpdirler:

13 ýaşa çenli **çagalyk** müçesi;
13 ýaşdan 25 ýaşa çenli **jahyllyk** müçesi;
25 ýaşdan 37 ýaşa çenli **ýigitlik** müçesi;
37 ýaşdan 49 ýaşa çenli **orta ýaş** müçesi;
49 ýaşdan 61 ýaşa çenli **aksakallyk** müçesi;
61 ýaşdan 73 ýaşa çenli **gartaňlyk** müçesi;
73 ýaşdan 85 ýaşa çenli **garrylyk** müçesi.

Müçe ýyl hasabynda ýylyň başy gije bilen gündiziň ýazky deňleşýän gününden, ýagny 21-nji martdan başlanýar. Häzir käbir Gündogar ýurtlarynda täze ýyly 21-nji martda belleýärler. Aşakdaky tablisada 1972–2019-njy ýyllaryň haýsy müçe ýyllaryna düşýändigininiň shemasy berildi.

| Ýyl atlary | Milady ýyllary | | | |
|---|---|---|---|---|
| Syçan | 1972 | 1984 | 1996 | 2008 |
| Sygyr | 1973 | 1985 | 1997 | 2009 |
| Bars | 1974 | 1986 | 1998 | 2010 |
| Towşan | 1975 | 1987 | 1999 | 2011 |
| Luw | 1976 | 1988 | 2000 | 2012 |
| Ýylan | 1977 | 1989 | 2001 | 2013 |
| Ýylky | 1978 | 1990 | 2002 | 2014 |
| Koý | 1979 | 1991 | 2003 | 2015 |
| Bijin | 1980 | 1992 | 2004 | 2016 |
| Takyk | 1981 | 1993 | 2005 | 2017 |
| It | 1982 | 1994 | 2006 | 2018 |
| Doňuz | 1983 | 1995 | 2007 | 2019 |

Biziň ýurdumyzda XX asyryň 20-nji ýyllaryna çenli araplaryň hijri ýyl hasaby ýöredilipdir. «Hijri» sözi arapça «göçmek», «aýra düşmek» diýen manyny aňladýar. Muhammet pygamber häzirki ýyl hasabynyň 622-nji ýylynda Mekge şäherinden Medinä göçmeli bolýar. Şondan başlap, hijri ýyl hasaby başlanýar. Hijri ýyly hem **kamary** hem-de **şemsi** diýen iki topara bölünýär.

**Kamary ýyl hasaby.** Kamar arapça Aý diýmekdir. Bu ýyl hasaby Aýyň dogup, ýaşmagyna esaslanýar, ýagny Aý doganda başlanyp, ýaşanda hem aý tamamlanýar. Bu aý hasaby biziň häzirki ulanýan aýymyzdan ýylda 10 gün töweregi az bolýar. Takmynan, 354 gün 8 sagat 48 minut 37 sekunt. Häzirki astronomiki ýyl bolsa 365 gün 5 sagat 48 minut 46 sekuntdan ybarat.

Kamary senenamasynda her ýylda 354–355 gije-gündiz bolany sebäpli, käbir waka bir ýylyň, dowamynda iki gezek gaýtalanyp biler. Mysal üçin, Gurban baýramy 2006-njy ýylyň ýanwar aýynyň başyna we şol ýylyň dekabr aýynyň ahyryna düşdi.

Wagt ölçegini ýola goýmak üçin, gije bilen gündiziň deňleşýän döwrüni kabul edipdirler. Ol bolsa ýylda iki gezek, ýagny mart aýynyň 21–22-sinde we sentýabr aýynyň 21–22-sinde bolup geçýär. Ir wagtlar täze ýylyň başy hökmünde 21-nji sentýabr kabul edilipdir. Ondan soňra täze ýylyň başy hökmünde 21-nji mart kabul edilipdir. Şeýle hasaplamalar häzirki wagtlarda-da käbir ýurtlarda duş gelýär. Meselem, Efiopiýada (Hebeşistanda) täze ýylyň başy 21-nji sentýabrda başlanýar. Eýranda ulanylýan senenamalaryň birinde täze ýyl 21-nji martda başlanýar. Biziň häzirki ulanýan senenamamyz **grigorian** (milady) senenamasy diýlip atlandyrylýar.

Şeýlelikde, hijri boýunça hasaplanylanda iki dürli netije alynýar. Mysal uçin, 2014-nji ýyly hijri ýylyna (şemsi hasaby boýunça) geçirmek üçin ondan 622-ni aýyrmaly, ýagny 2014–622=1392. Diýmek, şemsi hasabynda ol hijri ýylynyň 1392-nji ýylydyr. Eger kamary hasaby boýunça hasaplanylsa, onda ony aşakdaky ýaly geçirmeli: ýokarda alnan tapawudy, ýagny 1392 sany 32-ä bölmeli, netijede 1392:32=43,5. Indi şu ýeten paý bilen ozalky alnan tapawudyň jemini tapmaly, ýagny 1392+43,5=1435,5. Şeýlelikde, şu ýyl hijri ýylynyň (kamary hasaby boýunça) 1435-nji ýyly bolýar.

Käbir ýagdaýlarda kamary hasaby boýunça görkezilen wagt ölçegini häzirki wagtda ulanylýan milady senenamasyna geçirmeli bolýar. Mysal üçin, şeýle setirleri alalyň:

Müň iki ýüz on dört boldy taryhda,
Bijin ýyly ýazdym kyssany, begler.

*(Şabende)*

Kamary hasaby boýunça görkezilýän wagty milady senenamasyna geçirmek üçin aşakdaky hasaplamalary ýerine ýetirmeli: kamary hasabynda görkezilýän ýylyň üstüne 622-ni goşmaly. Diýmek, ýokarda getirilen mysalda 1214 sanyň üstüne 622-ni goşmaly; ýagny 1214+622=1836. Soňra 1214 sany 33-e bölüp, ýeten paýy tapmaly: 1214:33=36. Indi 1836-dan 36-ny aýyrmaly, ýagny 1836–36=1800. Şeýlelik-

de, ýokarda getirilen, kamary hasabynda berlen 1214-nji ýyly milady hasabyna geçirsek, 1800-nji ýyla düşýär.

Ýyllara haýwan atlarynyň dakylyşy barada şeýle rowaýat bar:

«Gadym zamanlarda haýwanlaryň arasynda: «Kim öňürti dogup gelýän Güni görse, şonuň ady ýyl atlarynyň birinjisi bolmaly» diýen şert goýlanmyş.

Bu şerti düýe eşidip: «Men haýwanlaryň hemmesinden uly, şonuň üçin ýyly ilki bilen men görerin, meniň adym bolsa hökman ýyl atlarynyň birinjisi bolar» diýipdir. Emma Günüň görünmeli wagty golaýlanda syçan düýäniň örküjine çykyp, Güni düýeden öňürti görenmiş. Şeýlelikde, ýyl atlarynyň birinjisine syçanyň ady dakylanmyş».

1. Müçe ýylynyň atlaryny bilýärmiň?
2. Kamary ýyl hasaby bilen şemsi ýyl hasabynyň nähili tapawudy bar?
3. Öz doglan ýylyňyz haýsy müçe adyna gabat gelýär?

*1. Adam ömrüniň müçelere bölünişini aýdyň.*
*2. Ýyl öwürmegi öwreniň.*

## ÝYLDYZ SENENAMASY

(G. Gurbandurdyýewiň «Türkmen milli wagt hasaplary we senenamalary» atly kitaby boýunça)

Gadymy wagtlarda türkmen halky asman jisimleriniň hereketlerine gözegçilik edip, öz sene hasaplaryny ýöredipdirler, ýagny ekin ekmek, toý tutmak ýaly düýpli işlerinde Güne, Aýa, ýyldyzlara esaslanypdyrlar. Halk arasynda olar bilen bagly yrymlar, çaklamalar döräpdir. Magtymguly Pyragynyň:

Ýer göteren sary öküz
Bilmen, niçe ýaşyndadyr.

Dört müň dört ýüz aýagy bar,
Hemmejesi döşündedir –

diýen şygryndaky sary öküziň Gün, dört müň dört ýüz aýagynyň bolsa ondan bölünip çykýan şöhlelerdigini synçy adamlar aňýarlar. Ýa-da «Sekiz topbak, ýedi ýaýraň, iki ýyndam, bir bek» diýen tapmaçanyň çözgüdi hem sekiz topbak Ülker, ýedi ýaýraň Ýedigen, iki ýyndam Aý bilen Gün, bir bek bolsa, Demirgazyk ýyldyzydyr.

Türkmen halky Günüň, Aýyň, ýyldyzlaryň hereketi bilen bagly ýyldyz senenamasyny hem ýöredipdir. Oňa **çarwa hasaby** hem diýilýär. Ata-babalarymyz ýagty ýyldyzlaryň dogýan we ýaşýan wagtlaryna seredip, ýyl içindäki günleri 12 döwre bölüpdirler. Özi-de bu senenama ýörgünli wagt hasaplarynyň biri bolup, ol çarwaçylyk (maldarçylyk), çomruçylyk (ekerançylyk) işlerini alyp barmakda has amatly bolupdyr. Milady aý, gün hasabynda her aýda 28 (29), 30, 31 gün bar bolsa, ýyldyz senenamasynda günleriň sany ýyldyzlaryň dogup, ýaşmagy bilen baglydyr. Bu senenama boýunça, fewral aýynyň 22-sine togsan dolup, gyş gutarýar we ýaz pasly başlanýar.

Bu döwür beýik Magtymguly Pyragynyň «Ilimiz ulaşsyn sowulmaz ýaza, togsan dolup, tamam bolsun gyşymyz» diýen setirlerinde öz beýanyny tapypdyr.

Ýyldyz senenamasy häzirki senenamada şu döwürlere gabat gelýär:

| | |
|---|---|
| 1. Çarwa nowruzy | – 22.02 – 20.03 |
| 2. Nowruz | – 21.03 – 22.05 |
| 3. Ülker | – 23.05 – 20.06 |
| 4. Aralyk | – 21.06 – 22.07 |
| 5. Üçýyldyz | – 23.07 – 11.08 |
| 6. Ýaldyrak | – 12.08 – 22.09 |
| 7. Mizan | – 23.09 – 22.10 |
| 8. Akrap | – 23.10 – 22.11 |

| | |
|---|---|
| 9. Garagyş | – 23.11 – 07.12 |
| l0. Uly çille | – 08.12 – 16.01 |
| 11. Kiçi çille | – 17.01 – 05.02 |
| 12. Ahyrky garagyş | – 06.02 – 21.02 |

**1. Çarwa nowruzy.** Bu döwür fewral aýynyň 21-inde gyşyň gutarmagy bilen başlanýar, ýagny çarwa hasaby boýunça aňzak gyş gutaryp, pasyllaryň soltany ýaz gelýär. Bu hasaba «Togsan doldy» ýa-da «Çarwa nowruzy» diýilýär. Çarwa nowruzy fewralyň 22-sinden tä martyň 20-sine çenli dowam edýär. Çarwalar bu döwri «Ýeliň aýy» diýip hem atlandyrýarlar. Bu dowürde çarwalaryň, çopandyr çoluklaryň işi ýetik bolýar. Owlak-guzy alynýar.

Bu döwür gyş bilen bahar paslynyň çalyşýan döwri bolany sebäpli, ýyly howa häli-şindi sowuk howa bilen çalşyp durýar.

Umuman alanyňda, Çarwa nowruzy özboluşly howasy bilen tapawutlanýar. «Togsan doldy», Çarwa nowruzynyň başlanan güni ata-babalarymyzyň aý-gün hasabynda gyşyň gutaranlygynyň, ýaz paslynyň bolsa başlananlygynyň alamatydyr.

**2. Nowruz** – Gündogaryň iň gadymdan gelýän toý-baýramlarynyň biri hasaplanýar. Bu baýramçylygyň aňyrsynda astronomik sebäpler ýatyr. Ol gyşyň, sowuk howanyň doly sowlup, tebigata jan girmesi bilen alamatlanýar. Nowruz baýramçylygy her ýylyň mart aýynyň 21-inde Milli bahar baýramy hökmünde döwlet derejesinde bellenip geçilýär. Gün şol wagt Balyklar ýyldyzlar toparynda bolup, ýer ýüzünde gije bilen gündiziň ýazky deňleşmesi bolýar we astronomik ýaz pasly başlanýar. Gün şol gün gös-göni gündogardan dogýar. Gün Aşgabat şäherinde sagat 7-de dogýar, agşam sagat 19-da bolsa ýaşýar.

Nowruz döwri martyň 21-inden maý aýynyň 22-sine çenli dowam edýär. Bu dowürde orta hasap bilen Türkmenistanyň günorta böleginde giçki çigrek howa sowulýar, howanyň

11. Sargyt № 1875

ortaça temperaturasy + 10 °C-den ýokary geçýär we ýagýan ygalyň mukdary çürt-kesik artýar, tebigat doly janlanýar.

Nowruzda gündizler uzalýar, babadaýhanlar köpçülikleýin ýaz ekişine girişýärler. Mart aýynyň ahyry aprel aýynyň 20-si aralygynda ýurdumyzyň ähli ýerinde gowaça ekişi geçirilip gutarylýar, gawun-garpyz, kädi gämikleýär we bakja ekinleriniň şitilleri açyk meýdana geçirilýär.

**3. Ülker.** Bu döwür maýyň 23-ünden iýunyň 20-sine çenli dowam edýär. Ülker 8–9 sany köreksi ýyldyzlardan ybarat bolup, Teles (Öküzçe) ýyldyzlar toparyna degişlidir. Ülker ýyldyzlar toplumy aprel aýynyň 12-sinde agşamara ýaşýar we maý aýynyň 23-ünde irden dogýar. Ülker asmana galyp ugrandan soň, tomus düşýär. Muny «Ülker dogdy – tomus, ýaşdy – gyş» diýen atalar sözi hem tassyklaýar. Ülker dogandan soň arpa, bugdaý oragyna girişilýär. Şonuň üçin «Ülker desse astynda galmaz» diýen halk pähimi döräpdir. Ülker döwründe howa bulutlaşyp, yzygiderli ýagyş ýagýar. Muňa türkmenler «Ülker suwa batdy» diýýär. Ir gyrkylan goýunlaryň buýup, heläk bolýan wagtlary seýrek bolmaýar. Ol halk tarapyndan «Ülkerden öň gyrkma goýny, ýeserdir Ülkeriň oýny» diýen aýtgylarda teswirlenipdir.

Ata-babalarymyz ýyldyzlaryň dogýan we ýaşýan wagtyndan hasap tutup, ekerançylyk işlerini geçiripdirler. Meselem, Ülker batandan 20 gün geçende (maý aýynyň 2-si), jöwen, kenep, künji, 40 gün geçende (maý aýynyň 22-si) şaly ekilipdir we güýzlük däneli ekinleri ýygnamaga girişipdirler, 60–70 gün geçende (iýunyň 2–10-y aralygy) bolsa, nohut, dary ýaly oba hojalyk ekinlerini ekip gutarypdyrlar.

Şu ýerde daýhanlaryň Ülker hasabynyň häzirki ylmy esasda alnyp barylýan ekiş wagtlaryna dogry gelýändigini bellemek gerek.

Şeýlelikde, ata-babalarymyzyň paýhasyndan geçen Ülker hasaby häzir hem oba hojalygynda ähmiýetini ýitirmän gelýär.

**4. Aralyk.** Bu döwür iýunyň 21-inden tä iýulyň 22-sine çenli dowam edýär. Aralyk ýyldyz ady bolup, ol astronomlaryň arasynda Aldebaran ady bilen bellidir. «Aldebaran» arapçadan türkmençä geçirilende «Yzyndan barýan» diýmekdir. Sebäbi ol Ülker ýyldyz toplumynyň yzyndan ýöreýär. Oňa türkmen halky «Goşagylaw» diýýärler. Aralyk ýyldyzy Öküzçe (Teles) ýyldyzlar toparyna degişli bolup, gyzylymtyl öwüşginli goşa ýyldyzdyr. Käbir ýerlerde oňa Kör öküz gözi hem diýýärler.

Aralyk ýyldyzynyň dogýan wagty gije-gündiziň ýazky we güýzki deňleşme pursatlarynyň aralygyna dogry gelýär. Iýun aýynyň 21–22-sinde Ýeriň Demirgazyk ýarym togalagynda iň uzak gündiz we iň gysga gije bolýar. Astronomik jähetden tomus pasly başlanýar. Bu döwürde ygalyň arasy kesilip, tomsuň jowzaly yssy we gurak howasy başlap, topragyň üstüniň temperaturasy +70 °C-e, howanynky bolsa +40 °C...+45 °C-e çenli gyzýar. Aralyk ýyldyzy dogandan soň, ýagny iýun aýynyň 21-ine gündiz uzalyp, ýetjek derejesine ýetýär, gije bolsa gysgalýar. Gündiziň uzynlygy 14–15 sagada golaýlaýar.

**5. Üçýyldyz.** Üçýyldyzyň dürli halklarda 21-den gowrak ady bar. Gazaklarda ony «Üç arhar», hakaslarda «Üç maral», «Üç at», demirgazyk amerikaly indeýlerde «Üç sugun», eskimoslarda «Üç dogan», belaruslarda «Üç uýalar» diýip atlandyrylýar. Ol dikleýin ýerleşen üç sany ýagty ýyldyzdyr.

Üçýyldyz iýulyň 23-ünde dogýar we bu döwür awgustyň 12-sine, ýagny Uly Köpek ýyldyzlar toparynyň has ýagty ýyldyzy Ýaldyragyň daňdanlar görünýän wagtyna çenli dowam edýär. Üçýyldyz döwrüniň dowamlylygy bary-ýogy 20 gün bolany sebäpli, bu döwür halk arasynda saryja tomus diýlip hem atlandyrylýar. Bu döwürde gündizine howanyň temperaturasy +40 °C...+46 °C çenli ýokary galýar. Gijesine bolsa az-kem sowaşýar. Munuň ýaly ýagdaýda Garagumuň çägeliklerinde gijesine çyg hem düşäýýär. Şu ýerden hem

«Üçýyldyzda tün sowar, Ýaldyrakda Gün sowar» diýen atalar sözi döräpdir. «Tün» diýmek gije, garanky diýen manyny berýär.

Üçýyldyz döwri bilen baglanyşykly ýene-de bir nakyl bar: «Ýaldyragyň ýangyny – Üçýyldyzyň galgyny». Beýle diýildigi, entek Ýaldyragyň doglany görülmänkä, Üçýyldyz ep-esli ýokary galýar diýildigidir. Ol, şeýle hem, bu döwrüň entek örän yssylygyndan habar berýär.

**6. Ýaldyrak.** Bu döwür gündogar gözýetimde daňdanlar Uly Köpek ýyldyzlar toparyna degişli iň ýagty ýyldyz bolan Ýaldyragyň dogmagy bilen başlanýar. Ýaldyrak awgustyň 12-sine dogýar we sentýabryň 22-sine çenli dowam edýär. Ýaldyrak döwri 40 gün dowam edýär we ol tomsuň «Uly çillesi» hasaplanýar. Ýaldyragyň latynça ady Sirius. Ýaldyragyň dogmagy howanyň az-kem salkynlamagynyň alamaty hasaplanýar. Emma şeýle-de bolsa, jowzaly yssy howa, ýalynly günler entek aýrylyp gidibermeýär. Bu döwürde hem edil Üçýyldyz döwründäki ýaly Türkmenistanyň çäginde açyk we ygalsyz howa bolup, ortaça aýlyk temperatura +28 °C... +31 °C, aňry çägi bolsa +48 °C bolýar. Muňa garamazdan, gijelerine, esasan hem, daňdanlar howa salkynlaşýar. Şol döwürden başlap, kem-kemden howanyň temperaturasy peselip, çyglylygy artyp başlaýar.

Ýaldyrak has ýagty ýyldyzlaryň biri. Ol Gün ulgamyna golaýlygy boýunça ýyldyzlaryň arasynda ýedinji orunda durýar. Ýaldyrak gabarasy, massasy we gyzgynlygy babatda Günden 2 esse ýokarydyr. Onuň ýagtylanyjylygy Günden 24 esse güýçlüdir.

**7. Mizan döwri** sentýabryň 23-ünden oktýabryň 22-sine çenli dowam edýär. «Mizan» sözi terezini aňladýar. Bu döwürde gije bilen gündiziň güýzki deňleşmesi bolup geçýär.

Mizan döwründe hemme oba hojalyk ekinleri bişip ýetişýär. Mizan döwründe hemme günler yssy bolmaýar. Gündiz gysgalyp, gije uzap başlaýar. Gijelerine howa salkynlaş-

ýar. Halk arasynda «Mizanda duýdyryn, akrapda akdyryn, akrapda urmasam, ahyrýetde-de urmaryn» diýen aýtgy bar.

**8. Akrap.** Bu döwür oktýabryň 23-ünden noýabryň 22-sine çenli dowam edýär. «Akrap» arap sözi bolup, ol *içýan* diýmekdir. Daşoguz, Mary, Lebap welaýatlarynda ilkinji çigrek howalar bolup, oba hojalyk ekinlerini sowuk urýar. Howa durnuksyz bolýar, häli-şindi üýtgäp durýar. «Akrap geler gygyryp, ýel-ýagmyryn çagyryp» diýlişi ýaly, howa bulaşyp, güýz ýagyşlary ýagyp başlaýar.

Akrap gyşyň öňüsyrasyndaky döwür hasaplanýar. Akrabyň gelenliginiň buşlukçylarynyň biri hem göçýän guşlardyr. «Durna geçdi – duluňy ýap, gaz geçdi – gapyňy ýap» diýilmegi, sowuk howanyň golaýlaşýandygyndan habar berýär. Sebäbi göçýän guşlar bu aýda demirgazykdan ýyly günorta ýurtlara uçup geçýärler. Bu aýda agaçlaryň ýapraklary saralyp, ýere düşüp başlaýar.

**9. Garagyş.** Ýyldyz senenamasyna görä, gyş pasly noýabryň 23-ünden fewralyň 21-ine çenli dowam edýär. Ýöne ata-babalarymyz gyş paslyny dört döwre bölüpdirler: garagyş (23.XI–7.XII) gyşyň başlangyjy, uly çille (8.XII –16.I) gyşyň örküji, kiçi çille (17.I–5.II) we ahyrky garagyş (6.II–21.II). Olar jemi 90 güne deň bolup, bu döwürler ýagty ýyldyzlaryň dogýan we ýaşýan wagty bilen baglydyr.

Ýyldyz senenamasynyň dowamlylygy ýurdumyzyň hemme ýerinde birmeňzeş däldir.

1. Ýyldyz senenamasynyň ýöredilmeginiň näme zerurlygy bar?
2. Gije bilen gündiziň güýzki deňleşmesine näme üçin mizan diýlipdir?
3. Nowruz bilen mizanyň näme tapawudy bar?

*1. Ýyldyz senenamasynyň atlaryny we döwürlerini öwreniň.*
*2. «Hazan» sözüniň manysyny öwrenip geliň.*

## Gadymy ölçeg birlikleri

(Baýramdurdy Berdiýewiň makalasy esasynda)

Türkmen halky geçmişde öz milli ölçeg birliklerini ulanypdyr. Häzirki ulanylýan kilometr, metr, santimetr ýaly uzynlyk ölçeglerinden öň olara derek adamyň synalarynyň – barmaklarynyň, eliniň, aýagynyň we şuna meňzeşleriň uzynlyklary ulanylypdyr. Ol ölçeg birlikleriniň atlary çeper edebiýatda, şeýle-de oba ýerlerinde ýaşuly adamlar tarapyndan häzir hem ulanylýar.

**Uzynlyk ölçeg birlikleri.**

Çeper edebiýatda we durmuşda köplenç *barmak, sere, agsak sere, ker sere, garyş, daban, gez, gary, gulaç, sala gulaç, hada, persah* (farsah), *agaç, menzil* (mezil hem diýilýär) ýaly uzynlyk ölçeglerine duş gelýäris.

Käbir mysallar:

***Garyş*** *boýly* ***sere*** *satan.*

*(Mätäji)*

*Saçy* ***sala*** *gulaç.*

*(Mätäji)*

*Saçyň sanar men* ***gulaçlap****.*

*(Mollanepes)*

*Ýüz kyrk alty müň* ***agaç****.*

*(Magtymguly)*

*Dört müň* ***persah*** *Ýemen, bir müň-de Bulgar.*

*(Magtymguly)*

*Geýip gider alty* ***gary*** *bizleri.*

*(Seýdi)*

*Halnazaryň* ***hadasynyň*** *käýerde gysgalyp, käýerde uzalýandygyny Artyk aňdy.*

*Arçynyň obasy Halnazaryňkydan ýarym* ***menzil*** *ýokardady.*

*(B. Kerbabaýew)*

Şu ýerde getirilen ölçeg birliklerinden başga-da, birnäçe birlik duş gelýär. Meselem, *gözýetim, sesýetim, tagan aýak* we ş.m. sözlere gepleşikde häli-şindi diýen ýaly duş gelýäris.

Indi ýokarda getirilen ölçeg birlikleriniň häzirki wagtda ulanylýan metr ölçeg birligi bilen deňeşdireliň:

**Barmak** – 2 sm.

**Sere** – başam barmak bilen süýem barmagyň arasyndaky iň uzyn aralyk, takmynan, 19 sm hasaplanylýar.

**Agsak sere** – orta barmak bilen süýem barmagyň arasyndaky iň uzyn aralyk, takmynan, 12 sm.

**Ker sere** – külembike bilen süýem barmagyň arasyndaky iň uzyn aralyk, takmynan, 15 sm.

**Garyş** – başam barmak bilen külembike barmagyň arasyndaky iň uzyn aralyk, takmynan, 22 sm.

**Gez** – eliň barmagynyň ujundan tirsege çenli aralyk, iki garyş ýa-da 44 sm.

**Gary** – gerlen eliň barmagynyň ujundan döşe çenli aralyk, 2 gez ýa-da 88 sm.

**Gulaç** – gerlen iki eliň barmaklarynyň ujuna çenli aralyk, 4 gez.

**Sala gulaç** – gerlip, arka tarap mümkin boldugyça öwrülen elleriň barmaklarynyň ujuna çenli aralyk.

**Hada** – 1–3 gulaç.

**Agaç** – 12000 ädim, takmynan, 9 km.

**Persah** – takmynan, 6–7 km.

**Menzil** – bäş agaç ýa-da 25–45 km.

**Daban** – 27 sm.

Şu ýerde agzalan ölçeg birlikleriniň käbiriniň, meselem, *sere, ker sere, agsak sere* diýen ýaly birnäçe görnüşleriniň bardygyny biz ozal belläp geçdik. Şonuň ýaly, *menzil* ölçeg birliginiň-de birnäçe görnüşi bar. Olar: *pyýada menzil, atly menzil, kerwen menzil.*

*– Hany, Weýeňňam bu ýerden daşmy, ýakynmy?*

– *Weýeňňam **atly menziline** bir menzil, **pyýada menziline** iki menzil* («Görogly»).

**Ýer, suw göwrüm ölçeg birlikleri.**

Häzirki wagtda ýer, suw ölçeg birlikleri diňe çeper edebiýatda duş gelýär diýäýmeseň, durmuşda ulanylmaýar diýen ýalydyr.

Şol ölçeg birliklerine birnäçe mysal getireliň:

*Artyk öz ýanyndan «Bir ýarym **tanap** bar bolsa gerek» diýip çak urdy. Şonuň üçin **serkardan** bir adam Garrybende ýygnandy* (B. Kerbabaýew).

*Doganlar bolup, ata mülküni paýlaşanyňyzda, hut siziň heriňize 300 **tanap** ýer ýetdi* (B. Seýtäkow).

**Tanap** – 0,25 gektar, uzynlygy 90 ädim, ini 45 ädim;

**Tanap** – 400 kwadrat gulaçdan 3600 gulaja çenli;

**Suw** – 3 sagatlyk suw nobaty;

**Keleme** – dört suw;

**Serkar** – sekiz suw (bir gije-gündizlik suw nobaty);

**Bükdürme** – iki epleme, ýagny bir gün ýa-da bir gije nobat.

*«Ýigrimi bäş günde aýlanjak **nobata** ekin çydajak gümany ýokdy. Şonuň üçin **bükdürme** edip, suwy on iki ýarym günden aýlamakçy bolupdy»* (B. Kerbabaýew).

*Tanap ölçeg birligi hemme ýerde bir meňzeş däl. Meselem, Mary welaýatynda tanap 2000 kw.m bolan bolsa, Daşoguzda 2500 kw.m kabul edilendir* (*Seret: «Справочник мер и весов». М.-Л., 1936, 77 стр.*).

**Agyrlyk ölçeg birlikleri.**

Ozalky wagtda ulanylan agyrlyk ölçeg birlikleri häzir hem durmuşda ýaşulularyň dilinde, çeper edebiýatda duş gelinýär. Mysal üçin, Mätäjiniň «Gözel» atly goşgusynda şeýle setir bar:

***Gadagyňa** müň tümen baha guraly, gözel.*

Indi köne agyrlyk ölçeg birliklerini häzirki wagtda ulanylýan gram ölçeg birlikleri hasabynda deňeşdiriň:

**Çärýek** – 1,2 gram.
**Mysgal** – 4 çärýek.
**Agry** – 62,5 gram.
**Gadak** (kirbeňke) – 90 mysgal.
**Siri** – 1,325 gadak – 8 agry.
**Pensiri** – 5 siri.
**Däsiri** – 10 siri.
**Sisiri** – 30 siri.
**Put** – 40 gadak.
**Batman** – 53 gadak.
**Harwar** – bir eşek ýüki.
**Serwer** – bir düýe ýüki.

**Bellik:** Agyrlyk ölçeg birligi *batman* dürli ýurtlarda üýtgeşik bolup, onuň 8 putdan 11 puta çenli agyrlygy bar.

Ondan başga-da, halkymyz geçmişde *rupyýa, tümen, tylla* ýaly pul birliklerini-de ulanypdyr.

«Ak *rupyýa* jaňňyrdap, stoluň üstüne döküldi. Diwallar ýerli-ýerden sanamaga durdular. Olar ýüz kyrk bäş *tümeni* sanadylar» (H. Derýaýew. «Ykbal»).

1. Geçmişde nähili ölçeg birlikleri ulanylypdyr?
2. Geçmişde ulanylýan ölçeg birlikleri agyrlygy, uzynlygy takyk aňladyp bilýärmi?

*Uzynlyk, agyrlyk ölçeg birlikleriniň atlaryny öwreniň we ýatda saklaň.*

# Peýdalanylan we hödürlenilýän edebiýatlar


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 5-nji tom. – Aşgabat, 2012.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. – Aşgabat, 2011.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Medeniýet halkyň kalbydyr. – Aşgabat, 2014.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Älem içre at gezer (roman). – Aşgabat, 2011.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Watanyň wepaly ogly. – Aşgabat, 2012.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Döwlet guşy (roman). – Aşgabat, 2013.
8. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2014.
9. Medeniýet hakynda Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2010.
10. Türkmenistanyň Zähmet hakynda Kanuny. – Aşgabat, 2009.
11. «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. //«Mugallymlar gazeti», 2013-nji ýyl, 17-nji maý.
12. Türkmenistanyň Raýat hakynda Kanuny. – Aşgabat, 2013.
13. Türkmenistanyň Maşgala kodeksi. – Aşgabat, 2013.
14. *Atanyýazow S*. Edepnama. – Aşgabat. 1989.
15. *Ataýew K*. Könelmeýän söz. – Aşgabat, 1991.
16. *Atdaýew E. we başg*. Psihologiýa. – Aşgabat: «Ylym», 2010.
17. *Esen Ü*. Türkmen aganyň edebi. – Mary, 1994.
18. *Goçyýew T. D*. Ýaş nesil – kämil ahlak. – Aşgabat: «Ylym», 2013.

19. *Grasian B.* Paýhaslar kitaby. –Aşgabat: «Ruh», 1993.
20. *Gulbaýew A.* Edep. 4-nji klas üçin synag okuw gollanmasy. – Aşgabat, 1998.
21. *Gurbandurdyýew G.* Türkmen milli wagt hasaplary we senenamalary. – Agabat, 1996.
22. Kowusnama. – Aşgabat: «Türkmenistan», 1992.
23. *Meredow G.* Ahlak terbiýesini bermekde türkmen halk döredijiliginiň, käbir edebi eserleriň ähmiýeti. – Aşgabat, 1986.
24. *Mäterow Ö.* Edep mekdebi. – Mary, 1993.
25. *Muhammetgurbanow A.* Edep. Aşgabat, 1994.
26. Paýhaslar çemeni. – Aşgabat: «Ylym», 2012.
27. Parasatly pikirler. – Aşgabat, 1977.
28. Pähimi durlaýan hem-de gam-gussany dep edýän hekaýatlar. – Aşgabat: «Türkmenistan», 1994.
29. *Suhomlinskiý W.A.* Ogluma ýazan hatlarym. – Aşgabat: «Magaryf», 1987.

# MAZMUNY

Giriş ........................................ 7

I *bölüm.* **Şahsyýet** ........................................ 14
Edep başy – salam ........................................ 14
Şahsyýetiň kemala gelmegi ........................................ 20
Ynsan häsiýetleri ........................................ 25
Dosta wepalylyk ........................................ 30
«Özüňi süýt bilgil, dostuňy – gaýmak» ........................................ 33
Söýgi ahlagy ........................................ 38
Zähmete höwes we hünär saýlamak ........................................ 43
Ussadyňy hormatlamak ........................................ 47
Sagdyn durmuş ýörelgesi ........................................ 53
Saglyk – baýlyk ........................................ 53
Päkize we sypaýy geýinmek ........................................ 57
Sözleýiş medeniýeti ........................................ 62
Gözellige söýgi ........................................ 69

II *bölüm.* **Maşgala** ........................................ 76
Maşgalada ata-enäniň orny ........................................ 76
Perzendiň ata-enäniň öňündäki borçlary ........................................ 82
Döwlet maşgaladan başlanýar ........................................ 94
Maşgalada nesliň dowam etmegi ........................................ 98
Maşgala agzybirligi ........................................ 102
«Myhman ataňdan uly» ........................................ 107
Saçak başynyň edebi ........................................ 114

III *bölüm.* **Jemgyýet** ........................................ 119
Köpçülikde özüňi alyp barmak ........................................ 119
Hatyra edebi ........................................ 123
Goňşuçylyk, goňşara gatnaşyklary ........................................ 127
Goňşulara duýgudaşlyk etmek ........................................ 133
Tebigat – biziň öýümiz ........................................ 140
Haýwanlar bilen ynsanperwer gatnaşyk ........................................ 145
Milli medeniýetlilik ........................................ 150
Gadymy senenama ........................................ 155
Ýyldyz senenamasy ........................................ 159
Gadymy ölçeg birlikleri ........................................ 166

Peýdalanylan we hödürlenilýän edebiýatlar ........................................ 170

*Amanly Gulbaýew, Geldimyrat Gulbaýew*

# ÖZÜŇI ALYP BARMAGYŇ MEDENIÝETI

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň
XI synpy üçin synag okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *O. Bäşimowa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *B. Aýdogdyýew* |

Çap etmäge rugsat edildi  2014. Möçberi 60 x 90 $^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi  . Şertli-reňkli ottiski  . Hasap-neşir listi  .
Çap listi  . Sargyt № 1875. Sany .

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.

744000. Aşgabat. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat. 1995-nji köçe, 20.

**Okuw kitabynyň peýdalanylyşy barada maglumat**

<table>
<tr><th rowspan="2">№</th><th rowspan="2">Okuwçynyň ady we atasynyň ady</th><th rowspan="2">Okuw ýyly</th><th colspan="2">Kitabyň saklanyş ýagdaýy</th></tr>
<tr><th>Okuw ýylynyň başynda</th><th>Okuw ýylynyň ahyrynda</th></tr>
<tr><td>1</td><td></td><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td>2</td><td></td><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td>3</td><td></td><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td>4</td><td></td><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td>5</td><td></td><td></td><td></td><td></td></tr>
</table>